**M. Beknazarowa**

# MUZEÝ IŞI

Ýokary okuw mekdepleri
üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2013

UOK 378+069
B 45

**Beknazarowa M.**
**B 45** **Muzeý işi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Kitap girişden, 13 bapdan, muzeý adalgalarynyň sözlüginden we goşundylardan ybarat bolup, ýokary okuw mekdepleriniň taryh hünäriniň talyplary üçin niýetlenendir. Kitapda muzeýleriň döreýiş taryhy, muzeý işiniň gurluşy, muzeýleriň görnüşleri, taryhy muzeýleriň aýratynlyklary, muzeý gaznasynyň abat saklanylyşy, muzeý ekspozisiýasy, mekdep muzeýleriniň ähmiýeti barada maglumat berilýär.

TDKP № 183, 2013 KBK 79.1 ýa 73

© M. Beknazarowa, 2013.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ
# DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Dünýäniň hiç bir döwleti hem muzeýsiz, halkyň taryhy geçmişi baradaky gymmatly maglumatlary bir ýerde jemleýän mirashanalarsyz oňup bilmeýär. Bu özboluşly hakykat hazynalary halkyň asylly ýolunyň, medeniýetiniň we sungatynyň, toplan ylmynyň, döreden ruhy gymmatlyklarynyň genji-hazynasydyr.*

## GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Garaşsyz diýarymyz ähli ugurlar boýunça oňyn özgerişlere eýe bolýar. Ata Watanymyzyň ykdysadyýetde, syýasatda, ruhy-medeni ulgamlarda bu günki ýeten sepgitleri, gazanýan üstünlikleri tutuş dünýäde uly gyzyklanma döredýär.

Türkmenistanda halkymyzyň baý geçmiş taryhyny öwrenmek, ony aýawly saklap, geljekki nesillere ýetirmek boýunça tutumly işler alnyp barylýar. «Biziň ýurdumyzda gazuw-agtaryş işlerini geçirmek bilen bir hatarda, şol ýerlerden tapylan medeni gymmatlyklary talaba laýyk rejeläp, olaryň halk köpçüligine elýeterli bolmagyny üpjün etmek üçin dünýä ölçeglerine laýyk gelýän muzeýler ulgamy döredildi. Bu işi mundan beýläk-de ösdürmek meselesi Türkmenistanyň hökümetiniň üns merkezinde durýar» diýip, hormatly Prezidentimiz muzeý işiniň ähmiýetine ýokary baha berýär.[1]

---

[1] Türkmenistan: Altyn asyryň muzeýleri. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. – Aşgabat, 2007, 7-nji sah.

Türkmen halky bäş müň ýyllyk taryhynyň dowamynda dünýä ýaň salýan ençeme döwletleri döredip, umumyadamzat gymmatlyklaryna uly goşant goşdy. Ýurdumyzda geçirilýän gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde, türkmen topragy iň gadymy siwilizasiýalaryň dörän mekany hökmünde ykrar edildi. Diýarymyzda hereket edýän muzeýleriň baý gaznalary muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Döwlet muzeýinde, Şekillendiriş sungaty muzeýinde, Milli Ak bugdaý muzeýinde, Türkmen halysynyň milli muzeýinde örän gadymy taryhy bolan türkmen halkynyň, şeýle hem dünýä halklarynyň gadymy mirasy, arheologlaryň Türkmenistanda köp ýyllaryň dowamynda geçiren gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan gymmatly tapyndylar, gadymy ussalaryň ýasan bahasyna ýetip bolmajak eserleri, türkmen tebigatynyň gözelligini beýan edýän eksponatlar saklanylýar.

Türkmenistanda muzeý işiniň ösüşine uly ähmiýet bermek bilen, muzeýler üçin döwrebap binalar gurlup ulanylmaga berilýär, taryhy ýadygärliklerimizi gorap saklamak, bejeriş we rejeleýiş işlerini geçirmek boýunça möhüm çäreler ýerine ýetirilýär. Milli mirasymyz bolan Gadymy Merwiň, Köneürgenjiň, Nusaýyň täsin ýadygärlikleri ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. 2010-njy ýylyň fewral aýynda hormatly Prezidentimiz ÝUNESKO-nyň baş direktory I.Bokowa bilen duşuşan mahalynda, Türkmenistanyň beýik geçmiş taryhynyň şaýatlary bolan gymmatlyklarymyzyň, ajaýyp tebigat ýadygärliklerimiziň ençemesini Bütindünýä mirasynyň sanawyna goşmagy teklip etdi.[1]

Muzeýleriň hereket etmegi aýratyn bir ulgamyň, ýagny muzeý işiniň döremegine getirdi. *Muzeý işi* – munuň özi maddy we ruhy medeniýetiň ýadygärliklerini toplamak, öwrenmek we peýdalanmak boýunça muzeýler tarapyndan amala aşyrylýan medeni, aň-bilim we ylmy işleriň ýörite ugrudyr. Muzeýleriň işi we ýadygärlikleri goramak, muzeý ulgamy, muzeý

[1] Türkmenistan, 2010, 3-nji fewral.

syýasaty we kanunçylyk, hünärmenleri taýýarlamak hem-de olaryň hünärini ýokarlandyrmak ulgamy, ugurdaş ylmy, okuw merkezleri, ýöriteleşdirilen neşirýat, ýörite ylmy ders – muzeýi öwreniş – bularyň ählisi muzeý işini düzýän esasy bölümlerdir.

Häzirki wagtda tutuş dünýäde hereket edýän muzeýleriň aglaba bölegi taryhy muzeýlerdir. Hut şol sebäpden hem taryh hünäri boýunça bilim alýan talyplaryň muzeý işi, muzeýleriň ýerine ýetirýän wezipeleri, mekdep muzeýleriniň ähmiýeti barada düşünje almagy zerurdyr. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň hemmetaraplaýyn ösen, düşünjeli, ussat hünärmenler bolmagy üçin ýurdumyzda ähli tagallalar edilýär. Türkmen döwlet medeniýet institutynda ýörite muzeý işgärleri taýýarlanylýar, ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesinde muzeýi öwreniş dersi okadylýar.

Bu okuw kitaby ýokary okuw mekdeplerinde taryh hünäri boýunça bilim alýan talyplar üçin niýetlenendir. Kitapda, esasan, muzeýleriň döreýiş taryhyna, muzeý işiniň nazaryýetine, taryhy muzeýleriň gaznalarynyň gurluşyna, hasaba alnyşyna, gorap saklanylyşyna, ekspozisiýalaryň taýýarlanylyşyna aýratyn üns berildi.

Taryh hünäri boýunça bilim alýan talyplaryň köpüsi geljekde ýaş nesle bilim-terbiýe berjek mugallymlardyr. Hut şol sebäpden, kitapda mekdep muzeýleri, olaryň alyp barýan işleri barada, halkymyzyň maddy we ruhy medeniýetiniň ýadygärliklerini toplamakda, gorap saklamakda mekdep muzeýleriniň ähmiýeti barada durlup geçildi.

Muzeý işi boýunça häzire çenli türkmen dilinde taýýarlanan okuw gollanmasy ýa-da okuw kitaby ýok. Bu kitap muzeý işi boýunça nazary pikirleri, muzeý tejribesini jemlemäge edilen ilkinji synanyşykdyr. Geljekde muzeýiň ylmy işgärleri bilen, ýokary okuw mekdepleriniň tejribeli mugallymlary bilen pikir alşyp, kitaby kämilleşdirmek boýunça işleri dowam etdirmek göz öňünde tutulýar.

# I BAP

# MUZEÝIŇ JEMGYÝETÇILIK-MEDENI INSTITUT HÖKMÜNDE DÖREÝŞI WE ÖSÜŞI

## 1. Gadymy Gresiýada protomuzeý[1] ýygyndylary

Muzeýleriň gelip çykyşyny adamzat jemgyýetiniň iň irki döwürlerinde ýüze çykan muzeý zerurlygy bilen baglanyşdyryp bolar. Irki döwürlerde adamlar hakyda bilen baglanyşykly esbaplary aýawly saklapdyrlar. Olar adamyň jemgyýetdäki ornuny açyp görkezýän özboluşly «resminamalar» bolupdyr.

Eýýäm gadymy döwürde adamlarda medeniýetiň we tebigatyň geň-enaýy zatlaryna bolan gyzyklanma döreýär. Adamlar sakral (lat. sacrum – mukaddes zat) häsiýete eýe bolan esbaplary ýygnap, olary gorap saklapdyrlar.

B.e. öňki II müňýyllykda toýun tabliçkalarda klinopis ýazuwynda ýazylan hatlar toplanylyp, kitaphanalar döredilip başlanýar. Assiriýa patyşasy Aşşurbanipalyň (b.e. öňki VII asyr) kitaphanasynda taryhy, dini, edebi we ylmy mazmunly onlarça müň tabliçkalar saklanylypdyr.

Protomuzeý ýygnaýjylygy antik döwründe giňden ýaýraýar. Gadymy Gresiýanyň we Rimiň galdyran beýik mirasynyň hatarynda filosofiýa ylmynyň esasy ugurlary, dünýä ähmiýet-

---

[1] Proto – (*grek.* protos – ilkinji) – goşma sözleriň birinji bölegi bolup, haýsy bolsa-da bir zadyň ösüşinde başlangyç tapgyryny, onuň döreýiş esasyny aňladýar. Protomuzeý – muzeýiň ösüşinde ilkinji ädimleri, muzeý esbaplaryny toplamakda ilkinji başlangyçlary aňladýar.

li açyşlar, wajyp syýasy düşünjeler bilen birlikde «muzeý» düşünjesi hem bar. Muzeý sözüni ulanylyşa girizen gadymy greklerdir.

*«Muzeý» (lat. – «museum», grek. – «museion») – muzalaryň ybadathanasy diýen manyny beripdir.* Muza sözi gadymy grek mifologiýasyndaky şygryýete, sungata we ylma hemaýatkärlik edýän dokuz hudaýy – Zews bilen Mnemosinanyň gyzlaryny aňladypdyr:

- Uraniýa – astronomiýanyň hemaýatkäri;
- Kalliopa – eposyň hemaýatkäri;
- Klio – taryhyň hemaýatkäri;
- Melpomena – tragediýanyň hemaýatkäri;
- Poligimniýa – gimnleriň we pantomimikanyň hemaýatkäri;
- Taliýa – komediýanyň hemaýatkäri;
- Erato – söýgi şygryýetiniň hemaýatkäri;
- Terpsihora – tanslaryň we hor aýdymlarynyň hemaýatkäri;
- Yewterpa – liriki şygryýetiň we sazyň hemaýatkäri.

Muzeýonlar – muzalaryň ybadathanasy – gadymy grekleriň intellektual durmuşynyň wajyp merkezi bolupdyr. Filosofik jedeller, dilewarlaryň, şahyrlaryň, sazandalaryň bäsleşikleri b.e. öňki IV asyrda gadymy Gresiýada görnükli filosoflar tarapyndan ýolbaşçylyk edilen mekdepleriň döremegi bilen hasam giň gerime eýe bolupdyr.

Şeýle mekdepleriň arasynda Platonyň Afinadaky döreden filosofik mekdebi bolan Akademiýa uly meşhurlyga eýe bolupdyr. Mekdepdäki muzeýonda Platon diňleýjilerine leksiýalar we gürrüňdeşlikler görnüşinde özüniň filosofik pikirlerini beýan edipdir. Akademiýanyň diňleýjilerinden her gün biri «muzalaryň gullukçysy» edilip bellenilipdir we muzalaryň hatyrasyna däp-dessurlary berjaý edipdir.

Ýene-de bir meşhur filosofik mekdepleriň biri Aristotel tarapyndan b.e. öňki 335-nji ýylda esaslandyrylan Likeý bo-

lupdyr. Bu ýerde gezelenç etmek arkaly bilim berlipdir, şonuň üçin mekdebe «peripata», ýagny «şäher bagy» diýip at beripdirler. Aristotel Likeýde ylmy barlaglary geçirip, leksiýalary okapdyr.

Aristoteliň okuwçysy Aleksandr Makedonskiniň kömegi bilen Likeýde baý botaniki we zoologik ýygyndylar toplanylypdyr. Bu ýygyndylaryň esasynda beýik alym ylmy barlaglary alyp barypdyr. Aristoteliň okuwçysy Teofrastyň Likeýe ýolbaşçylyk eden döwründe, ýygyndylaryň saklanylýan we öwrenilýän ýerini muzeýon diýip atlandyryp başlapdyrlar.

Gelikon dagynyň eteklerinde Beotiýada ýerleşýän ybadathanada bäş ýyldan bir gezek muzalara bagyşlanyp ähli-halk baýramçylygy geçirilipdir. Bu ýerde hudaýlaryň köp sanly heýkelleri ýerleşdirilipdir. Gadymy Müsürde muzeýonlar şahyrlaryň bäsleşiginiň geçirilýän ýeri bolupdyr. Ondan has irki döwürde faraonlaryň jaýlanan piramidalarynyň içinde dürli dini ähmiýetli esbaplary goýupdyrlar.

Şeýlelikde, gadymy ybadathanalarda, müsür piramidalarynda ilkinji özboluşly ýygyndylar toplanylypdyr. Ol esbaplaryň diňe käbirleri biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Berliniň Döwlet muzeýinde heýkeltaraş Kresilaýyň heýkeliniň rim nusgasy –«Ýaralanan amazonka» heýkeli (b.e. öňki 430-njy ýyla degişli) bar. Bu heýkel şol döwürdäki protomuzeý ýygyndylarynda ajaýyp sungat eserleriniň bolandygyna şaýatlyk edýär.

Ybadathanalarda toplanylan ähli zatlary diňe bir gorap saklaman, eýsem olaryň hasabyny hem ýöredipdirler. Hiç bir zady ýok etmäge rugsat berilmändir. Sungat eserlerini saklamak üçin gadymy grekler pinakotekalary[1] döredipdirler. Afinadaky Akropolda iň bir meşhur pinakotekalaryň biri ýerleşdirilipdir.

Diýmek, gadymy grek protomuzeý ýygyndylary tötänleýin toplanylan, sakral häsiýetli esbaplardan düzülipdir. Bir

[1] Pinaklar (*grek*. pinax, pinacos) – agaç ýa-da toýun tabliçkalaryň ýüzünde mum reňkleri bilen ýerine ýetirilen suratlar.

maksada gönükdirilip toplanylan ýygyndylar has giçki döwürde peýda bolýar.

## 2. Ellinizm döwründe protomuzeý ýygyndylary

Ellinizm döwrüniň (b.e. öňki IV as. ahyry – I as.) esasy mazmuny gadymy grek we gadymy gündogar medeniýetleriniň birleşmegidir. Aleksandr Makedonskiniň üstünlikli basybalyşlary netijesinde b.e. öňki 336–323-nji ýyllarda ägirt uly imperiýa emele gelýär. Emma bu imperiýa tiz wagtdan birnäçe özbaşdak döwletlere bölünýär. Bu döwletlere Makedonskiniň serkerdeleri hökümdarlyk edipdirler. Olar öz häkimiýetini we häkimiýetiň nesilden-nesle geçmegini kanunlaşdyrýan nyşanlary döretmäge çalşypdyrlar. Müsürde nesilşalygyň wajyp nyşanlary bolup, Aleksandriýa muzeýony we Aleksandriýa kitaphanasy çykyş edipdir.

Aleksandriýa muzeýony b.e. öňki 280-nji ýylda Müsüriň patyşasy Ptolemeý I Soter (b.e. öň 367–283-nji ýý.) tarapyndan esaslandyrylýar. Muzeýon Afinadaky Likeýe meňzedilip döredilýär. Ptolemeý II (b.e. öň. 283–247-nji ýý.) Müsüriň paýtagtynda Aleksandriýa kitaphanasyny esaslandyrýar. Ptolemeý III-niň (b.e. öň 247–221-nji ýý.) döwri – Aleksandriýa muzeýonynyň has ösen döwri bolýar. Ol Aleksandriýa kitaphanasy üçin 200 müňden gowrak golýazma toplaýar. Ptolemeý III-niň döwründe kitaphana Eratosfen[1] ýolbaşçylyk edipdir. Soňky Ptolemeýler hem golýazmalary toplamak işini dowam etdiripdirler we iki asyryň dowamynda kitaphanada 700 müň golýazma jemlenilipdir.

Aleksandriýa muzeýonynda müsür patyşalary tarapyndan çagyrylan görnükli alymlar ýaşapdyrlar we işläpdirler. Bu ýer-

[1] Eratosfen (b.e. öň 276–194-nji ýý.) – grek matematigi, astronom, geograf we şahyr. Kallimahyň okuwçysy, b.e. öňki 235-nji ýyldan başlap – Aleksandriýa kitaphanasynyň ýolbaşçysy.

de «Antik döwrüniň Kopernigi» diýlip atlandyrylan Aristarh Samosskiý, Ýewklid, Arhimed we başga-da köp alymlar ylmy barlaglary alyp barypdyrlar. Kitaphananyň bir bölegini Ýuliý Sezaryň esgerleri ýok eden bolsa, galan golýazmalary araplar Aleksandriýany basyp alanlarynda ýoklaýarlar.

Pergam patyşalygynyň hökümdarlary – Attalidler[1] hem öz paýtagtynda baý kitaphanasy, heýkeller ýygyndysy, ylmy ekskursiýalary geçirmek üçin zaly bolan muzeýony esaslandyrypdyrlar. Pergam muzeýony we kitaphanasy özüniň ähmiýeti boýunça Aleksandriýa muzeýonyndan pes bolsa-da, Attalidler grek sungatynyň eserlerini toplamakda has uly üstünliklere eýe bolupdyrlar.

Şeýlelikde, ellin patyşalyklarynyň hökümdarlary – Ptolemeýler we Attalidler antik dünýäsiniň ilkinji kolleksionerleri hasaplanýarlar. Bu döwürde kolleksiýalary toplamak döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolupdyr.

## 3. Gadymy Rimde hususy we jemgyýetçilik ýygyndylar

Hususy kolleksiýalary toplamak işi gadymy Rim medeniýetiniň ösen döwründe giň gerime eýe bolýar.

Rim Gresiýany we ellin döwletlerini basyp alandan soňra uly imperiýa öwrülýär. Rimliler basyp alan döwletlerinden çeperçilik gymmatlygy bolan altyndan, kümüşden, misden, pil süňkünden, kedr we serwi agaçlaryndan ýasalan zatlary, ýaraglary, heýkelleri, halylary, gymmatbaha daşlardan ýasalan önümleri harby olja hökmünde alypdyrlar. Grek siwilizasiýasynyň täsiri esasynda rimlilerde sungat eserlerini edinmäge bolan gyzyklanma döreýär.

Grek medeniýetiniň eserleri Rimde b.e. öňki II–I asyrlarda yzygiderli toplanypdyr. B.e. öňki 272-nji ýyldan başlap,

[1] Attalidler – b.e. öňki 282–133-nji ýyllarda Pergam patyşalygynda (Anatoliýa) hökümdarlyk eden grek nesilşalygy.

däbe görä, rim legionerleri ýeňişli ýörişden gelenlerinde olary garşylaýan raýatlara harby oljalaryny görkezipdirler. Makedon patyşasy Perseýi ýeňen Emiliý Pawel b.e. öňki 168-nji ýylda 150 sany uly araba ýerleşdirilen oljalaryny üç günläp rim halkynyň öňünden geçiripdir.

Olja alnan sungat eserleri buthanalarda saklanylypdyr, köpçülikleýin ýerlerde: imperator forumlarynda we şäher meýdançalarynda, döwlet edaralarynyň jaýlarynda görkezmek üçin goýlupdyr.

Rim diktatory Korneliý Sulla (b.e. öňki 138–78-nji ýý.), onuň ogullugy Mark Skawr, Sisiliýanyň dikmesi Gaý Werres, Siseron, Assiniý Pollion we başgalar örän baý kolleksiýalaryň eýeleri bolupdyrlar. Şeýlelikde, b.e. öňki I asyra çenli Rimde hususy kolleksiýalar peýda bolýar. Baý çeperçilik kolleksiýany toplanlar sungata düşünýän adam hökmünde uly abraýdan peýdalanypdyr; baý adamlar şeýle ýygyndylary edinmek üçin ähli tagallalary edipdirler.

Kem-kemden çeperçilik eserleriň bazary kemala gelýär. B.e. öňki I asyrda rim jemgyýetinde sungat eserleriniň sergileri, olaryň auksionlarda, antikwar dükanlarda satylmagy adaty bir ýagdaýa öwrülipdir. Grek suratkeşleriniň arasyndan ekspertler, maslahatçylar kemala gelýär.

Rim kolleksionerleriniň gyzyklanmalarynyň gerimi örän giň bolupdyr. Olar tebigatda seýrek duş gelýän we gadymyýete degişli zatlara aýratyn üns beripdirler. Rimiň hususy ýygyndylarynda gara eben agajynyň nusgalary, näbelli haýwanlaryň skeletleri görnükli orny eýeläpdir.

Kolleksionerleriň aglabasy sungat eserlerini: suratlary, heýkelleri toplapdyrlar. B.e. öňki I asyrda Rimde hususy öýlerde pinakotekalaryň, ýagny suratlar ýygyndysynyň bolmagy uly abraý hasaplanypdyr. Rim kolleksionerleriniň ýygyndysynda ata-babalarynyň çekilen suratlary we heýkelleri, meşhur hökümdarlaryň suratlary, altyndan, kümüşden, bürünçden ýasalan önümler, ýüpek halylar bolupdyr.

B.e. öňki I asyryň ahyryna çenli hususy ýygyndylarda antik dünýäsiniň çeperçilik baýlyklarynyň aglaba bölegi jemlenýär. Emma bu ýygyndylar kolleksionerleriň öýlerinde saklanylypdyr we giň köpçülik üçin elýeterli bolmandyr.

Rimde hususy ýygyndylardan başga-da giň köpçülik üçin niýetlenilen jemgyýetçilik ýygyndylary hem bolupdyr. Şäheriň meýdançalarynda heýkeller, binalaryň daşky diwarlarynda bolsa suratlar ýerleşdirilipdir. B.e. IV asyryna çenli Rimde, alymlaryň hasaplamalaryna görä, altyndan, pil süňkünden ýasalan heýkelleriň müňe golaýy toplanypdyr.



**«Oturan Zews».**
**Gadymy Rim skulpturasy. Ermitaž (Russiýa)**

B.e. öňki II asyryň ikinji ýarymyndan başlap sungat eserlerini görkezmek üçin ýörite arhitektura desgalary gurlup başlanýar. B.e. öňki 28–27-nji ýyllarda meşhur Metella portigi (soňra onuň durky täzelenip, imperator Awgustyň aýal doganynyň hatyrasyna Oktawiýa portigi diýlip atlandyrylýar) gurulýar. Bu binada Rimiň iň meşhur çeperçilik kolleksiýalary ýerleşdirilipdir.

B.e. öňki I asyrda sungat eserleri Rimiň uly desgalarynyň aýrylmaz arhitektura bölegi bolupdyr. Heýkeller, suratlar forumlarda, jemgyýetçilik baglarynda, buthanalarda, hatda termalarda – jemgyýetçilik hammamlarynda görkezilipdir. Rimde 1506-njy ýylda Titiň termalarynyň gazuw-agtaryş işleri geçirilende, b.e. öňki 50-nji ýyla degişli bolan «Laokoon» heýkeli tapylýar.

Rimde ýygyndylary toplamak işiniň giňden ýaýramagy häzirki wagtda hereket edýän muzeýiň döremegine getirmeýär. Emma bu döwürde «muzeý işiniň» aýratyn elementlerini görüp bolýar:

– buthanalaryň, jemgyýetçilik binalarynyň we olarda saklanýan esbaplaryň ýagdaýyna berk gözegçilik edilipdir;
– howa şertleriniň we wagtyň täsirine garşy göreş çäreleri, (restawrasiýa) täzeden dikeldiş işlerini geçirmek boýunça ilkinji tejribeler alnyp barlypdyr. Plininiň ýazmagyna görä, «mis önümlerine we heýkellere bitum (garasakgyç) çalypdyrlar»;
– ýygyndylary has täsirli edip görkezmegiň esaslary işlenilip taýýarlanylypdyr;
– sungat eserlerini görkezmek üçin ýörite binalar gurlupdyr;
– çeperçilik tankydy ösüpdir. Dilewarlaryň mekdeplerinde suratlary we heýkelleri beýan etmek boýunça ýörite dersler okadylypdyr.

Şeýlelikde, antik döwründe aýratyn esbaplary toplamak, saklamak we görkezmek işi kem-kemden ýola goýulýar. Şeýle

2. Sargyt № 1023.

mazmunly ýygyndylary toplamaga, saklamaga we köpçülige görkezmäge bolan islegi ýörite edaranyň barlygyna ýa-da ýoklugyna garamazdan «muzeý ýörelgesi» diýip atlandyryp bolýar. Bu döwür üçin protomuzeý ýygyndylarynyň iki görnüşi mahsus bolupdyr. *Birinji görnüşi* – kem-kemden buthanalarda, pinakotekalarda we beýleki jemgyýetçilik desgalarynda toplanylan dürli esbaplaryň ýygyndylary. *Ikinji görnüşi* – ýörite bir ugur boýunça toplanylan hususy kolleksiýalardyr.

## 4. Orta asyrlarda ýygyndylaryň toplanylyşy

Taryhda orta asyrlar diýlip atlandyrylýan döwür V asyryň ahyrlaryndan XVII asyryň ortalaryna çenli, Günbatar Rim imperiýasynyň synmagyndan iňlis we niderland buržuaz rewolýusiýalaryna çenli bolan müň ýyldan gowrak döwri öz içine alýar.

Bu umumytaryhy döwürleşdiriş ýewropa jemgyýetiniň ösüşindäki esasy ugurlary beýan edýär, milli aýratynlyklar bolsa oňa düzedişleri girizip, Günbatar we Gündogar Ýewropa sebitlerinde medeniýetiň dürli ösüş derejesini görkezýär.

Orta asyrlar döwri dünýäniň çeperçilik ösüşinde aýratyn bir basgançak bolup durýar. Ýewropa ýurtlary üçin mahsus bolan hristian dünýägaraýşy orta asyr sungatyny kemala getirdi. Orta asyr medeniýetinde çeperçilik eserleriň we taryhy zatlaryň antiki ýygyndylaryna orun ýokdy.

Irki orta asyrlarda dünýäniň antik çeperçilik ýygyndylary dargadylýar. Hristian dininde köphudaýlylyk gara güýçler bilen baglanyşdyrylýardy. Mysal üçin, Siýena şäher-respublikasynyň merkezi meýdançasynda dikilen Afroditanyň heýkeli gara güýçleri toplamakda günäkärlenipdi. Şäheriň Florensiýa bilen alyp barýan uruşlaryndaky şowsuzlyklary hut şol heýkeliň jadylamagy bilen düşündiripdirler. Antik çe-

perçilik eserleri praktiki nukdaýnazardan hem ýok edilipdir: bürünç heýkelleri eredip, pullary zikgeläpdirler, mermer heýkelleri bolsa gurluşyk serişdeleri hökmünde ulanypdyrlar.

Orta asyrlarda adamlar sungat eserlerini, esasan, buthanalarda synlapdyrlar. Hristian dindarlary sungatyň täsir ediji güýjüne oňat düşünipdirler, oňa sowatsyzlaryň «mukaddes kitaby» hökmünde garapdyrlar.

Antik we orta asyr sungatyň arasyndaky köpri bolup irki hristian sungaty çykyş edýär. Bu sungat ilkinji hristianlaryň ýygnanýan ýerlerinde – katakombalarda saklanyp galypdyr. Katakombalardaky diwar suratlarynda antik pikirler, heňler bolsa-da, olar täze diniň ruhunda ýerine ýetirilipdir. Irki hristian buthanalarynyň daşky bezegi ýönekeý bolup, olaryň içki görnüşi aýratyn owadan bezelişi bilen tapawutlanypdyr. Dini däp-dessurlary berjaý etmekde ulanylýan zatlar gymmatbaha daşlardan, metallardan ýasalypdyr. Dini kitaplar altyndan, kümüşden ýasalan gutularda saklanylypdyr. Dindarlaryň egin-eşikleri ýüpek, mahmal matalardan tikilipdir. Ýörite ussalar, senetçiler tarapyndan taýýarlanylan bu zatlar amaly-haşam sungatynyň ajaýyp eserleri bolup, çeperçilik we maddy gymmatlyga eýe bolupdyr. Olary saklamak üçin birnäçe howpsuzlyk çärelerini berjaý edipdirler. Buthananyň hazynasy, köplenç, adaty ýapyk gutularda, ybadathananyň ýörite otaglarynda –riznisalarda saklanylypdyr.

Buthana hazynalary Günbatar Ýewropada VII asyrda döreýär, emma olar üçin ýörite binalaryň gurluşygy imperator Beýik Karlyň (742–814 ýý.) döwründe ýaýbaňlandyrylýar. Beýik Karl buthana gaznalarynyň üstüniň doldurylmagyna hem mynasyp goşant goşupdyr: ol öz mirasdüşerlerine baýlyklarynyň diňe üçden bir bölegini goýup, galan baýlyklaryny imperiýanyň çäklerinde ýerleşýän 24 abbatlygyň arasynda paýlapdyr.

Harby ýörişlerde alnan oljalar hem buthana gaznalarynyň baýlaşmagyna getiripdir. XI–XIII asyrlarda bolan Haç-

ly ýörişler täze gaznalaryň ençemesiniň döremegine täsir edýär. IV Haçly ýörişde (1204 ý.) prawoslaw Konstantinopol şäheriniň talanmagynyň netijesinde Wenesiýadaky meşhur San Marko soborynyň gaznasy peýda bolýar. Fransuz koroly Lýudowik IX (1214–1270 ýý.) haçly ýörişlere gatnaşanlardan alan baýlyklaryny Parižde dikeldilen Sen-Şapel buthanasynda ýerleşdiripdir.

Buthana gaznalarynda Isa pygamber, keramatly dindarlar bilen baglanyşykly zatlar saklanylypdyr. Hristian buthanasy tarapyndan keramatly diýlip yglan edilenleriň galyndylary ýörite gymmatbaha daşlardan, metallardan ýasalan relikwariýalarda saklanylypdyr. Dabaraly dini däp-dessurlar berjaý edilende, aýratyn keramatly hasaplanýan zatlar çokunmak üçin goýlupdyr. Sungat adamlaryň aňyna we duýgularyna örän uly täsir edipdir. Buthananyň ýygyndylary diňe bir sakral ýa-da ykdysady häsiýete eýe bolman, eýsem ideologik häsiýete hem eýe bolupdyr. Uzak wagtlap sungat eserleriniň ideologik täsiri olaryň estetik täsirinden ýokary bolupdyr. Muňa garamazdan, buthanalar adamlaryň estetik duýgularynyň ösmegine täsir edipdir. Buthanada hristian bilimleriniň ähli ulgamlary jemlenipdir. Buthanadaky heýkeller, suratlar daş-töwerekdäki zatlar bilen baglanyşykly bolup, aýratynlykda kabul edilmändir. Belli bir konsepsiýanyň esasynda düzülen bu gurşawy alymlar muzeý ekspozisiýasynyň «gadymy görnüşi» diýip hasaplaýarlar.

Orta asyrlarda hususy ýygyndylary toplaýjylaryň arasynda Rimiň ýaşaýjysy Nikolo Kresçentiniň (XI asyr), iňlis ýepiskopy Genri Winçesterskiniň, kardinal Jordano Orsininiň (XII asyr) atlary has meşhurdyr.

Şeýlelikde, orta asyrlarda toplanylan buthana we hususy ýygyndylary çeperçilik, memorial we taryhy ähmiýetli esbaplaryň ýygyndysy bolupdyr. Buthanalaryň ýygyndylary belli bir derejede soňky döwürlerde muzeýleriň ýerine ýetirip başlan wezipelerini amala aşyrypdyrlar: olarda mede-

ni däpleri nesilden-nesle geçirmekde aýratyn orna mynasyp bolan esbaplar toplanylypdyr we saklanylypdyr. Orta asyr buthanalarynyň çeperçilik taýdan ýerine ýetirilen içki bezegi, onuň giňişlik-esbap gurşawy soňky döwürlerde ýygyndylary eksponirlemäniň esaslaryny düzmekde uly rol oýnaýar.

## 5. Dünýäniň muzeýleriniň ösüşi

Muzeýiň jemgyýetçilik-medeni institut hökmünde kemala gelmegi Renessans döwründe başlanýar. Italiýada Renessans döwri XIV asyryň ikinji ýarymyndan XVI asyryň ahyrlaryna çenli, Günbatar we Merkezi Ýewropada bolsa, XV asyryň ikinji ýarymyndan XVII asyryň başlaryna çenli döwri öz içine alýar.

Bu döwürde ýygyndylary toplamak işi giň gerime eýe bolýar. Italiýada eýýäm XV asyryň başlarynda italýan şäherleriniň hökümdarlary gadymyýetiň zatlaryny we sungat eserlerini toplap başlaýarlar (Florensiýada Mediçiler, Mantuýada Gonzagalar we başg.)

XVI asyrda bütin Ýewropada gumanizm pikirleri ýaýrap başlaýar. Fransiýanyň hökümdary we italýan sungatynyň muşdagy Fransisk I (1494–1547 ýý.) özüniň Fonteblo köşgünde Renessans döwrüniň iň gowy eserlerini jemleýär; olaryň köpüsi soňra Luwra düşýär. Ol italýan suratkeşlerini, heýkeltaraşlaryny öz ýurduna çagyrypdyr. 1517–1519-njy ýyllarda korolyň çagyrmagy bilen Fransiýada Leonardo da Winçi hem işleýär. Suratkeş aradan çykandan soňra, Fransisk I onuň ussahanasynda bar bolan ähli suratlary, şol sanda meşhur «Jokondany» hem satyn alypdyr.

Bawariýada gersog Wilgelm IV (1508–1535 ýý.) çeperçilik kolleksiýalary toplamagyň başyny başlaýar. 1528-nji ýylda öz kabulhanasyndaky pawilýony bezemek üçin ol meş-



**Leonardo da Winçi. Mona Liza (Jokonda). 1503–1505 ýý. Luwr muzeýi. Pariž (Fransiýa).**

hur nemes suratkeşlerine taryhy we dini temada suratlary çekmegi buýurýar. Mýunhen ýygyndysynyň iň bir ajaýyp eserleriniň biri 1529-njy ýylda A. Altdorfer tarapyndan çekilen «Aleksandr Makedonskiniň pars patyşasy Dariý bilen Issanyň ýanyndaky söweşi» diýen suratydyr. Bu surat Mýunhende Köne Pinakotekanyň döredilmeginiň başlangyjy bolýar.

XVI asyrda Beýik Rim imperiýasynyň hökümdary Karl V (1500–1558 ýý.) italýan ussatlarynyň eserlerini satyn alyp başlaýar. Brýusseldäki köşkde ol söýgüli suratkeşi Tisianyň suratlaryny ýerleşdiripdir. 1548-nji ýylda ol Mýulbergi ýeňmeginiň şanyna özüniň atda oturan suratyny çekmegi buýurýar. Karl V-niň ogly Filipp II Alkassar köşgünde (Madridiň golaýynda) Tisianyň, I. Boshyň çeken suratlaryny ýerleşdiripdir. Häzirki wagtda bu sungat eserleri Prado muzeýinde (Ispaniýa) saklanylýar.

Bu döwürde muzeýiň ilkinji görnüşleri: «galereýa», «kunstkamera», «mýunskabinet», «studiolo», «antikwariý» kemala gelýär. «Galereýa» muzeýiň giň ýaýran görnüşi bolup, bir tarapy penjirelerden ybarat bolan uzalyp gidýän zal görnüşinde bolupdyr. Galereýanyň tebigy ýagtylygy we giňişligi sungat eserlerini görkezmek üçin zerur bolan arhitektura çözgüdi boýunça has amatly bolupdyr.

«Kabinet» ýa-da «kamera» (nemes dilinde) dörtburçluk görnüşli we kiçiräk ölçegde bolupdyr. Onda dürli görnüşli täsinlikler, ösümlik, haýwanat dünýäsiniň görnüşleri, minerallar, käbir sungat eserleri saklanylypdyr. Bu adalgalar aýratynlykda örän seýrek ulanylypdyr, köplenç goşma sözleriň düzüminde gelipdir. Mysal üçin, kunstkamera – sungat we tebigy gymmatlyklaryň kabineti, mýunskabinet – medallaryň we teňňeleriň kabineti.

Ýokarda agzalan adalgalardan başga-da ýygyndylarynyň düzümine we şolaryň esasynda ýerine ýetirilýän işiň görnüşine görä atlandyrylýan muzeýleriň görnüşleri hem bolupdyr. Mysal üçin, «studiolo» diýip gumanistik ylymlar bilen meşgullanmak üçin niýetlenilen kabinete aýdylypdyr. Studioloda kitaphana we çeperçilik ýygyndylary bolupdyr. «Antikwariý» diýip antik döwrüniň plastiki eserleriniň ýygyndysyna we olaryň saklanylýan ýerine aýdypdyrlar.

Watikanyň muzeýleriniň taryhy şeýle «heýkelleriň antikwariýynyň» döredilmeginden başlanýar. Ilkinji antikwariý

Rim şäherini Italiýanyň medeni we syýasy merkezine öwürmäge çalşan papa Ýuliý II (1503–1513 ýý.) döwründe döredilýär.

Florensiýadaky meşhur **Uffitsi galereýasy** hem heýkelleriň galereýasy hökmünde döredilýär. Uffitsi galereýasy şäheri 300 ýyllap dolandyran Mediçiler tarapyndan esaslandyrylýar. Galereýanyň esaslandyrylan senesi 1575-nji ýyl hasaplanylýar, emma D.Wazariniň ýolbaşçylygynda kolleksiýa üçin binanyň gurluşygy 1560-njy ýylda başlanýar. Arhitektor B.Buontalenti Uffitsiniň ýokarky gatynyň jaýlarynyň birini durşuna aýnalap, «Heýkeller galereýasy» diýlip atlandyrylýan uzyn ýagty zaly gurýar. Bu ýerde antik eserler, şol sanda Watikan tarapyndan sowgat berlen ýigrimi heýkel ýerleşdirilipdir.

Birnäçe ýyldan soň Uffitside Mediçileriň ýygyndysyndaky suratlary asmak üçin zallar we iň gymmatly eksponatlary ýerleşdirmek üçin niýetlenen sekizburçluk görnüşli Tribuna zaly gurulýar.

Renessans döwründe taryh ylym hökmünde gaýtadan dikeldilýär. Taryh gumanitar ylymlaryň arasynda möhüm orny eýeleýär. Beýik şahsyýetleriň bitiren hyzmatlaryna aýratyn ähmiýet berlip başlanýar. Memorial esbaplara we beýik şahsyýetleriň suratlaryna bolan gyzyklanma artyp başlaýar.

XV–XVI asyrlaryň Beýik geografik açyşlary ýygyndylary toplamak işine hasam itergi berýär. Täsin egin-eşikler, gap-gaçlar, haýwanat we ösümlik dünýäsiniň geň görnüşleri kolleksionerleriň ýygyndysynda peýda bolýar. XVI–XVII asyrlaryň sepgidinde «muzeý zerurlygy», ýagny jemgyýetde meşhur ýygyndylary görmäge bolan höwes döräp başlaýar. Bu döwürde ýygnanylan baýlyklary halka görkezmek absolýut häkimiýetiň alamaty hasaplanypdyr. Hususy kolleksiýalar ählihalk meşhurlyga eýe bolýar, diňe bir ýygyndylaryň eýeleriniň däl, eýsem olaryň watandaşlarynyň hem buýsanjyna öwrülýär. Şol döwürde şeýle kolleksiýalaryň ýitirilmegi milli betbagtçylyk hasaplanypdyr.

Şeýlelikde, Täze döwrüň medeniýetinde köpçülik üçin niýetlenen muzeýler döredilýär. Bu dünýä medeni giňişliginiň kemala gelmegine uly täsir edýär. Şweýsariýada, Angliýada, Wenesiýada, Fransiýada ilkinji köpçülikleýin muzeýler açylyp başlanýar. Ýewropada ilkinji köpçülik üçin niýetlenilip açylan muzeý Şweýsariýadaky **Bazel çeperçilik muzeýidir.** Onuň esasyny Amerbahlaryň kabineti düzüpdir. Ioganes Amerbah 1482-nji ýylda Bazele göçüp barýar we žiwopis eserlerini toplap başlaýar. Ýygyndylary toplamak maşgala däbine öwrülýär. 1648-nji ýylda Amerbahlaryň kabineti satuwa çykarylýar. Şäheriň ýaşaýjylary ýygyndynyň Bazelde galdyrylmagyny talap edip, şäher häkimiýetine ýüz tutýarlar. Bu ýygyndy Bazel uniwersiteti üçin satyn alnyp, köpçülik üçin elýeterli edilipdir.

Ilkinji köpçülikleýin okuw muzeýi Angliýada 1683-nji ýylda Oksfordda açylan **Aşmola muzeýidir.** Onuň esasyny Treýdeskantlar tarapyndan toplanylan we Elias Aşmola miras galan hususy kolleksiýa düzüpdir. Ujypsyz tölegi töläp, bu muzeýe islendik adam baryp bilipdir.

Milli derejede döredilen ilkinji köpçülikleýin muzeý 1753-nji ýylda Angliýada döredilen **Britan muzeýidir.** Muzeýi esaslandyryjy London korol jemgyýetiniň prezidenti leýb-medik Hens Sloun (1660–1753 ýý.) özüniň ýygyndysyny ylmyň we sungatyň ösmegine gönükdirmek şerti bilen korola wesýet edýär.

Muzeý esbaplaryny ýerleşdirmek üçin Londonyň töweregine Montegýuhaus köşgi satyn alnyp, 1759-njy ýylda muzeý öz gapylaryny giňden açýar. Ilkinji muzeý ekspozisiýalary alymlar, ýazyjylar, suratkeşler üçin niýetlenilipdir. Kolleksiýalary diňe muzeý işgäriniň gözegçiliginde synlamaga rugsat berlipdir. Ekspozisiýa sowatly bilermenler üçin niýetlenilip, ýönekeý adamlar üçin düşnüksiz bolupdyr.

Renessans döwründe meşhur ýewropa ýygyndylary giň köpçülik üçin elýeterli bolmandyr. Mýunhendäki Köne Pi-

nakoteka uzak wagtlap diňe aýratyn myhmanlar üçin elýeterli bolupdyr. 1826-njy ýylda korol Lýudwig I-niň tagallasy bilen muzeý üçin arhitektor Leo fon Kleníseniň taslamasy boýunça ýörite jaý gurlupdyr.

Şeýlelikde, XVIII asyrda muzeý işinde wajyp özgertmeler bolup geçýär. *Birinjiden*, muzeý üçin niýetlenen ýörite binalar gurlup başlanýar. Germaniýada ilkinji ýöriteleşdirilen bina 1755–1763-nji ýyllarda Brýuingiň taslamasy boýunça gurlan San-Susi surat galereýasy bolupdyr. XVII asyryň ahyrynda kolleksiýalary saklamak we eksponirlemek üçin niýetlenen binalary «muzeý» diýip atlandyryp başlapdyrlar.

*Ikinjiden*, muzeýleriň täze görnüşleri peýda bolýar. Neapolda 1738–1748-nji ýyllarda ilkinji arheologik muzeý açylýar, onuň gaznasynyň esasyny Gerkulanumyň we Pompeýiň gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan esbaplar düzýär.

*Üçünjiden*, muzeografiýa döräp başlaýar, kolleksiýalary beýan etmegiň esaslary, etiketaž düzmegiň, ekspozisiýalary gurnamagyň esaslary kemala gelýär. 1759-njy ýylda Uffitsi galereýasy boýunça ilkinji salgy beriji düzülýär. 1795-nji ýyldan başlap bolsa, galereýada suratkeşleriň suratlarynyň ýanynda olaryň atlaryny ýazyp başlaýarlar.

*Dördünjiden*, muzeýler kem-kemden giň köpçülik üçin elýeterli bolup başlaýar. 1765-nji ýyldan başlap Drezden galereýasyna sungaty öwrenijiler goýberilip başlanýar. 1777-nji ýylda **Mýunhen Pinakotekasy** öz gapysyny giňden açýar. Emma tä XVIII asyryň ahyrlaryna çenli muzeýleriň köpüsi diňe saýlanan adamlar üçin elýeterli bolmagynda galýar. Britan muzeýi baýramçylyk we dynç günleri işlemändir (hepdede 3 gün işläpdir). Ilkibaşda bir günde muzeýe diňe 60 adam goýberilipdir. 1808-nji ýyla çenli muzeýe gelýänleriň sany iki esse artýar, ekskursiýa topary 15 adamdan ybarat bolupdyr. Diňe 1879-njy ýyldan başlap muzeý her gün işläp başlapdyr.

Fransuz rewolýusiýasynyň netijesinde korolyň, aristokratiýanyň, buthanalaryň emlägi millileşdirilýär we olarda top-

lanan ýygyndylaryň esasynda 1792-nji ýylda **Luwr muzeýi** döredilýär.

Diňe bir Fransiýanyň däl, eýsem dünýäniň iň iri muzeýleriniň biri bolan Luwr muzeýi birnäçe asyryň dowamynda gurulýar. Onuň köşkler toplumy 1515-nji ýyldan başlap Fransiýanyň koroly bolan Fransisk I döwründe gurlup başlanýar, 1547-nji ýyldan başlap Fransiýa hökümdarlyk eden Genrih II döwründe bolsa täzeden gurulýar. Sena derýasynyň ugrunda we Kwadrat howlynyň daşynda ägirt binalaryň gurulmagy bilen XVII asyrda Luwr muzeýiniň durky gutarnykly kemala gelýär.

1682-nji ýylda Lýudowik XIV (1638–1715 ýý.) Wersal rezidensiýasyna göçende Luwr muzeýi boşap galmaýar: onda Žiwopis we skulptura Akademiýasy, Arhitektura Akademiýasy we Ylymlar Akademiýasy döredilýär.

Şeýlelikde, XVIII asyr muzeýleriň taryhynda kesgitleýji döwür boldy. Bu döwürde nesilden-nesle geçirilýän jemgyýetçilik, taryhy tejribäni saklamakda muzeý ýygyndylarynyň ähmiýetine düşünilip başlandy. Muzeýe şol tejribäni saklaýjynyň roly berildi, muzeý *«bilim almagyň ýoluny gysgaldýan we serhetlerini giňeldýän edara»* boldy.

Ýewropanyň köp döwletlerinde muzeýler döredildi. Emma olaryň ählisi köşk galereýalary we kabinetleri görnüşinde gurnalandy. Olaryň ekspozisiýalary bilermenlere niýetlenilip, giň köpçülik olarda saklanylýan maglumatlary «okap» bilmeýärdi. Köpçüligiň kabul etmegi üçin elýeterli ekspozisiýalary döretmek muzeý işiniň esasy wezipeleriniň biri boldy.

XIX asyrda Ýewropada milli azat ediş hereketleriň esasynda milli muzeýleri döretmek işi başlanýar. 1802-nji ýylda Budapeştde **Wengriýanyň milli muzeýi,** 1818-nji ýylda **Pragada Milli muzeý** döredilýär. 1891-njy ýylda Madridde **Prado muzeýi** açylýar. Milli däpleri saklamak üçin milli muzeýleriň monumental binalaryny gurup başlaýarlar.

Muzeý syýasatynyň täze ugurlarynyň biri muzeýleri giň köpçülik üçin elýeterli etmek bolup durýar. 1807-nji ýylda

Daniýada gadymyýete degişli tapyndylaryň muzeýini döretmek işi başlanýar. Muzeý 1819-njy ýylda açylyp, onuň örän uly arheologik kolleksiýasy bolupdyr. Şol materiallary öwrenip, alym Wedel Simonsen adamzadyň geçmiş taryhyny 3 döwre: daş, bürünç we demir asyrlaryna bölmek pikirini öňe sürýär. Şeýlelikde, 1813-nji ýylda häzirki wagtda hem ulanylýan ilkidurmuş jemgyýetiniň taryhyny zähmet gurallarynyň ýasalan çig malyna görä döwürleşdirmek ýörelgesi girizilýär. Arheologik materiallar bu ulgamyň esasynda ulgamlaşdyrylýar. Muzeýiň ilkinji gazna saklaýjysy Ýurgensen Tomsen (1788–1865 ýý.) muzeýiň kolleksiýalaryny şol döwürleşdirişe görä ýerleşdirýär. Bu muzeý dünýäde ilkinji arheologik muzeýdir.

1824-nji ýylda **London milli galereýasy** açylýar. 1837-nji ýylda **Niderlandlaryň döwlet muzeýi** esaslandyrylýar.

XIX asyrda bütin dünýäde muzeý işi giňden ýaýbaňlandyrylýar. 1827-nji ýylda Sidneýde **Awstraliýa muzeýi** açylýar. Muzeýiň tebigatyň taryhyna we antropologiýa degişli baý gaznasy bolupdyr. 1861-nji ýylda Melburnda şekillendiriş sungaty muzeýi açylýar.

ABŞ-da ilkinji muzeý 1770-nji ýylda açylýar. Emma XIX asyryň 70-nji ýyllarynda milli muzeýi döretmek pikiri öňe sürülýär. 1872-nji ýylda **Metropoliten muzeýi** açylýar. Bu muzeýiň gaznasynyň esasyny hususy kolleksionerleriň sowgat beren esbaplary düzüpdir. General di Sesnola muzeýe 174 žiwopis eserini, şeýle hem Kipriň ýadygärlikleriniň ýygyndysyny sowgat berýär. Häzirki wagtda Metropoliten muzeýi bölümlerinde saklanylýan eksponatlarynyň gymmatlygy we sany boýunça dünýäniň meşhur muzeýleri bilen bäsleşip bilýär.

Hindistanyň iň gadymy muzeýi **Kalkutta muzeýidir.** Ol 1796-njy ýylda esaslandyrylýar, emma 1814-nji ýylda işläp başlaýar. 1875-nji ýylda Kalkutta muzeýi giň köpçülik üçin elýeterli bolýar. XIX asyrda Hindistanda Madras muzeýi (1851 ý.), Mathurda Arheologiýa muzeýi açylýar.

Aziýada iň bir irki muzeýleriň biri **Tokio milli muzeýidir.** Ol 1871-nji ýylda esaslandyrylýar. Muzeýde ýapon sungatynyň taryhy boýunça kolleksiýalar toplanylýar.

XIX asyryň ikinji ýarymynda muzeý pedagogikasy boýunça ilkinji barlaglar alnyp barylýar. Iňlis arhitektory G.Zemper 1851-nji ýylda Bütindünýä London sergisinde hünärmenlere muzeýlerde saklanylýan esbaplaryň esasynda hünär öwretmegi teklip edýär. Bu pikirleriň durmuşa ornaşdyrylmagynyň netijesinde Günorta-Kensington muzeýi, Londondaky Wiktoriýanyň we Albertiň muzeýi, Korol sungat kolleji, Awstraliýanyň sungat muzeýiniň ýanyndaky amaly-haşam sungat mekdebi ýaly muzeý-pedagogik merkezler döredilýär. Muzeý pedagogikasy çagalar we ýönekeý adamlar – daýhanlar, işçiler bilen işlemegiň usulyýetini taýýarlamaga gönükdirilýär. Mekdep okuwçylary bilen işlemegiň aýratynlyklary Berlindäki Döwlet etnografiýa muzeýiniň «Mekdep we muzeý» bölüminiň ýolbaşçysy A.Lihtwark tarapyndan öwrenilýär.

XX asyrda «muzeýleşdirilen» meýdanlaryň gerimi giňelýär. Aziýada, Afrikada, Latyn Amerikasynda taryhy we medeni ýadygärlikler «muzeýleşdirilýär».

Şeýlelikde, muzeý işiniň gadymy döwürden şu günlere çenli ösüşinde birnäçe tapgyrlary görkezip bolýar:

- protomuzeý ýygnaýjylygy: iň gadymy döwürden XIV–XV asyrlaryň sepgidine çenli;
- muzeýiň jemgyýetçilik-medeni institut hökmünde kemala gelmegi, kolleksiýalary toplamak işiniň medeniýetiň aýratyn pudagyna öwrülmegi, «ýapyk görnüşli» elitar muzeýleriň döredilmegi: XIV–XV asyrlaryň sepgidinden XVIII asyryň ahyryna çenli;
- muzeý işiniň medeniýetiň aýratyn pudagyna öwrülmegi, muzeýleriň täze görnüşleriniň peýda bolmagy, muzeýiň köpçülik üçin niýetlenen edara häsiýetine eýe bolmagy: XVIII asyryň ahyry – XIX asyryň birinji ýarymy.

## 6. Muzeý işinde halkara hyzmatdaşlyk

Ikinji Jahan urşundan soňra BMG-niň we onuň düzümine girýän guramalaryň çäklerinde muzeý gymmatlyklaryny gorap saklamakda tagallalary birleşdirmek ugrunda synanyşyklar edilýär. 1946-njy ýylda Parižde BMG-niň, ÝUNESKO-nyň we 14 döwletiň wekilleriniň gatnaşmagynda *Muzeýleriň halkara geňeşi* (International council of museums – ICOM) esaslandyrylýar. Guramanyň ilkinji ýolbaşçysy Buffalo muzeýiniň (ABŞ) direktory Ç. J. Hemlin bolýar. ICOM-yň halkara we milli komitetleri bolup, yzygiderli ýagdaýda konferensiýalary geçirilýär. ICOM bilen ÝUNESKO-nyň bilelikde geçiren ilkinji çäreleriniň biri «Muzeýleri goramak ugrunda Haçly ýöriş» – muzeýleriň wagyz edijilik roluna jemgyýetiň we häkimiýetiň ünsüni çekmäge gönükdirilen halkara kampaniýasy bolupdy. 2011-nji ýyla çenli guramada 30 müňe golaý muzeýler we 117 sany milli komitet bar. 1989-njy ýylda kabul edilen Düzgünnama laýyklykda, ICOM-yň ýokary ýolbaşçylyk guramasy 3 ýylda bir gezek çagyrylýan Baş Assambleýadyr. ICOM-yň sessiýalarynyň aralygynda onuň agzalarynyň işini guramanyň Ýerine ýetiriji komiteti amala aşyrýar. ICOM-yň maslahatçy guramasy – Konsultatiw soweti hem bar. Gurama üç aýda bir gezek «News of ICOM» býulletenini we ÝUNESKO bilen bilelikde «Museum International» žurnalyny neşir edýär.

1956-njy ýylda medeni gymmatlyklary gorap saklamak we restawrirlemek boýunça Halkara ylmy-barlag merkezi (International council conservation and restouration of monuments – ICCROM) döredilýär. Bu merkez hökümetara guramasy bolup, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasy sanawyna girizilen obýektleri gorap saklamak boýunça ekspert goldawyny berýär we restawrasiýa tehnologiýalary boýunça treningleri geçirýär.

1965-nji ýylda ýadygärlikleri we taryhy ýerleri goramak boýunça Halkara geňeşi (International council on monuments and sites – ICOMOS) döredilýär. Bu geňeş Bütindünýä

mirasynyň sanawyna girizilmäge hödürlenýän obýektlere baha berýär we sanawa girizilen obýektleriň ýagdaýy barada deňeşdirme derňewini we hasabat taýýarlaýar, tehniki goldaw berýär. ICOMOS-yň ýanynda muzeý işiniň dürli meseleleri boýunça 13 komitet hereket edýär. 70-den gowrak döwlet bu guramanyň agzasy bolup durýar. ICOMOS tarapyndan «Monumentum» žurnaly neşir edilýär.

1975-nji ýylda Muzeýleriň dostlarynyň II Halkara kongressinde Muzeýleriň dostlarynyň halkara guramasy döredilýär (ýerleşýän ýeri-Brýussel şäheri). Häzirki wagtda bu guramanyň 700 000-den gowrak agzasy bar. Guramanyň işi 30-dan gowrak ugry öz içine alýar: mahabat, muzeý gymmatlyklaryny satyn almak we restawrirlemek, öwseleleri, kataloglary düzmek, täze muzeýleri döretmek we başg.

1993-nji ýylda Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen ýadygärlikleriň ýerleşýän şäherleriniň guramasy döredilýär. Bu guramada häzirki wagtda 100-den gowrak şäher bar. Onuň wezipesi bilim we dolandyryş boýunça tejribe alyşmakdan, ýadygärlikleri we taryhy ýerleri goramakda maddy kömek bermekden ybaratdyr.

Muzeýleriň halkara bäsleşikleriniň geçirilmegi hem muzeý işinde halkara hyzmatdaşlygyň bir görnüşi bolup durýar. 1971-nji ýylda Beýik Britaniýada ýylyň iň gowy muzeýi bäsleşigi geçirilýär. 1976-njy ýylda bu bäsleşik Ýewropa derejesinde geçirilip, Ýewropa Sowetiniň howandarlygynda Ýewropa muzeý forumy görnüşinde hereket edip başlaýar. Forumyň çäklerinde muzeý bileleşikleri döredilýär, işiň köpçülikleýin görnüşleri ýöredilýär: Forumyň dostlarynyň assosiasiýasy, konsultasiýalar we ekspertizalar, maglumat býulletenleri we başg.

XX asyrda muzeý kanunçylygyny, medeni, taryhy, tebigy gymmatlyklary goramak boýunça kanunçylygy kämilleşdirmekde hem yzygiderli işler alnyp barylýar. 1954-nji ýylda ICOM-yň teklibi bilen «Harby çaknyşyklar wagtynda medeni mirasy goramak barada» Gaaga konwensiýasy kabul edilýär. 1964-nji ýylda ýadygärlikleri we taryhy ýerleri konserwasiýa we restawrasiýa etmek boýunça Wenesiýa hartiýasy kabul

edilýär. 1970-nji ýylda «Medeni gymmatlyklaryň bikanun äkidilmegini, getirilmegini we olara bolan eýeçilik hukugyny başgalara geçirmegi gadagan etmäge we öňüni almaga gönükdirilen çäreler barada» Konwensiýa gol çekilýär.

1972-nji ýylyň 16-njy noýabrynda ÝUNESKO-nyň Baş konferensiýasynyň 17-nji sessiýasynda «Bütindünýä medeni we tebigy mirasy goramak barada» Konwensiýa kabul edilýär. Ol bütin dünýä boýunça medeni, tebigy we taryhy-medeni ýadygärlikleri öz içine alýan Bütindünýä mirasynyň sanawyny düzmegi göz öňünde tutýar. 2012-nji ýyla çenli bu sanawda 962 sany obýekt bolup, olardan 745-si medeni mirasyň obýektleri, 217-si bolsa tebigy-medeni mirasyň obýektleridir. Bu günki gün konwensiýanyň işine 187 döwlet gatnaşýar. Türkmenistanda 3 obýekt (Gadymy Merw döwlet taryhy-medeni goraghanasy (1999 ý.), Köneürgenç goraghanasynyň ýadygärlikleri (2005 ý.), Nusaý galasy (2007 ý.)). Bütindünýä mirasyň sanawyna goşuldy we birnäçe obýekt (Garagum çöli, Badhyz goraghanasy) ÝUNESKO-nyň deslapky sanawynda durýar.

Kä halatlarda milli guramalar halkara resminamalary ýeterlikli däl hasaplap, milli hartiýalary kabul edýärler. 1979-njy ýylda ICOMOS-yň Awstraliýa bölümi Barr hartiýasyny kabul etdi.

ICOM-yň alyp barýan işine jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek üçin 1977-nji ýylda XI Baş konferensiýada her ýylyň *18-nji maýyny Muzeýleriň halkara güni* diýip yglan etmegi teklip edýär. Muzeýleriň halkara güni bütin dünýäde 1984-nji ýyldan bäri bellenilýär.

ICOM-yň wezipeleriniň ýene-de biri muzeý işgärlerini taýýarlamak, muzeýi öwrenişi ylym hökmünde ösdürmek we muzeýi öwreniş barlaglaryny gurnamak bolup durýar. 1977-nji ýylda ICOM-yň XI Baş konferensiýasynda muzeý işgärlerini taýýarlamak boýunça okuw kitaplaryny we metodik gollanmalary taýýarlamagyň zerurlygy, ýokary okuw mekdepleriň okuw meýilnamalaryna muzeýi öwreniş dersini girizmegiň zerurlygy nygtaldy. 1986-njy ýylda ICOM dünýäniň 20 diline terjime edilen muzeý adalgalarynyň sanawyny neşir etdi.

# II BAP

# TÜRKMENISTANDA MUZEÝ IŞINIŇ ÖSÜŞI

## 1. XIX asyryň ahyrynda – XX asyrda muzeý işiniň taryhy

Ýurdumyzyň muzeýleri öz gözbaşyny XIX asyryň ahyrlaryndan alyp gaýdýar. Türkmenistanda ilkinji muzeý 1899-njy ýylda döredilýär. Bu muzeýiň başy 1896-njy ýylda Nižniý Nowgorodda gurnalan Bütinrussiýa sergisiniň eksponatlaryndan başlandy. Zakaspi oblastynyň Harby-halk uprawleniýesi şol sergä gatnaşmak üçin 1894-nji ýyldan başlap ýerli ilatyň egin-eşiklerini, ýaşaýyş jaýlaryny, zähmet gurallaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini, mineral baýlyklaryny häsiýetlendirýän eksponatlary toplamaga girişdi. 1897-nji ýylda toplanylan esbaplar şol sergiden getirilip, Zakaspi oblastynyň naçalniginiň kanselýariýasynda saklanylýar.

1899-njy ýylyň 17-nji martynda şol esbaplaryň esasynda döredilen Zakaspi oblast muzeýi açylýar. Bu muzeý tiz wagtda türkmen tebigatyny, etnografiýasyny öwrenmek boýunça ylmy-barlag merkezine öwrülýär.

1902–1912-nji ýyllarda Aşgabatda, häzirki Puşkin bagynyň çäginde Jemgyýetçilik kitaphanasy we Zakaspi oblast muzeýi üçin iki gat jaý gurlupdy. Bu Türküstan ülkesinde muzeý üçin toplumlaýyn gurlan ilkinji ymaratdy. Bu jaý 1948-nji ýyldaky ýer titremesi zerarly dikeldip bolmajak ýagdaýa düşenligi sebäpli ýykylyp aýryldy.

3. Sargyt № 1023.

Muzeý açylan gününden tä 1925-nji ýyla çenli hakykatda zoologiýa muzeýi bolup galdy. Muzeýe 20 ýyllap ýolbaşçylyk eden S. I. Bilkewiçiň Zakaspi oblastynyň ähli künjeklerine syýahat etmeginiň netijesinde muzeýiň zoologiýa kolleksiýasy örän baýlaşýar. 1918-nji ýylda bolsa Murgap patyşalyk mülküniň entomologik bekediniň enjamlary we kolleksiýalary muzeýe geçirilýär. Muzeý özüniň ylmy işlerini K. Fýodorowyň, N. A. Zarudnynyň we S. I. Belkewiçiň redaksiýasy bilen çykan «Ежегодник музея» we «Известия Закаспийского областного музея» diýen žurnallarda neşir etdi.

XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap muzeý işi giňden ýaýbaňlandyrylýar. 1919-njy ýylyň 18-nji fewralynda Kawkaz muzeýiniň düzgünnamasynyň nusgasy boýunça Zakaspi oblast muzeýiniň Düzgünnamasy tassyklanyldy. 1921-nji ýylda Daşkentde muzeýleriň işi boýunça Türküstan komiteti döredildi. Bu komitet TSSR döredilýänçä Zakaspi oblast muzeýine ýolbaşçylyk etdi. 1925-nji ýylda muzeý TSSR-iň Magaryf halk komissarlygynyň ýanyndaky Döwlet alymlar sowetiniň garamagyna berildi (1928-nji ýylda Döwlet alymlar soweti Türkmen medeniýeti institutyna (Туркменкульт) öwrülýär).

1925-nji ýylda muzeý Türkmen döwlet ülkäni öwreniş muzeýi diýlip atlandyrylyp, onda 3 bölüm: tebigat – taryh, medeniýet – taryh we jemgyýetçilik – ykdysady bölümleri hereket edip başlady. 1925-nji ýylyň noýabrynda Magaryf halk komissarlygynyň Döwlet alymlar sowetine muzeý hakyndaky, muzeýi dolandyrmak baradaky Sowet hakyndaky düzgünnamalaryň taslamasy hödürlenilýär we 1926-njy ýylyň martynda bu düzgünnamalar tassyklanylýar. Bu döwürde professor W. A. Uspenskiniň, žiwopis akademigi A. A. Kareliniň, alymlar A. P. Poseluýewskiniň, Çernýakowskiý-Reýnekiň toplan gymmatly kolleksiýalary muzeýe gelip gowuşýar. Muzeý iki gat jaýda ýerleşip, ondaky 14 sany ekspozision zallarda Türkmenistanyň tebigaty, sowet döwrüniň taryhy boýunça gymmatly eksponatlaryň 4 müňe golaýy görkezilýärdi.

Muzeý köpçülik üçin hepdede iki gezek açyk bolup, ýylda 12–13 müň adam kabul edýärdi. Muzeýiň gaznasynda jemi 50 müňden gowrak esbap bolup, olar gaznahanalarda saklanylypdyr. Muzeýiň ylmy işgärleriniň gatnaşmagynda 1924-nji ýylda Garagumuň günorta-gündogar bölegine, 1925-nji ýylda Köpetdagyň günorta-gündogar bölegine ekspedisiýalar guralýar. Ol ekspedisiýalara Moskwanyň döwlet uniwersitetiniň alymlary S. I. Bilkewiç, S. A. Aleksandrow, S. I. Ognew we W. G. Geptner gatnaşypdyrlar.

1927-nji ýylda TSSR-iň Taryh muzeýi döredilip, ülkäni öwreniş muzeýiniň taryh bölüminiň eksponatlary şol muzeýe geçirildi. Şol ýylda hem ülkäni öwreniş muzeýinde çeperçilik bölümi döredilýär. Onuň esasyny Leningraddan (häzirki Sankt-Peterburg) we Moskwadan alnan suratlar we beýleki eserler düzüpdir.

1929-njy ýylda muzeý tarapyndan A. I. Mihelsonyň, I. I. Kolesnikowyň, S. A. Aleksandrowyň, Ý. G. Bobrowyň gatnaşmagynda Uly Balkan daglaryna ekspedisiýa guralýar. Bu ekspedisiýa tarapyndan toplanylan esbaplar Uly Balkanyň haýwanat dünýäsi hakyndaky düşünjäni giňeltmäge we takyklamaga mümkinçilik berdi.

1932-nji ýylda Türkmenistanyň medeniýet institutynyň üýtgedilip guralmagy bilen Döwlet muzeýi TSSR-iň Merkezi ispolnitel komitetiniň we Halk komissarlar sowetiniň kararynyň esasynda Magaryf halk komissarlygynyň garamagyna berilýär. 1934-nji ýylda muzeýde bölümleriň sekizisi: botanika, zoologiýa, geologiýa, ykdysadyýet, etnografiýa, arheologiýa, çeperçilik we köpçülik bölümleri bardy.1933-nji ýylda TSSR-iň öndüriji güýçlerini öwrenmek baradaky Birinji ylmy konferensiýa tarapyndan guralan serginiň eksponatlarynyň muzeýe berilmeginiň hasabyna muzeýiň gaznalarynyň ep-esli üsti ýetirildi.

1939-njy ýylda muzeýiň çeperçilik bölüminiň eksponatlarynyň esasynda TSSR-iň Şekillendiriş sungaty muzeýi döredildi.

1941-nji ýylda SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmen şahamçasynyň (filialynyň) döredilmegi bilen Döwlet muzeýi onuň ylmy edaralarynyň hataryna goşuldy. Muzeý kolleksiýalarynyň doly inwentarizasiýasy we ylmy ýazgysy geçirildi. 1944–1946-njy ýyllarda muzeýiň ylmy işgärleriniň üçüsi kandidatlyk dissertasiýalaryny goradylar. Olaryň arasynda türkmen aýal-gyzlaryndan ilkinji biolog, şol wagt muzeýiň direktory A. Aşyrowanyň işi hem bardy.

1948-nji ýylyň ýer titremesi netijesinde ülkäni öwreniş muzeýi gaýtadan dikeltmesi kyn bolan gymmatly eksponatlaryň köp bölegini ýitirdi. Muňa garamazdan, 1947–1949-njy ýyllarda muzeý işgärleri tarapyndan Uly we Kiçi Balkan daglaryna, Amyderýanyň orta akymyna ekspedisiýalar guraldy. Ekspedisiýalaryň netijesinde Türkmenistanyň ösümlik we haýwanat dünýäsini häsiýetlendirýän gymmatly eksponatlar toplanyldy.

1951-nji ýylda TSSR-iň Ylymlar akademiýasynyň döredilmegi bilen Ülkäni öwreniş muzeýi onuň garamagyna geçirildi. Şol pursatdan başlap, muzeýiň işi öňküden has giňeldi. Muzeýi dolandyrmak boýunça Alymlar soweti döredildi we täze Düzgünnama tassyklanyldy. Muzeýiň işgärleriniň ylmy derejesi ýokarlandy. 1963-nji ýyldan başlap Döwlet ülkäni öwreniş muzeýi TSSR-iň Medeniýet ministrliginiň garamagyna geçirilýär.

1967-nji ýylda Çärjew şäheriniň (häzirki Türkmenabat şäheri) merkezinde ýerleşýän gadymy binalaryň birinde Çärjew oblast taryhy we ülkäni öwreniş muzeýi açylýar. Muzeý iki gatdan ybarat bolup, onda bölümleriň 3-si hereket edýärdi.

1968-nji ýylda Mary şäherinde ýerleşýän 1908-nji ýylda gurlan gadymy kerwensaraýyň binasynda Mary oblast muzeýi döredilýär. Muzeýiň hemişelik sergi zaly 1974-nji ýylda açylýar. 1985-nji ýylda oblast muzeýine birnäçe jemgyýetçilik muzeýleri birleşdirilip, Mary oblast birleşen muzeýi döredilýär.

1974-nji ýylda Krasnowodsk şäherinde (häzirki Türkmenbaşy şäheri) oblast taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi döredilýär. Muzeý üçin 1869-njy ýylda polkownik N.G.Stoletowyň ýolbaşçylygynda gurlan «Blokgauz batareýasy» atly tüpeň atmak üçin berkitmäniň jaýy berilýär. Muzeý ekspozisiýasynyň umumy meýdany 153 $m^2$ bolup, muzeýde bäş sany zal hereket edýärdi. Hut şol ýylda Nebitdag şäherinde (häzirki Balkanabat şäheri) hem ülkäni öwreniş muzeýi döredilýär. Balkan welaýatynyň merkezi şäheriniň Balkanabada göçürilmegi bilen baglanyşykly, 2000-nji ýylyň maý aýynda Balkanabat şäher muzeýiniň esasynda Balkan welaýat muzeýi döredilýär.

1974-nji ýylda Daşoguz şäherinde Daşoguz oblast muzeýi döredilýär. Muzeýde Türkmenistanyň demirgazyk welaýatynyň taryhyny, etnografiýasyny, tebigy baýlyklaryny şöhlelendirýän eksponatlar dört bölümde görkezilýärdi.

1983-nji ýylyň 29-njy iýulynda Garrygala raýonynda (häzirki Magtymguly etraby) Magtymguly adyndaky Ülkäni öwreniş muzeýi açylýar. Magtymguly Pyragynyň 250 ýyllyk toýuna bagyşlanyp Gerkez obasynda muzeýiň şahamçasy açylýar. Onda 3 müňden gowrak muzeý gymmatlyklary saklanýar. Bölümlerde türkmen durmuşyna degişli bolan gymmatlyklar, türkmen tebigatynyň gözellikleri, edebiýaty, häzirki zamana degişli esbaplar görkezilýär.

1985-nji ýylyň iýulynda taryh muzeýi, ülkäni öwreniş muzeýi we «Rewolýusiýanyň göreşijilerine» atly memorial muzeý birleşdirilip, Birleşen taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi döredildi.

Sowet döwründe hem muzeý türkmen taryhyny, tebigatyny, däp-dessurlaryny wagyz etmek boýunça yzygiderli çäreleri amala aşyrdy. 1985-nji ýylda muzeýde gurnalan sergide Nusaýdan tapylan täsin ýadygärlikler görkezildi, şol sergide V asyra degişli merw wazasy serginiň nyşany boldy. 1987-nji ýylda muzeý işgärleri Gazagystanda, Daniýada, Sudanda göçme sergileri guradylar. Emma bu döwürde muzeýler üçin ýöriteleşdirilen jaýlar gurulman, olar köne binagärlik

ýadygärliklerinde ýerleşdirilipdi. 1908–1918-nji ýyllarda Bahai dini guramasy tarapyndan gurlan ybadathananyň jaýy 1938-nji ýylda muzeý üçin berlen jaýlaryň in amatlysy bolupdy. Ýerli muzeýler üçin Çärjewdäki şaýylar metjidi, Gyzylarwat şäherindäki prawoslaw metjidi, Marydaky kerwensaraý, XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda gurlan Krasnowodsk we Kerki şäherlerindäki hem-de Aşgabatdaky harby edaralaryň jaýlary berlipdi.

1990-njy ýylyň 18-nji maýynda Halkara muzeýler gününe bagyşlanyp Tejen şäher taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi açylýar. Muzeý 1911-nji ýylda bina edilen gadymy jaýda ýerleşip, onuň umumy tutýan meýdany 2268 m$^2$, ekspozision zallaryň meýdany 582 m$^2$, gazna saklanýan ýeriň meýdany 68 m$^2$-e deňdir. Muzeý arheologiýa, etnografiýa, taryh, oba hojalyk, tebigat, watan gahrymanlary, sungat, Garaşsyzlygyň miweleri, arhiw we kitaphana bölümlerinden ybaratdyr.

Muzeýler bilen bir hatarda ýurdumyzda taryhy – arhitektura we arheologiýa ýadygärliklerini gorap saklamak üçin birnäçe taryhy-medeni goraghanalary döredildi.

1982-nji ýylda Nusaý taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghananyň çäginde Jeýtun medeniýeti zamanyndan başlap tä XVIII asyra çenli aralyga degişli ýadygärlikler bar. Olaryň arasynda has meşhur ýadygärlikler Köne we Täze Nusaý galalarydyr. Nusaý galasy 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna goşuldy.

1985-nji ýylda Köneürgenç döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Köneürgenç döwlet taryhy-medeni goraghanasynyň çäginde onlarça binagärlik we arheologiýa ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Gadymy Köneürgenjiň taryhy ýadygärlikleri 2005-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna goşulyp, bu günki gün bu taryhy ýadygärliklerde berkidiş, dikeldiş, rejeleýiş işleri geçirilýär.

1987-nji ýylda Gadymy Merw döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghanada Erkgala, Hoja Ýusup Hemedanynyň metjidi, Gäwürgala, Soltangala, Abdyllahan gala, Uly we Kiçi Gyzgala ýadygärlikleri, Soltan Sanjaryň kümmeti, sardobanyň, buzhananyň galyndylary bar. Gadymy Merwiň taryhy ýadygärlikleri 1999-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna goşuldy.

## 2. Muzeý işi Garaşsyzlyk ýyllarynda

Ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynda açylan ilkinji muzeýleriň biri – Türkmenistanyň Döwlet muzeýidir. Ol 1993-nji ýylyň 26-njy awgustynda Birleşen taryhy-ülkäni öwreniş muzeýiniň esasynda Türkmenistanyň Milli muzeýi hökmünde döredildi. 1998-nji ýylyň 12-nji noýabrynda Köpetdagyň ajaýyp eteginde muzeýiň kaşaň binasy gurlup, ulanylmaga berildi. 2009-njy ýylyň 15-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen Milli muzeý Baş milli muzeý diýlip atlandyryldy. Şu resminama bilen Baş milli muzeýi hakyndaky Düzgünnama tassyklanyldy we täze gurlup, ulanylmaga berlen Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýi, Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýi Baş milli muzeýiň garamagyna berildi. 2011-nji ýylyň 29-njy aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Türkmenistanyň Baş milli muzeýi hakyndaky täze Düzgünnama tassyklanyldy.

2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen Türkmenistanyň Baş milli muzeýiniň işi edara görnüşli tarap hökmünde bes edildi we ol Döwlet muzeýi diýlip atlandyrylyp, Türkmenistanyň döwlet medeniýet merkeziniň düzümine girizildi.

Döwlet muzeýi bu gün iri muzeý toplumy bolup, onuň gurluşygy 2009-njy ýylda doly tamamlandy.

Döwlet muzeýiniň merkezi binasynda Türkmenistanyň taryhynyň dürli döwürlerini şöhlelendirýän ekspozisiýalar bilen bir hatarda, ýurdumyzda garaşsyzlyk ýyllarynda gazanylan üstünlikler barada gürrüň berýän, halkymyzyň ajaýyp halyçylyk sungatyny şöhratlandyrýan ekspozisiýalar görkezilýär, diýarymyzda bellenilýän baýramçylyklara, belli senelere bagyşlanyp wagtlaýyn sergiler gurnalýar.

2009-njy ýylyň 18-nji maýynda Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýi açyldy.

Muzeýiň birinji gatynda ýerleşýän tebigat bölüminde ýurdumyzyň gözel tebigaty we haýwanat dünýäsi Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna giren haýwanlaryň görnüşleri bilen, ýagny gaplaň, alajagaplaň, alajabars, dag tekesi, deňiz guşlary, Garagum çölüniň bezegi bolan ak sazak, mineral daşlaryň görnüşleri bilen açylyp görkezilýär.

Muzeýiň ikinji gatyndaky etnografiýa bölüminde türkmen halkynyň durmuşy, maddy medeniýeti, sungaty, däp-dessurlary, el hünärleri täsin eksponatlar arkaly açylyp görkezilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýi 2009-njy ýylyň 29-njy iýunynda açyldy. Muzeýiň 10 sany tematik bölüminde resminamalaryň we fotohronikalaryň esasynda Täze galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynyň taryhy, hormatly Prezidentimiziň içeri we daşary syýasaty, ykdysady, durmuş we medeni ulgamlarda alnyp barylýan özgertmeleriň mazmuny açylyp görkezilýär. Muzeýde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuşy we zähmet ýoly barada gürrüň berýän aýratyn ekspozisiýa bar. Şeýle hem muzeýde hormatly Prezidentimize türkmen raýatlary, daşary ýurtlulular tarapyndan berlen sowgatlar hem saklanylýar.

1992-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Daşoguz welaýat bagşylar muzeýi döredilýär. Muzeýde bagşylar, sazandalar barada maglumatlar, ses ýazgylary ýygnalyp, bagşyçylyk sungatyny ösdürmekde, halka ýaýratmakda uly işler edilýär. Muzeýde bagşyçylyk sungatynyň Ýomut-Gökleň, Teke,

Saryk-Salyr, Damana, Çowdur ýollary barada maglumatlar saklanylýar, ýerine ýetirýän ussatlar barada gürrüň berilýär.

1993-nji ýylyň 20-nji martynda ýurdumyzyň paýtagtynda Haly muzeýi açylýar. Muzeýiň ilkinji binasy 1994-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň üç ýyllygyna bagyşlanyp açyldy. 2009-njy ýylyň 31-nji awgustynda haly muzeýi üçin Aşgabadyň merkezinde ajaýyp bina gurlup berildi we ol Türkmen halysynyň milli muzeýi diýen täze ada eýe boldy. Muzeý gaznasynda 2000-den gowrak haly we haly önümleri saklanylýar. Halylaryň arasynda iň gadymy haly XVII asyryň başynda dokalypdyr. Has irki döwre degişli bolan halylaryň ýyrtylan, zaýa bolan ýerlerini dokamak üçin muzeýiň ýörite ussahanasy hereket edýär. Ussahanada diňe dikeldiş işleri geçirilmän, gadymy halylaryň nusgasynda halyçylar täze halylary hem dokaýarlar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 10 ýyllygyna bagyşlanyp gurlan Garaşsyzlyk binasynda Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň Milli Gymmatlyklar muzeýi açyldy. Muzeýde gadymy we häzirki döwrüň şaý-sepleri, şeýle hem gadymy altyn-kümüş teňňeler, Garaşsyzlyk ýyllarynda çykarylan kagyz we şaýy pullar, şanly senelere bagyşlanyp çykarylan teňňelikler we ordendir medallar saklanylýardy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2011-nji ýylyň 29-njy aprelinde kabul eden karary bilen Milli gymmatlyklar muzeýi öz işini bes etdi we onuň ähli gymmatlyklary Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň hasabyna geçirildi. Şol karara laýyklykda, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligine Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň «Galkynyş muzeýi», «Bitaraplyk muzeýi» we «Garaşsyzlyk muzeýi» şahamçalaryny bellenen tertipde döretmäge ygtyýar berildi hem-de olary degişlilikde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Bitaraplyk we Türkmenistanyň Garaşsyzlyk binalarynda ýerleşdirmek tabşyryldy.

2005-nji ýylyň 17-nji fewralynda Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýiniň täze döwrebap binasy gurlup ulanylmaga berildi. Muzeýiň binagärlik toplumynyň umumy meýdany 32 000 m$^2$ barabardyr, binanyň tutýan meýdany bolsa 6500 m$^2$. Muzeý ekspozisiýasy on bir bölümçede açylyp görkezilýär.

2005-nji ýylyň 7-nji maýynda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde I. W. Panfilowyň öý muzeýinde Beýik Ýeňşiň 60 ýyllygy mynasybetli Beýik Watançylyk urşy muzeýi açyldy. Muzeý 14 bölümden ybarat bolup, bölümlerde Beýik Watançylyk urşy ýyllarynyň wakalaryny beýan edýän resminamalar, arhiw resminamalary, şol döwre degişli bolan esbaplar görkezilýär. Muzeýiň esasy maksady Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Watanyň gahryman goraýjylaryny, türkmen esgerleriniň röwşen ýadygärligini ebedileşdirmek we ýaşlary watançylyk ruhunda, ata Watana, mähriban topragymyza, türkmenistanly gahrymanlara ýokary derejede hormat goýmak däplerinde terbiýelemekdir.

2005-nji ýylyň 15-nji iýulynda Ahal welaýatynyň Änew şäherinde Türkmenistanyň Milli Ak bugdaý muzeýi açyldy. Muzeýiň binasy tegelek görnüşinde bolup, owadan bugdaý bogdagynyň şekili berlen. Muzeýiň iki gat jaýynyň umumy meýdany 3690 m$^2$ ybaratdyr. Muzeýiň ýokarky gatynyň sergi zalynda Änewiň ak bugdaýyň gadymy watanydygyny subut edýän taryhy eksponatlar goýlan. Aşaky gatynda türkmenleriň XVIII–XIX asyrlarda ekerançylykda we hojalykda ulanan zähmet gurallary, enjamlary hem-de Garaşsyz baky Bitarap Türkmenistanyň galla hasyly barada gürrüň berýän maglumatlar, bugdaý hilleriniň görnüşleri görkezilýär.

2007-nji ýylyň 16-njy fewralynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Milli medeniýet merkeziniň Prezident muzeýi öz gapysyny giňden açdy. Muzeýiň umumy meýdany 13661 m$^2$ bolup, hemişelik hereket edýän 6 sany sergi zaly bar. Bu muzeý Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat

Türkmenbaşynyň ömrüne we zähmet ýoluna bagyşlanan memorial muzeýdir.

Hormatly Prezidentimiziň 2013-nji ýylyň 25-nji aprelinde kabul eden karary bilen Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Milli medeniýet merkeziniň ady üýtgedilip, ol Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkezi diýlip atlandyryldy, Prezident muzeýi bolsa Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň muzeýi bölümi hökmünde Döwlet muzeýiniň düzümine girizildi.

2009-njy ýylyň 16-njy maýynda Gökdepe etrabynda «Gökdepe» milli muzeýiniň täze binasy açyldy. Bu muzeýiň binasyny gurmaklygy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylda ýurdumyzda Hatyra güni bellenende Gökdepe galasynda eden çykyşynda teklip etdi. Bu muzeý Gökdepe urşunyň gahrymanlarynyň ýagty ýadygärligini ebedileşdirýän uly memorial topluma öwrüldi. Muzeý harby taryha we etnografiýa degişli iki bölümden ybarat bolup durýar. Binanyň birinji gatynda türkmenleriň XIX asyrdaky ýaşaýşynyň medeniýetini görkezýän ekspozisiýa ýerleşdirilipdir. Oňa maddy medeniýete degişli köpsanly zatlar: rus-türkmen urşy döwründe türkmenleriň geýen egin-eşigi, gymmatbahaly şaý-sepler, halylar we haly önümleri, gap-gaçlar, galanyň çäginden tapylan zähmet gurallary goşulypdyr. Binanyň ikinji gatynda ýerleşdirilen ekspozisiýa Gökdepe urşuna bagyşlanypdyr. Onuň agramly bölegi söweşlere gatnaşan gahryman serkerdeleriň 18 sany suratyndan ybaratdyr. Muzeýiň esasy eksponatlarynyň biri Gökdepe urşunyň dioramasydyr, ol ýaş suratkeş Muhammet Babaýewiň taslamasy boýunça taýýarlanypdyr. «Gökdepe urşy» atly uly suratyň ini 19 metr 43 santimetrden, boýy 7 metrden ybaratdyr.

2010-njy ýylyň 15-njy fewralynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Mary welaýatynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň täze döwrebap binasy açylyp, ulanmaga berildi.

2011-nji ýylyň 20-nji iýunynda Daşoguz welaýatynyň merkezinde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda welaýat taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň döwrebap binasynyň dabaraly açylyşy boldy.

2011-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda Lebap welaýatynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýi dabaraly ýagdaýda açyldy. Dabara hormatly Prezidentimiz gatnaşyp, muzeýleriň ähmiýeti, muzeý işgärleriniň öňünde duran wezipeler barada çykyş etdi. Üç gatly we ak mermer bilen örtülen binanyň umumy meýdany 8100 $m^2$-e barabar bolup, ol sergi zallarynyň 5-sinden, mejlis geçirilýän jaýdan, iş otaglaryndan, gaznahanadan ybaratdyr. Bu ýerde gymmatly esbaplary täzeden dikeltmek üçin zerur enjamlar bilen üpjün edilen barlaghanalar hem bar. Häzirki wagtda muzeýiň gaznalarynda türkmen halkynyň taryhyna, medeniýetine we sungatyna degişli gymmatlyklaryň 20 müňden gowragy saklanylýar.

2011-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Balkanabat şäherinde Balkan welaýatynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň döwrebap binasynyň açylyş dabarasy bolup geçdi. Dabara hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow gatnaşdy. Welaýat merkezinde gurlan medeniýet toplumyň umumy meýdany 20 ga, muzeýiň esasy binasynyň meýdany bolsa 8100 $m^2$-e barabardyr. Bu ýerde sergi zallaryň altysy – «Galkynyş», taryh we arheologiýa, etnografiýa, tebigat we ülkäni öwreniş, şekillendiriş sungaty, göçme sergiler üçin zallar bar. Mundan başga hem kitaphana we okalga zaly, gulluk iş otaglary, medeni aň-bilim we mahabatlandyryş-neşirýat bölümi, mejlisler zaly bar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda döwlet tarapyndan goralýan ýerleriň sany ep-esli artdy. Häzirki wagtda Türkmenistanda 8 sany taryhy-medeni goraghana bolup, olaryň çäklerinde ýerleşýän ýadygärlikler döwlet tarapyndan goralýar.

1991-nji ýylda Atamyrat döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghanada 100-den gowrak ýadygärlik jem-

lenýär. Goraghananyň çäginde Ödeýdepe, Beggala, Beşirgala, Zöhre – Tahyryň köşgi, Amul gala, Soltannyýaz begiň galasy, Araphana, Bitykgala, Hojaidatgala ýaly irki döwrüň ýadygärlikleri, meşhur Daýahatyn kerwensaraýy, Astanababa, Alamberdar kümmetleri, meşhur Idris baba medresesi bar.

1991-nji ýylda Dehistan döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghananyň esasy merkezi – Dehistan ýa-da Maşat-Misserian şäheriniň galyndysy bolup durýar. Goraghananyň çäklerinde Madawdepe, Yzzatguly, Beňňiwan, Garawuldepe, Igdygala, Ýylanlydepe, Oglandepe ýaly irki döwrüň ýadygärlikleri, Maşat ata orta asyr gonamçylygy, Rüstemgala, Paraw şäheriniň galyndylary, Şyh Öwezberdi kümmeti ýaly orta asyr ýadygärlikleri bar.

1991-nji ýylda Sarahs döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghana Ahal welaýatynyň gündogar böleginiň ýadygärliklerini jemleýär. Has belli ýadygärlikleri orta asyr Sarahs şäheriniň galyndysy (Köne Sarahs), Abul Fazlyň (Saragt babanyň) kümmeti, Ýarty gümmez kümmeti Seljuk imperiýasy döwrüne degişlidir. Sarahs oazisiniň günortasynda Tejen derýasynyň üstünden geçýän Pulhatyn köprüsi, Meleheýran şäheriniň galyndysy goraghananyň esasy ýadygärlikleriniň





**Halk senetleri muzeýiniň otaglary.**
**Daşoguz welaýaty, Köneürgenç şäheri.**

biridir. Birnäçe ýylyň dowamynda Meleheýranda Warşawa uniwersitetiniň Arheologiýa institutynyň ekspedisiýasy işledi. Gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan şekillendiriş sungatyna degişli gymmatly tapyndylar Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde saklanylýar.

1992-nji ýylda Gökdepe döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghana Ahal welaýatynyň günbatar bölegininiň ýadygärliklerini öz içine alýar. 40 ga golaý meýdany eýeleýän Gökdepe galasy türkmenleriň watansöýüjiliginiň, gahrymançylygynyň ajaýyp ýadygärligidir. Goraghananyň çäklerinde Garrykäriz, Durun, Mürçe, Pessejikdepe, Şährislam ýaly gadymy döwür we orta asyr ýadygärlikleri ýerleşýär.

1993-nji ýylda Abiwerd döwlet taryhy-medeni goraghanasy döredildi. Goraghana Kaka, Tejen etraplarynyň çäklerinde ýerleşýän ýadygärlikleri öz içine alýar. Goraghananyň çäginde Altyndepe, Namazgadepe, Ulugdepe, Ýylgynlydepe, Garadepe, Ýartydepe ýaly gadymy ýadygärlikler, orta asyr Abiwerd şäheriniň galyndysy, Mäne babanyň kümmedi, Nedirşa gala, Hysrawgala, Göksüýri oazisiniň ýadygärlikleri bar.

Soňky ýyllarda Türkmenistanda arhitektura ýadygärliklerini muzeýleşdirmekde hem tejribe toplanyldy. Köneürgenç döwlet taryhy – medeni goraghanasynyň çäklerinde ýerleşýän desgalary ylmy taýdan restawrirlemek, gurşap alan taryhy landşafty dikeltmek we «Açyk asmanyň astyndaky muzeýiň» düzüminde ýerli muzeýleri döretmek işi üstünlikli amala aşyrylýar. «Daşmetjit» medresesiniň köne binasynda döredilen Halk senetleri muzeýi muňa mysal bolup biler. Bu ýerde halk senetçiliginiň görnüşleri (dokmaçylyk, küýzegärlik, agaç bejermek, demirçilik we beýleki önümçilikler) boýunça gyzykly maglumatlar jemlenendir.

2010-njy ýylyň fewral aýynda hormatly Prezidentimiz Fransiýa respublikasynda iş saparynda bolan mahaly ÝUNESKO-nyň Baş direktory Irina Bokowa bilen duşuşdy. Duşuşygyň barşynda Gadymy Merwiň, meşhur Köneürgenç

şäheriniň we Parfiýa patyşalygynyň paýtagty Nusaýyň umumyadamzat gymmatlyklarynyň ýadygärlikleri hökmünde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi barada aýdyldy we Türkmenistanyň taryhy-arhitektura we tebigy ýadygärlikleriniň hasabyna bu sanawyň üstüni doldurmagyň anyk mümkinçilikleri bellenildi.[1]

Türkmenistan ÝUNESKO-nyň, hususanda, Muzeýleriň halkara geňeşiniň işiniň çäklerinde geçirilýän ähli çärelere işjeň gatnaşýar. Her ýylyň 18-nji maýynda dünýä bileleşigi bilen birlikde biziň ýurdumyzda hem milli baýramymyz bolan Galkynyş, Agzybirlik we Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni bilen bir hatarda Muzeýleriň halkara güni bellenilip geçilýär. 2011-nji ýylyň 2–6-njy maýynda Aşgabatda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen ýadygärlikleri girizmek boýunça Koordinirleýji Sowetiň duşuşygy geçirildi. Bu duşuşyga halkara guramalaryň bilermenleri we Aziýa-Ýuwaş umman sebitinden 12 döwletiň wekilleri gatnaşdylar. Duşuşygyň barşynda Türkmenistandan bu Sanawa goşmak üçin 25 obýekt hödürlenildi.[2]

2011-nji ýylyň 15-nji awgustynda Türkmenistanyň Mejlisi «Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň Maddy däl medeni mirasy goramak baradaky Konwensiýasyny tassyklamak hakynda» karary kabul etdi. Bu halkara resminamasy ÝUNESKO tarapyndan 2003-nji ýylda kabul edildi. Konwensiýanyň çäklerinde halk döredijiligini, milli aýdym-saz sungatyny, senetçiligi, milli dilleri gorap saklamak işleri alnyp barylýar.

---

[1] Türkmenistan, 2010, 3-nji fewral.

[2] http://tdh.gov.tm/id=2947 Internet sahypasyndan.

# III BAP

# MUZEÝI ÖWRENIŞ YLMY DERS HÖKMÜNDE

## 1. Muzeýi öwreniş adalgasy barada düşünje

Jemgyýetiň ösüş derejesi durmuşyň ähli pudaklarynda ylmyň ähmiýetiniň ýokarlanmagyna täsir edýär. XX asyryň ortalaryndan başlap ylmy-tehniki ösüşiň netijeleri giňden durmuşa ornaşdyrylyp başlanýar. Ylymda gazanylan üstünlikler sosial ösüşiň esasy görkezijileriniň biri bolýar.

Ylmyň dürli pudaklary bilen bir hatarda muzeýleriň işini düzgünleşdirýän ylym – muzeý işi hem çalt depginde ösüp başlaýar. Muzeý işi – ylma, bilime, medeniýete, terbiýeçilik işlerine gatnaşygy bolan jemgyýetçilik işleriniň özboluşly pudagydyr. Muzeý işiniň derejesiniň ýokarlanmagy şahsyýetiň sazlaşykly ösüşinde möhüm orny eýeleýär. Toplanan tejribäni nazary taýdan özleşdirmezden, onuň esasy häsiýetine, kanunalaýyklyklaryna düşünmezden muzeý işiniň ösüşi mümkin däldir.

Muzeý işinde peýdalanylýan we ýörite edebiýatlarda beýan edilýän bilimleriň jemine ***muzeologiýa*** diýilýär. Bu adalga XIX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykandygyna garamazdan, häzirki wagtda köp dillerde ulanylýar. XIX asyryň ortalaryna çenli muzeýler babatynda ýazylan ähli işler muzeografiýa degişli edilýärdi. Emma XX asyryň ortalaryndan «muzeografiýa» diýlip köplenç muzeýleriň ýazylyp beýan edilmegine düşünilip başlanyldy. Birnäçe wagtlap «muzeografiýa», «mu-

zeologiýa» adalgalary muzeý işinde bilelikde ýöredildi. Bu ýagdaý birnäçe oňaýsyzlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp boldy.

Muzeýi öwreniş diýlip köp halatlarda «muzeý işi hakyndaky ylma», «muzeý hakyndaky ylma» ýa-da «muzeý usulyýetine» düşünilýär. Şeýle kesgitleme diňe ylmy dersiň we edara hökmünde muzeýiň özara baglanyşygyny hasaba alýar. Emma şu günki gün şeýle düşündiriş bilen kanagatlanyp bolmaýar. «Muzeýi öwreniş» adalgasynyň kesgitlemesini, onuň esasy alamatlaryny ýüze çykarmak meselesi entäk doly çözülmedi. Häzire çenli bu hakda ýeke-täk, umumy ykrar edilen ylmy düşündiriliş ýok.

Muzeýi öwreniş ylmynda XVI asyrdan gözbaş alýan muzeý tejribesini umumylaşdyrmagyň, materiallary ulgamlaşdyrmagyň netijesinde diňe XX asyryň 60–70-nji ýyllarynda ylmyň esasy düşünjeleri kemala geldi. Muzeýi öwrenişiň umumy nazaryýetiniň döredilmegi ylmyň ösüşinde möhüm ugur boldy.

Muzeý işine degişli edebiýatlarda muzeýi öwreniş özbaşdak ylym hökmünde hasaba alynýar, ýöne onuň häsiýetli alamatlarynyň kesgitlenilşinde birnäçe tapawutlar bar. Alymlar tarapyndan öňe sürülýän pikirleri jemläp, umumylaşdyrylan görnüşde muzeýi öwrenişe şeýle kesgitleme berip bolýar:

**Muzeýi öwreniş** – muzeý işini, jemgyýetçilik instituty hökmünde muzeýi, muzeýiň ýerine ýetirýän wezipelerini, muzeý esbaplarynyň üsti bilen sosial maglumatlary saklamagyň ýollaryny öwrenýän jemgyýetçilik ylmydyr.

## 2. Muzeýi öwreniş dersiniň obýekti we predmeti

Hemme ylymlarda bolşy ýaly, muzeýi öwrenişiň hem öwrenýän kesgitli obýekti we predmeti bar.

**Muzeýi öwrenişiň obýekti** – *bu muzeý we muzeý işidir*. Ýöne bu obýekt belli bir derejede taryh, hususan-da mede-

4. Sargyt № 1023.

niýetiň taryhy, sungaty öwreniş, sosiologiýa ýaly ylymlaryň kömegi bilen hem öwrenilip bilner.

Ylmy barlaglaryň obýekti aňsat ýüze çykarylýar, emma ylmyň predmetini kesgitlemek esasy meseleleriň biri bolup durýar.

Muzeýi öwrenişiň predmetini nazary taýdan kesgitlemek XX asyryň 20–30-njy ýyllarynda başlanýar. Bu mesele boýunça dürli pikirler öňe sürülýär. Alymlaryň bir topary muzeýi öwrenişiň aýratyn predmetiniň barlygyny ykrar eden bolsalar, beýleki bir topary ony kesgitlemegiň mümkin däldigini, netijede bolsa muzeýi öwrenişi ylmy ders hökmünde hem inkär edýärler.

Muzeýi öwrenişiň predmeti babatynda häzirki wagtda birnäçe bir-biri bilen çapraz gelýän pikirler bar. Alymlaryň bir toparynyň pikirine görä, muzeýi öwrenişiň predmetiniň esasynda muzeýe we muzeýiň jemgyýetçilik wezipelerine degişli kanunalaýyklyklar durýar. Bu pikire görä, ylmyň predmetine tutuşlygyna muzeý işi degişli edilýär.[1]

Bu garaýyşdan tapawutlylykda, «muzeý – esbap» çemeleşmäniň tarapdarlary muzeýi öwrenişiň predmetiniň esasynda muzeýiň döredilmegine getirýän sebäpler we muzeý esbaplary durýar diýip hasaplaýarlar.

Muzeýi öwrenişiň predmetini kesgitlemäge XX asyryň 50-nji ýyllarynda I. Neustupnyý (Çehiýa) synanyşýar. Onuň pikirine görä, muzeýi öwreniş birnäçe bölümlerden ybarat bolup, bu bölümler muzeýde jemlenýän ugurdaş derslerden düzülýär.[2]

Muzeýi öwrenişiň predmetiniň ilkinji kesgitlemesi Germaniýada 1964-nji ýylda «Tezisleriň taslamasynda» berildi. Awtorlar muzeýi öwrenişi (arhiw işi we kitaphanaçylyk bilen

---

[1] *Шрайнер К.* Предмет исследования музееведения и происхождение дисциплины/К. Шрайнер//Музееведение. Музеи мира. – М., 1991. – С. 39–50.

[2] Музееведение. Музеи исторического профиля. Учебное издание. Под ред. проф. *К. Г. Левыкина* и проф. *В. Хербста*. М., 1988. С.10

bir hatarda) özbaşdak ylym hökmünde kesgitläp, onuň predmeti «muzeý işiniň ähli jemini» öz içine alýar diýen pikiri öňe sürýärler. Muzeý işine muzeý esbabyny saýlap almagy, gaznalary ulgamlaşdyrmagy, esbaplaryň gymmatlygyny kesgitlemegi, dikeldiş, bejeriş işleriniň usullaryny taýýarlamagy, muzeýe gelýänleriň ýaş, sosial aýratynlyklaryny öwrenmegi, muzeý esbaplaryny eksponatlar hökmünde öwrenmegiň kadalaryny degişli edipdiler.

Şeýlelikde, muzeýi öwreniji alymlaryň pikirlerini jemläp, muzeýi öwreniş dersiniň predmetine şeýle kesgitleme berip bolýar:

**Muzeýi öwreniş dersiniň predmeti** – muzeýleriň, muzeý işiniň döreýşine we ösüşine, muzeý esbaplarynyň üsti bilen sosial maglumatlaryň toplanylmagyna we saklanylmagyna degişli bolan obýektiw kanunalaýyklyklaryň toplumydyr.

## 3. Muzeýi öwreniş dersiniň esasy düşünjeleri

Muzeýi öwreniş dersiniň predmetiniň manysyna düşünmek köp babatda «muzeý esbaby», «muzeý» düşünjelerine dogry kesgitleme berlişine bagly bolup durýar.

Ilki bilen muzeý esbaby diýen düşünjäni alyp göreliň. Bu meselä muzeýi öwreniji alymlar iň irki muzeýe degişli edebiýatlarda hem ýüzlenipdirler. I. D. Maýor (XVII as.) muzeýdäki esbaplary hakyky (real), uzak wagtlap saklanmaga ukyply esbaplar hökmünde kesgitläpdir. Soňky edebiýatlarda muzeý esbaplarynyň seýrekligine aýratyn üns berlipdir.

Muzeý esbaplaryna maglumat nazaryýeti arkaly kesgitleme bermek olaryň düýp mazmunyna, esasy häsiýetine düşünmäge mümkinçilik berýär. Meselem, esbaplaryň maglumat beriş häsiýetleri öwrenilende, olaryň semantik (habar berijilik) we kommunikatiw (maglumat arabaglanşygyny beýan edýän) taraplary aýratyn üns berilmäge degişlidir.

Muzeý esbaplarynyň wezipelerini kesgitlemek örän netijeli boldy. Adamzat tarapyndan döredilen esbaplar özünde tejribäni toplamaga, maglumatlary saklamaga we geçirmäge ukyply bolup, olar «taryhy hakyda» wezipesini ýerine ýetirýärler.

Muzeý esbabynyň gymmaty onuň obýektiw häsiýetlerine bagly bolup, muzeý ýygyndysynyň ylmy barlaglarynyň üsti bilen ýüze çykarylýar. Bu ýerde esbabyň başda nähili ýagdaýda saklanandygyny, ulanylandygyny ýüze çykarmak örän wajyp bolup durýar.

Muzeý esbaplary diňe bir bilimleriň ilkinji çeşmeleri bolman, eýsem taryhy-medeni gymmatlyklardyr. Olar, esasan, göz arkaly kabul edilip, maglumat bermäge, duýgulary döretmäge ukyplydyr.

Şeýlelikde, muzeý esbaplarynda adamzat özüniň «muzeý zerurlygy» bilen häsiýelendirilýän hakykata bolan garaýşyny beýan edýär.

Muzeý esbaplarynyň häsiýetleri barada ylymda bar bolan düşünjeleri umumylaşdyryp, muzeý esbabyna şeýle kesgitleme berip bolýar:

**Muzeý esbaby** – bu real hakykatdan bölünip aýrylan, uzak wagtlap saklanmaga ukyply we muzeý ýygyndysyna goşulan muzeý ähmiýetli esbapdyr. Ol sosial we tebigy-ylmy habarlaryň, duýgularyň, bilimleriň hakyky çeşmesi, medeni-taryhy gymmatlyk – milli baýlygymyzyň bir bölegi bolup durýar.

Muzeý esbabynyň gymmaty muzeýi öwrenişiň we ugurdaş ylmy barlaglaryň netijesinde kesgitlenilýär. Muzeý esbaby muzeýiň ähli işiniň esasy bolup, onuň sosial wezipelerini ýerine ýetirýär.

Muzeýi öwrenişde «muzeý» diýen düşünjäniň hem möhüm ähmiýeti bardyr. Mälim bolşy ýaly, muzeýleriň, olaryň sosial wezipeleriniň, içki gurluşynyň ösüş kanunalaýyklygy, ylym, medeniýet, bilim, terbiýe bilen baglanyşygy ýörite ylmy derňewleri talap edýär.

Muzeýi öwrenişiň ösüşiniň ähli tapgyrlarynda muzeý täsinligine we onuň jemgyýetdäki ornuna düşünmeklige

synanyşyk edilipdir. Netijede, muzeý adalgasynyň dürli kesgitlemeleri ýüze çykypdyr.

«*Türkmenistan: Altyn asyryň muzeýleri» atly halkara ylmy maslahatynda edilen çykyşlaryň birinde muzeý düşünjesine şeýle kesgitleme berilýär: Muzeýler (gr. museion – muzalara bagyşlanan ýer) – komplektleýiş, saklaýyş işlerini amala aşyrýan, taryhy ýadygärlikleri öwrenýän hem-de olar barasynda düşündiriş işlerini geçirýän, maddy we ruhy medeniýeti, tebigaty, adamzat jemgyýetiniň ösüşini düýpli öwrenmek işleri bilen meşgullanýan ylmy aň-bilim ýaýradyjy, hyzmat ediji edara bolup durýar*».[1]

«Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň kanunynda muzeý adalgasyna şeýle düşündiriş berilýär:

«*Muzeýler – munuň özi tebigat ýadygärliklerini, maddy we ruhy medeniýeti öwrenmek, raýatlary milli hem-de dünýä taryhy-medeni mirasynyň gazananlary bilen tanyşdyrmak üçin niýetlenen medeni aň-bilim we ylmy-barlag edarasydyr*».[2]

1986-njy ýylyň 4-nji noýabrynda Muzeýleriň Halkara geňeşiniň (ICOM) Argentinada geçirilen maslahatynda kabul edilen we 2001-nji ýylyň 6-njy iýulynda Barselonada (Ispaniýa) geçen ICOM-yň 20-nji Baş Assambleýasynda üsti doldurylan muzeýiň kesgitlemesinde şeýle diýilýär:

«*Muzeý – bu jemgyýete gulluk etmäge niýetlenen we onuň ösüşine ýardam edýän, giň köpçülik üçin elýeterli bolan, adamzat we onuň ýaşaýşy barada maddy subutnamalary öwrenýän, toplaýan, saklaýan, wagyz edýän we görkezýän hemişelik hereket edýän edaradyr*».

Muzeýiň esasy alamaty – ylmy esasda döredilen we goralyp saklanylýan, hasaba alynýan, öwrenilýän, ylmy we bilim-terbiýeçilik maksatlary bilen peýdalanylýan muzeý esbaplarynyň ýygyndysynyň bolmagydyr. Muzeýler tarapyndan maglumatlaryň ýaýradylmagy aragatnaşygyň aýratyn bir görnüşi bolup dur-

---

[1] Türkmenistan: Altyn asyryň muzeýleri. Halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. Aşgabat, 2007, 24-nji sah.

[2] «Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny// Türkmenistan, 1997, 20-nji ýanwar.

ýar. Muzeýler üçin aragatnaşygyň, esasan, ekspozisiýalaryň we sergileriň üsti bilen esbaplary synlamak görnüşi mahsusdyr.

Umuman, häzirki döwürde bar bolan kesgitlemelerden ugur alyp, umumylaşdyrylan görnüşinde muzeý adalgasyna şeýle kesgitleme berip bolýar:

**Muzeý** – bu taryhy-medeni we tebigy-ylmy gymmatlyklary saklamak, muzeý esbaplarynyň üsti bilen maglumat toplamak we ýaýratmak üçin niýetlenen sosial maglumatlary berýän edaradyr. Muzeý tebigatyň we jemgyýetiň hadysalaryny resmileşdirip, muzeý esbaplarynyň ýygyndysyny toplaýar, saklaýar, öwrenýär, olary ylmy, bilim-terbiýeçilik we wagyz-nesihat maksatlar bilen peýdalanýar.

Muzeýi öwreniş ylmyna we muzeý işine mahsus adalgalar 1986-njy ýylda Muzeýleriň halkara geňeşi tarapyndan neşir edilen «Muzeý adalgalarynyň sanawynda» öz beýanyny tapdy. Muzeý tejribesinde has giňden ulanylýan adalgalar «Muzeý adalgalarynyň sözlügi» görnüşinde şu kitabyň soňunda ýerleşdirildi.

## 4. Muzeýi öwrenişiň derňew usullary

Obýektine we predmetine görä her bir ylmy dersiň özüniň derňew usullary bolýar. Häzirki wagtda dürli ylymlaryň usullarynyň biri-birine aralaşmak ýagdaýy emele gelýär, bu bolsa olaryň belli bir ylma degişliligini anyklamakda kynçylyklary döredýär. Usullaryň garyşmagy tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryň arasyndaky tapawutlaryň azalmagyna getirýär. Meselem, arheologiýa ylmynda taryha, çeşmeşynaslyga degişli usullar bilen bir hatarda, fizika, himiýa, botanika degişli usullar hem giňden peýdalanylýar.

Muzeýi öwreniş ylmy derňew usullarynyň köpdürliligi bilen tapawutlanýar. Derňew usullaryň käbiri beýleki ylymlaryň usullary bilen meňzeş bolup durýar, sebäbi muzeýi öwreniş köp jemgyýetçilik we tebigy ylymlar bilen baglanyşyklydyr. Taryhy muzeýi öwreniş üçin taryh ylmynyň we onuň ýörite we kömekçi dersleriniň – arheologiýanyň, etnografiýanyň,

paleografiýanyň, numizmatikanyň, sfragistikanyň usullary, şeýle hem sungaty öwrenişiň derňew usullary örän möhümdir.

Şol bir wagtda muzeýi öwrenişde beýleki ylymlaryň derňew usullary giňden peýdalanylýar. Şol sebäpli muzeýi öwreniş dersiniň derňew usullary beýleki jemgyýetçilik ylymlaryň hiç biri üçin häsiýetli däldir.

*Muzeýi öwreniş ylmynyň derňew usullary üçin aşakdaky alamatlar häsiýetlidir:*

– muzeý aragatnaşygyny amala aşyrmakda, muzeý esbaplaryny öwrenmekde jemgyýetçilik we tebigy ylymlaryň dürli usullaryny ulanmak. Yörite we kömekçi taryh dersleriň, sungaty öwrenişiň, edebiýaty öwrenişiň usullary giňden peýdalanylýar. Ekspozisiýalar, sergiler taýýarlanylanda, bilim-terbiýeçilik işleriniň dürli görnüşleri arkaly muzeýe gelýänleriň aýratynlyklary «öwrenilende» pedagogikanyň we psihologiýanyň usullary peýdalanylýar. Muzeý esbaplarynyň konserwasiýa we restawrasiýa işlerinde tebigy ylymlaryň usullary (rentgenografiýa, spektrografiýa) ulanylýar;
– birnäçe tebigy we jemgyýetçilik ylymlarynda bar bolan meýdan barlaglarynyň usullaryny ulanmak;
– jemgyýetçilik durmuşyna gönüden-göni gözegçilik etmek usullaryny ulanmak;
– ekspozisiýalar bilen baglanyşykly barlaglarda, muzeý esbaplaryny täzeden dikeltmek we rejelemek işlerinde eksperimental usullary ulanmak.

Muzeýi öwrenişde ylmy usullar derňewiň esbabynyň aýratynlyklaryna görä üýtgäp bilýär. Bellenilen usullaryň ulgamy muzeýi öwreniş ylmyny beýleki ylymlardan tapawutlandyrýar, şol bir wagtda hem ugurdaş ylymlar bilen arabaglanşygyny kesgitleýär.

Muzeýi öwrenişiň ösüşi, onuň nazaryýetiniň kemala gelmegi barlag usullarynyň baýlaşmagyna, olaryň anyklanylmagyna we ýöriteleşdirilmegine ýardam edýär. Bu bolsa, öz gezeginde, geljekde muzeýi öwreniş ylmynyň usullary baradaky meseleleriň has çuňlaşdyrylyp öwrenilmegine itergi berer.

## 5. Muzeýi öwrenişiň gurluşy

Muzeýi öwreniş beýleki ylmy dersler ýaly bilimleriň ulgamy bolup, belli bir gurluşa eýedir. Ylmyň gurluşy onuň predmeti, usuly, nazaryýeti bilen baglanyşykly bolup durýar. Muzeýi öwreniş birnäçe taryhy, nazary we amaly elementleri ozünde jemleýär:

– muzeýi öwrenişiň taryhy we taryhnamasy;
– muzeýi öwrenişiň nazaryýeti;
– muzeý çeşmeşynaslygy;
– amaly muzeýi öwreniş.

Muzeýi öwrenişiň gurluşyny şu aşakdaky çyzgy görnüşinde görkezip bolar:




Muzeýi öwrenişiň gurluşyna girýän ähli bölümler biri--biri bilen berk baglanyşykly bolup, olar üçin özara gatnaşyk häsiýetlidir. Muzeýi öwrenişiň aýry-aýry bölümlerini biri-birinden aýratynlykda göz öňüne getirip bolmaýar. Bu ilki bilen muzeýi öwrenişiň nazaryýetine we taryhyna degişlidir.

Muzeýi öwrenişiň ösüşini seljerýän ylmyň taryhnamasy onuň nazaryýeti, ylaýta-da, taryhy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup durýar. Amaly muzeýi öwreniş ylmyň nazaryýetiniň kesgitlenmegine ýardam edýär.

## Muzeýi öwrenişiň taryhy

Muzeýi öwrenişiň taryhy «muzeý zerurlygynyň» ýüze çykmagynyň sebäplerini, şol zerurlygy kanagatlandyrmak üçin döredilen jemgyýetçilik institutlarynyň ähli görnüşleriniň gelip çykyşyny we taryhy tejribesini, olaryň dürli taryhy şertlerde hereket etmegini, muzeýleriň ulgamyny we muzeý işini gurnamagy, muzeýlere we ýadygärlikleri goramaga degişli kanunçylygyň taryhyny öwrenýär.

Muzeýi öwrenişiň bu bölümi ylmyň, medeniýetiň taryhy bilen, muzeýiň ugruna degişli ylmy ugurlaryň taryhy bilende özara baglanyşyklydyr. Taryhy muzeýlere degişlilikde bu – taryh, taryhyň ýörite we kömekçi dersleri, şeýle hem ylmyň aýratyn bölümleri, ýagny medeniýetiň taryhy, harby taryh, rewolýusion hereketiň taryhy we başg. Bu zatlaryň hemmesi nazary we amaly meseleleri çözmeklige ylmy taýdan çemeleşmek üçin esas döredýär.

Muzeýi öwrenişiň taryhnamasy muzeý işiniň taryhynyň bölümi hökmünde muzeýi öwrenişe degişli edebiýatlarda we başga çeşmelerde beýanyny tapýan ylmyň taryhyny öwrenýär.

Taryhnamanyň obýekti bolup muzeýi öwrenişiň meselelerini kesgitleýän edaralaryň, ýagny muzeýleriň, ýöriteleşdirilen institutlaryň, nazary we ylmy-usulyýet merkezleriň, kafedralaryň, ylmy jemgyýetleriň taryhy çykyş edip biler. Muzeýi öwrenişiň taryhnamasy dürli sosial-ykdysady faktorlar bilen baglanyşykly ylmyň meselelerini ýüze çykarýar, ylmyň mundan beýläk ösüş ugruny salgy berýär.

## Muzeýi öwrenişiň nazaryýeti

*Muzeýi öwrenişiň nazaryýeti dört sany esasy bölümleri öz içine alýar:*

- muzeýi öwrenişiň umumy nazaryýeti ylmy ders hökmünde;
- resmileşdiriş nazaryýeti;

– ylmy gazna işleriniň nazaryýeti;
– muzeý aragatnaşygynyň nazaryýeti.

*Muzeýi öwrenişiň umumy nazaryýeti:*

– ylmyň obýektini, predmetini, usullaryny, gurluşyny, onuň ylmy dersleriň ulgamyndaky ornuny öwrenýär;
– dürli ylymlar bilen muzeýi öwrenişiň özara gatnaşygynyň meselelerini çözýär;
– ylmy apparaty we ylmyň dilini kesgitleýär;
– muzeý zerurlygyny, muzeý esbabynyň aýratynlygyny ýüze çykarýar;
– muzeýleriň jemgyýetçilik wezipeleri bilen baglanyşykly meselelerini kesgitleýär.

***Resmileşdiriş nazaryýeti*** özboluşly «resminamalar» hökmünde saklanylmaga we peýdalanylmaga degişli muzeý ähmiýetli obýektleri ýüze çykarmak üçin real hakykatyň dürli taraplaryny öwrenýär.

Muzeý ähmiýetli esbaplar diňe kesgitlenilmän, eýsem olar ulanyşdan saýlanyp alynmalydyr. Şol esbaplary saýlamak bilen baglanyşykly meseleler resmileşdiriş nazaryýetiň esasyny düzýärler. Gazna ýygyndylaryna esbaplary saýlap almak muzeýi öwrenişiň we ugurdaş ylymlaryň derňewlerine daýanýar, sebäbi muzeý esbaby birnäçe ylymlara degişli maglumatlary özünde jemleýär.

***Ylmy-gazna işleriniň nazaryýeti*** – tezawrirleme[1] esbabyň muzeý ähmiýetine akyl ýetirmegiň ikinji basgançagy bolup, muzeý esbaplarynyň gymmatyny, olarda saklanýan maglumaty ýüze çykarmak bilen baglanyşyklydyr. Bu nazaryýete görä, muzeý esbaplarynyň gaznasy resminamalaýyn ulgam, real hakykatyň özboluşly nusgasy hökmünde çykyş edýär. Muzeý ýygyndysyny düzýän muzeý kolleksiýalary bir esbap bilen deňeşdirilende, täze häsiýete eýe bolýar. Ylmy-gazna işleriniň dowamynda, ýagny muzeý esbaplarynyň toparla-

[1] Tezawrirleme adalgasy çehiýaly muzeolog Zbinek Stranskiý tarapyndan teklip edildi. Ol grek dilindäki «thesauros» sözünden gelip çykyp, «gazna», «gazna saklanýan ýer» diýen manyny berýär. Muzeý edebiýatlarynda bu adalga öň başga manyda ulanylypdyr.

ra bölünmeginiň, ulgamlaşdyrylmagynyň, düşündirilişiniň gidişinde olaryň habar berijilik ähmiýetine düşünmeklik has çuňlaşýar.

Muzeý esbaplaryny gaznanyň düzüm bölegi hökmünde öwrenmek, esbaplarda saklanýan täze maglumatlary ýüze çykarmak ylmy-gorag materiallaryň toplanmagyna getirýär (ikinji derejeli resminamalar). Şeýle-de tezawrirleme muzeý esbaplaryny döwlet muzeý gaznasynyň düzüm bölegi hökmünde gorap saklamak meselelerini hem öz içine alýar.

***Muzeý aragatnaşygynyň nazaryýeti*** muzeýi diňe bir habarlary jemleýji, umumylaşdyryjy, ýaýradyjy kommunikasion institutlaryň biri hökmünde öwrenmän, eýsem muzeý esbaplarynyň üsti bilen amala aşyrylýan aragatnaşygyň aýratynlygyny, maglumat bermegiň görnüşiniň özboluşlylygyny öwrenýär. Bu bölümiň derňew meselelerinde esasy orun ekspozision-sergi işinde öz beýanyny tapýan muzeý aragatnaşygyna degişlidir. Muzeý aragatnaşygynyň nazaryýeti maglumatlary ýaýratmagyň ekskursiýa-leksiýa görnüşini, ekspozisiýalar düzülende arhitektura-çeperçilik bezeginiň aýratynlyklaryny öwrenýär. Şeýle-de, muzeýler bilen aragatnaşyk ylmy makalalaryň üsti bilen maglumatlary ýaýratmak arkaly, muzeý materiallaryny neşir etmek arkaly amala aşyrylýar. Mundan başga-da, muzeý aragatnaşygynyň nazaryýeti muzeý serişdeleriniň we aragatnaşygyň görnüşleriniň muzeýleriň bilim-terbiýeçilik işlerinde ilatyň dürli gatlaklaryna täsir edişiniň meselelerini öwrenýär.

## Muzeý çeşmeşynaslygy

Muzeý çeşmeşynaslygynda derňewiň esasy obýekti muzeý esbaplary bolup durýar, şonuň üçin ol muzeý esbaplaryny öwrenmegiň nazaryýeti we usulyýeti bilen sepleşýär. Beýleki bir tarapdan, muzeý çeşmeşynaslygy muzeý işiniň taryhyny öwrenmegiň çeşmelerine, şol sanda taryhnamanyň materiallaryna gönükdirilendir.

Muzeý çeşmeşynaslygy derňewiň obýekti we usullary boýunça ugurdaş ylymlaryň çeşmeşynaslygyndan tapawutlanýar.

Muzeý ýygyndylarynyň çeşmeleriniň görnüşlerini öwrenmek bilen, muzeý çeşmeşynaslygy muzeý esbaplarynyň taryhy-medeni gymmatlyklar hökmünde kabul edilmeginiň meselelerini çözmäge çalyşýar.

Taryhy muzeý çeşmeşynaslygy we taryhy ylymlaryň çeşmeşynaslygy öz aralarynda biri-birine golaýdyr, olaryň köp meselelerinde, obýektlerinde, barlag usullarynda arabaglanyşyk bar. Ýöne muzeý çeşmeşynaslygy, ilkinji nobatda, muzeý esbaplarynyň aglaba bölegini düzýän maddy we şekillendiriş görnüşli çeşmeleri öwrenmeklige gönükdirilendir. Bu diňe bir arheologik we etnografik materiallar babatynda şeýle bolman, eýsem dürli döwürleriň esbaplarynyň, şol sanda häzirki döwre degişli esbaplaryň toplumyna degişlidir.

## Amaly muzeýi öwreniş

Amaly muzeýi öwreniş muzeý işi bilen bir wagtda döräp, onuň tehniki meselelerini çözmek, dürli usullary işläp taýýarlamak zerurlygyny beýan edýär. Muzeý ulgamynyň ösmegi oýlanyşykly tejribäni saýlamaga we peýdalanmaga ýardam edýär.

*Amaly muzeýi öwreniş üç sany bölümi öz içine alýar:*

- ylmy usulyýet;
- tehnika;
- guramaçylyk işleri we dolandyryş.

***Ylmy usulyýet*** – amaly muzeýi öwrenişiň esasy özenidir. Ol nazaryýet bilen berk baglanyşykly bolup, özbaşdak bölüm hökmünde muzeýi öwreniş ylmynyň ösüşiniň soňky tapgyrlarynda kemala gelýär. Usulyýet muzeý işiniň ähli görnüşlerini öz içine alýar. Muzeýi öwrenişde umumy we

ýörite usulyýet barlaglaryny tapawutlandyrýarlar. Umumy usulyýet muzeýleriň ähli görnüşlerine degişli bolýar. Meselem, ekspozisiýa taýýarlamagyň, ekskursiýa geçirmegiň, muzeý esbaplaryny abat saklamagyň umumy usulyýeti bar.

Ýörite usulyýet barlaglary umumy ylmy usulyýetden gelip çykýar, emma muzeýleriň görnüşlerine baglylykda tapawutlanýar. Olar muzeýi öwrenişe we ugurdaş derslere esaslanýar. Meselem, taryhy muzeýleriň ekspozisiýasynyň gurnalyşy çeperçilik ýa-da tebigy-ylmy muzeýleriň ekspozisiýasyndan tapawutlanýar. Birinji ýagdaýda, muzeýi öwreniş taryh ylmy, ýörite we kömekçi taryh dersleri bilen baglanyşykly bolsa, ikinji ýagdaýda, ol sungaty öwreniş bilen, üçünji ýagdaýda bolsa, geologiýa, zoologiýa we başga ylymlar bilen baglanyşykly bolýar.

Ekspozision – sergi işleriniň usulyýeti muzeýleriň ylmy-usulyýet barlaglarynyň iň ösen bölümleriniň biridir. Bu barlaglaryň çylşyrymlylygy ekspozisiýalaryň häsiýetine baglydyr. Usulyýet ekspozisiýanyň ähli meselelerini öz içine alýar: ekspozision-sergi işlerini meýilleşdirmek; ekspozisiýanyň görnüşini kesgitlemek; ekspozisiýanyň gurluşyny, ylmy we estetiki taraplaryny işläp taýýarlamak; ekspozision materiallary saýlamak; arhitektura-çeperçilik görnüşi döretmek; tehniki serişdeleri ulanmak we başg.

Usulyýet barlaglaryň möhüm bölümi – muzeýleriň bilim-terbiýeçilik işleriniň meseleleridir. Bu ugurdaky ýetilen sepgitler muzeý pedagogikasynda öz beýanyny tapýar. Muzeý pedagogikasynyň ýörite bölümleri muzeýe gelýänler bilen işlemegiň usulyýetini we görnüşlerini, muzeýleriň bilim bermekde ornuny kesgitlemegi öwrenýär.

Amaly muzeýi öwrenişiň ***tehnika bölümine*** muzeý ymaratlarynyň çyzgylaryny taýýarlamak meseleleri, muzeý enjamlaryny, dürli görnüşli muzeý materiallaryny ekspozisiýada ýerleşdirmegiň tehnikasy, maglumat bermegiň tehniki serişdeleri, transport serişdeleri, muzeý esbaplarynyň fiziki ýagdaýyny barlamagyň tehnikasy we ş.m. degişlidir.

***Guramaçylyk işleri we dolandyryş*** amaly muzeýi öwrenişiň bölümi bolup, muzeý işiniň we onuň öňünde duran jemgyýetçilik meseleleriniň hemişe çylşyrymlaşýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Bu ugurda alnyp barylýan derňewler, muzeýleriň has amatly içki gurluşyny kesgitlemäge, muzeý ulgamynyň ösüşinde dürli görnüşli muzeýleriň döreýşini we gatnaşygyny kadalaşdyrmaga, muzeý işiniň dolandyrylşyny kämilleşdirmäge, ýeke-täk görnüşli kadalaşdyryjy resminamalary döretmäge gönükdirilendir.

## 6. Muzeý işi häzirki zaman ylymlar ulgamynda

Muzeýi öwrenişiň predmetine, usulyna we gurluşyna düşünmek onuň ylymlar ulgamynda tutýan ornuny kesgitlemäge, ýagny beýleki ylymlar bilen arabaglanşygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Ylymlar ulgamynda tebigy, tehniki we jemgyýetçilik ylymlary tapawutlandyrýarlar. Emma muzeýi öwrenişiň ornuny kesgitlemekde bu bölünişikden ugur almagyň özi belli bir kynçylyklary döredýär, sebäbi muzeýi öwrenişiň predmeti üçin tebigatyň we jemgyýetiň ösüşi bilen baglanyşykly kanunalaýyklyklar mahsusdyr.

Häzirki zaman ylymlar ulgamynda birnäçe ylymlar tebigy we jemgyýetçilik ylymlaryň aralygynda durýar. Bu tebigaty öwrenişiň, tehnikanyň taryhy, kibernetika, geografiýa, etniki antropologiýa, etnobotanika, psihologiýa ýaly ylymlar babatynda şeýledir.

Predmetiniň köpmanylylygy boýunça muzeýi öwrenişi ylymlaryň belli bir görnüşine degişli etmek kyn bolýar. Emma ýokarda berlen muzeýi öwreniş dersiniň predmetiniň kesgitlemesini ýatlasak, muzeý esbaplarynyň üsti bilen bilim bermek we maglumatlary ýaýratmak prosessine degişli kanunalaýyklyklar jemgyýetçilik ylymlary üçin häsiýetlidir. Bu bolsa mu-

zeýi öwrenişi jemgyýetçilik ylymlaryna degişli etmäge mümkinçilik berýär.

Beýleki ylymlar bilen arabaglanyşyk saklamak bilen, muzeýi öwreniş birnäçe üýtgedilen görnüşde olaryň derňew usullaryny kabul edýär. Muzeýi öwrenişde ugurdaş dersler bilen bir hatarda pedagogika, psihologiýa, maglumat nazaryýeti we başgalar özara baglanyşýarlar.

Taryhy muzeýi öwreniş ilki bilen ugurdaş taryhy dersler bilen ýakyn arabaglanyşykda bolýar: taryh we onuň ýörite bölümleri, ýörite we kömekçi taryhy dersler: taryhnama, çeşmeşynaslyk, arheologiýa, etnografiýa, numizmatika, poliografiýa; bulardan başga-da, taryhy muzeýi öwreniş ylmynyň pedagogika, psihologiýa, sosiologiýa, arhiw işi ýaly ylymlar bilen arabaglanyşygy bardyr.

Usulyýet esaslarynyň birligi, barlag usullarynyň meňzeşligi taryhy muzeýi öwreniş bilen taryhy ylymlaryň arasyndaky umumylygy kesgitleýän esas bolup durýar.

Şeýlelikde, muzeýi öwrenişiň obýektiw çylşyrymlylygy onuň beýleki ylymlar bilen arabaglanşygynyň dürlüligini kesgitleýär. Geljekde muzeýi öwrenişiň aýratyn ders hökmünde ösüşi onuň häzirki zaman ylymlar ulgamyndaky ornuny has anyk kesgitlemäge ýardam eder.

# IV BAP

## MUZEÝ IŞI BABATYNDA TÜRKMENISTANYŇ KANUNÇYLYGY

Milli taryhy-medeni mirasy gorap saklamaklyga we dikeltmeklige uly ähmiýet bermek bilen, Türkmenistanda garaşsyzlyk ýyllarynda «Türkmenistanyň taryh we medeniýet ýadygärliklerini goramak hakynda», «Muzeýler we muzeý işi hakynda», «Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek hakynda» Türkmenistanyň kanunlary kabul edildi.

1992-nji ýylyň 6-njy martynda **«Türkmenistanyň taryh we medeniýet ýadygärliklerini goramak hakynda»** Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun 12 bölümden, 43 maddadan ybarat bolup, onda taryh we medeniýet ýadygärliklerine kesgitleme berilýär, olaryň görnüşleri sanalyp geçilýär, ýadygärlikler baradaky eýeçilige, döwlet dolandyrylyşyna, ýadygärlikleriň hasaba alnyşyna, goralşyna, peýdalanylşyna degişli meseleleri çözmegiň kanuny esaslary beýan edilýär. Kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda, «türkmen halkynyň durmuşyndaky taryhy wakalar bilen, jemgyýetiň we döwletiň ösmegi bilen baglanyşykly komplektsler, ýekeleýin obýektler, desgalar, ýadygärlik ýerleri, zatlar we önümler, taryhy, ylmy, çeperçilik ýa-da gaýry gymmaty bolan maddy we ruhy döredijilik eserleri Türkmenistanyň taryh hem-de medeniýet ýadygärlikleri hasaplanýar».

*Kanuna laýyklykda, ýadygärlikleriň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:*

– taryh ýadygärlikleri;
– arheologik ýadygärlikleri;
– şäher gurluşyk we arhitektura ýadygärlikleri;
– sungat ýadygärlikleri;
– dokumental ýadygärlikleri.

Kanunyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän ähli görnüşli ýadygärlikler türkmen halkynyň milli baýlygy diýlip yglan edildi we olar döwlet emlägi bolup, goraglylygy kanun taýdan kepillendirildi.

1996-njy ýylyň 20-nji dekabrynda **«Muzeýler we muzeý işi hakynda»** Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun 6 bölümden, 32 maddadan ybarat bolup, ol Türkmenistanda muzeý işi babatda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär, tebigat ýadygärliklerini, maddy we ruhy medeniýeti, muzeý edaralarynyň işini ylmy taýdan üpjün etmegiň, öwrenmegiň, saklamagyň we peýdalanmagyň hukuk, ykdysady, sosial ýörelgelerini belleýär.

Kanunyň I bölümi umumy düzgünleri beýan edip, onda muzeýlere, muzeý işine kesgitleme berilýär, muzeý işiniň we milli muzeý syýasatynyň esasy ugurlary kesgitlenilýär.

Kanuna laýyklykda, **muzeýler** – munuň özi tebigat ýadygärliklerini, maddy we ruhy medeniýeti öwrenmek, raýatlary milli hem-de dünýä taryhy – medeni mirasynyň gazananlary bilen tanyşdyrmak üçin niýetlenilen medeni, aň-bilim we ylmy – – barlag edaralarydyr.

*Muzeý işiniň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr, ýagny:*
– medeni, aň – bilim, ylmy-barlag işlerinden;
– muzeý eksponatlaryny toplamakdan;
– ekspozisiýa, gazna, neşir, restawrasiýa, ýadygärlik gorag işlerinden.

Muzeýler ýuridik tarap bolup durýarlar, mundan başga-da olar kärhanalarda, edaralarda, guramalarda, okuw jaýlarynda döredilýärler we hereket edýärler.

5. Sargyt № 1023.

Muzeý işine kanunda şeýle kesgitleme berilýär: «**Muzeý işi** munuň özi maddy we ruhy medeniýetiň ýadygärliklerini toplamak, öwrenmek we peýdalanmak boýunça muzeýler tarapyndan amala aşyrylýan medeni, aň-bilim we ylmy işleriň ýörite ugrudyr».

Milli muzeý syýasaty – munuň özi döwlet we jemgyýetçilik işiniň muzeý işi babatdaky esasy ugrunyň we ýörelgeleriniň jemidir.

*Kanuna laýyklykda, milli muzeý syýasatynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr, ýagny:*

– muzeý işiniň netijeliligi üçin sosial-ykdysady, hukuk hem-de ylmy şertleri üpjün etmekden;
– muzeý işiniň häzirki zaman infrastrukturasyny kemala getirmäge ýardam bermekden;
– muzeýler ulgamyny goldamakdan we ösdürmekden;
– muzeý hünärmenlerini taýýarlamagy, olaryň professional hünärlerini ýokarlandyrmagy, olary hukuk we sosial taýdan goramagy üpjün etmekden;
– muzeý işini ösdürmegiň döwlet we ýerli maksatnamalaryny işläp düzmegi hem-de durmuşa geçirmegi býujet taýdan maliýeleşdirmekden (şol sanda paýlaýyn başlangyçlarda) we ilkinji nobatda material – tehniki taýdan üpjün etmekden;
– muzeýleri goramagy üpjün etmekden;
– muzeý işi bilen baglanyşykly ylmy-barlaglary goldamakdan;
– muzeý işi babatda halkara hyzmatdaşlygyna ýardam etmekden.

Kanunyň II bölümi «Muzeýleriň görnüşleri, olary döretmegiň tertibi we material bazasy» diýlip atlandyrylýar. Kanunyň 5-nji maddasyna laýyklykda, muzeýler özleriniň ugry boýunça şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler: taryhy, arheologik, ülkäni öwreniş, tebigaty öwreniş, edebiýat, çeperçilik, etnografik, tehniki, pudaklaýyn we başg.

Ýadygärlikleriň we tebigatyň, taryhyň, medeniýetiň özbaşdak ýadygärlikleriniň sazlaşygynyň, toplumynyň we aýratyn taryhy, ylmy hem-de medeni gymmatlyklaryň esasynda taryhy we medeni goraghanalar, muzeý goraghanalary we beýleki muzeýler döredilip bilner.

Muzeýler döredilşine görä iki hili bolup bilýär: döwlet muzeýleri we ýerli muzeýler. Döwlet muzeýinde umumydöwlet ähmiýetli ýadygärlikleriň muzeý ýygyndysy bolýar we ol Türkmenistanyň muzeýler ulgamynyň degişli ugurly toparlarynda medeni, aň-bilim we ylmy – barlag işlerini alyp baryjy edara bolýar, oňa Türkmenistanyň milli muzeýiniň derejesi berlip bilner.

*Kanunyň 6-njy maddasyna laýyklykda, muzeýi döretmek üçin ony döredijiler şulary üpjün etmelidirler, ýagny:*

– muzeý ýygyndysyny emele getirmegi;
– zähmetiň möhüm şertlerini döretmek üçin zerur bolan material bazany, ekspozisiýalar üçin jaýlary we muzeýiň gaznasynyň saklanylýan jaýyny;
– muzeýi goramak üçin şertleri;
– muzeýiň işlemegi üçin onuň maliýeleşdirilmegini we hünärmenler bilen üpjün edilmegini;
– muzeýiň takyk tertip boýunça işlemegini.

Muzeý ony döreden ýa-da döredijiler tarapyndan tassyklanylan düzgünnama esasynda hereket edýär. Muzeýiň düzgünnamasynda şular kesgitlenilýär, ýagny:

– muzeýiň ady, onuň derejesi, ony döredenleriň düzümi, olaryň hukuklary we borçlary;
– guramaçylyk taýdan gurluşy, esasy wezipeleri we işiniň ugry;
– serişdeleriň gelýän çeşmeleri we olary peýdalanmagyň tertibi, muzeýiň emläginiň düzümi, muzeýi gaýtadan guramagyň we ýatyrmagyň tertibi, muzeý ýatyrylan halatynda ondaky zatlary saklamagyň şertleri;
– muzeýiň işiniň beýleki şertleri.

Eýeçiligiň haýsy görnüşindedigine garamazdan, muzeýleriň döwlet bellige alnyşy Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan geçirilýär.

Muzeýleriň bellige alynýanlygy üçin töleg girizilýär, onuň möçberi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

*Muzeýi bellige aldyrmak üçin şu aşakdaky resminamalar berilýär:*

– muzeýi döredendikleri hakynda döredijiniň (döredijileriň) çözgüdi;
– şol muzeýe degişli düzgünnama;
– döwlet belligine alnandygy üçin töleg resminamasy;
– maliýeleşdirilmeginiň çeşmelerini görkezýän muzeýiň işlemegi üçin gerekli bolan möhüm resminamalar.

Kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, okuw jaýlarynyň ýanynda döredilýän muzeýler bellige alynmaga degişli däldirler. Şolar ýaly muzeýleri döretmegiň we hasaba almagyň tertibini Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi kesgitleýär.

Muzeýleriň maliýeleşdirilmegi eýeçiliginiň görnüşine görä, Türkmenistanyň döwlet býujetiniň, ýerli býujetleriň we kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, raýat birleşmeleriniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

*Muzeýleri maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmeleri şular bolup durýar, ýagny:*

– muzeýlere, sergilere gelip görmek üçin tölegler;
– muzeý edarasynyň kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň, raýat birleşmeleriniň we aýry-aýry raýatlaryň buýurmalary boýunça ýerine ýetiren ylmy-barlag işleri we beýleki görnüşli işler üçin alýan serişdeleri:
– ýadygärlik önümleriniň, neşir işleriniň satylmagyndan gelýän düşewüntler;
– kino we surata düşürmeler üçin tölegler;
– beýleki çeşmeler, şol sanda Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda walýuta girdejileri.

Kanunyň III bölümi «Muzeýleriň dolandyrylyşy we öz-özüni dolandyryşy, muzeýleriň emläk hukuklarynyň kepilleri» diýlip atlandyrylýar we bu bölümde muzeý işi babatynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň ygtyýarlyklary, muzeýleriň öz-özüni dolandyrmagy barada aýdylýar.

Kanunyň IV bölüminde Türkmenistanyň muzeý gaznasy barada aýdylýar, hususan-da muzeý gaznasynyň emele getirilişi barada, muzeý gaznasynyň ýadygärlikleriniň hasaba alnyşy barada, muzeý gaznasynyň abatlygy barada, ýadygärlikleri Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykarmagyň tertibi, olaryň kepillendirmesi, konserwasiýasy we restawrasiýasy barada maddalar getirilýär.

*Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň muzeý gaznasyna şular girýär, ýagny:*

- ylmy, taryhy, çeperçilik ýa-da beýleki medeni gymmatlygy (mundan beýläk – ýadygärlikler) bolup, görnüşine garamazdan we Türkmenistanyň çäklerinde saklanýan tebigatyň, maddy we ruhy medeniýetiň gozgalýan ýadygärlikleriniň (etnografik gymmatlyklar, arheologik tapyndylar, bezeg-amaly haşam sungatynyň eserleri, golýazmalar we beýlekiler) jemi;
- gozgalmaýan ýadygärlikleriň Türkmenistanyň muzeýlerinde saklanýan jemi (taryhy we memorial obýektler, monumental sungatyň eserleri, tebigy – taryhy ýadygärlikler, döwlet taryhy-medeni goraghanalary we beýleki ýadygärlikler).

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda saklanýan we halkara şertnamalary boýunça Türkmenistana gaýtarylyp berilmäge degişli ýadygärlikler hem Türkmenistanyň muzeý gaznasyna degişli bolup biler.

Türkmenistanyň muzeý gaznasy döwletiňki bolup durýan we döwletiňki bolup durmaýan böleklerden ybaratdyr.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň döwletiňki bolup durýan bölegine, döwlet eýeçiliginde bolup durýan muzeý eksponatlary we aýry-aýry ýadygärlikler degişlidir.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň döwletiňki bolup durmaýan bölegine, eýeçiligiň başga görnüşlerine esaslanýan muzeý eksponatlary, şol sanda jemgyýetçilik, dini guramalaryň, aýry-aýry raýatlaryň we olaryň birleşmeleriniň eýeçiliginde bolup durýan ýadygärlikler degişlidir.

Muzeýleriň eýeleri bolup durýan hukuk we şahsy taraplar Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň abatlygyny üpjün etmäge we onuň üstüniň doldurylyp durulmagy üçin ýardam etmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň örän seýrek duş gelýän, şeýle hem ajaýyp ylmy, taryhy, çeperçilik ýa-da başga medeni ähmiýeti bolan ýadygärlikleri eýeçiligiň görnüşine we saklanýan ýerine garamazdan, Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan milli medeni mirasyň Döwlet sanawyna girizilýär.

Milli medeni mirasyň Döwlet sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnama, milli medeni emlägiň Döwlet sanawyna girýän ýadygärlikler hakyndaky düzgünnama we olaryň saklanylyşynyň şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

Muzeýlerde saklanylýan we Milli arhiw gaznasyna degişli ýadygärlikleri hasaba almak, saklamak we peýdalanmak işleri «Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakyndaky» Türkmenistanyň kanuny[1] tarapyndan düzgünleşdirilýär.

*Kanunyň 23-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň muzeý gaznasyny emele getirmek işi şeýle ýollar bilen amala aşyrylýar, ýagny:*

---

[1] «Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakyndaky» Kanun 1993-nji ýylda kabul edildi. 2003-nji ýylda bu Kanun gaýtadan işlenilip, «Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda» Kanun kabul edildi.

- Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan, beýleki ministrlikler we pudaklaýyn edaralar, olaryň ýerlerdäki guramalary tarapyndan ýadygärlikleriň döwlet býujetiniň hasabyna we muzeýleriň özleriniň hususy serişdeleriniň hasabyna satyn almagy bilen;
- arheologik, etnografik, ylmy-tebigaty öwreniş we beýleki ekspedisiýalar, gurluşyk, bejeriş ýa-da dikeldiş işleri wagtynda ele salnan ýadygärlikleri, şol sanda gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan bolan ýadygärlikleri hem-de genji-hazynalary bellenilen tertipde muzeýlere bermek ýoly bilen;
- ýadygärlikleriň kärhanalar, edaralar, guramalar we raýatlar tarapyndan muzeýlere mugt berilmegi bilen;
- hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, raýatlaryň emläginiň döwletiň haýryna geçirilmeginiň netijesinde alnan ýadygärlikleriň muzeýlere berilmegi bilen;
- gözlenilýän, bikanun äkidilen ýadygärlikleriň Türkmenistana gaýtarylyp berilmegi bilen;
- gümrükhanada alnyp galynan ýadygärlikleriň berilmegi bilen;
- hereket edýän kanunçylyga ters gelmeýän beýleki usullar arkaly muzeý eksponatlarynyň üstüniň doldurylmagy bilen.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň ýadygärlikleri hasaba alynmaga degişlidir. Muzeý gaznasynyň ýadygärliklerini hasaba almagyň tertibi, Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

Kanunyň 26-njy maddasynda, Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň abatlygyny üpjün etmek barada aýdylýar, ýagny Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň ýadygärlikleriniň eýeleri ýa-da oňa ygtyýarly edaralar şol ýadygärlikleriň degişli hasabatyny we abatlygyny üpjün etmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň ýadygärliklerini degişli derejede saklamagy üpjün etmek maksady bilen olaryň

eýeleri ýa-da oňa ygtyýarly organlar degişli şertler döretmelidirler, ýadygärlikleri saklamagyň ylmy taýdan esaslandyrylan ýörite düzgünini ýola goýmalydyrlar, olaryň konserwasiýasyny we restawrasiýasyny geçirmelidirler.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň ýadygärliklerini ýok etmäge ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň hukuk taýdan goralyşy hereket edýän kanunçylyk arkaly kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň döwlet eýeçiliginde bolup durýan ýadygärlikleri hususylaşdyrmaga degişli däldir.

Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň ýadygärliklerini sergilerde görkezmek üçin ýa-da dikeldiş işlerini geçirmek üçin Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň rugsat bermegi bilen serhetden aňyrda wagtlaýyn bolmagyndan başga halatlarda, Türkmenistanyň çäklerinden daşary çykarmak gadagan edilýär.

Kanunyň 29-njy maddasynda Türkmenistanyň muzeý gaznasynyň ýadygärlikleriniň abat saklanylmagy we dikeldilmegi barada aýdylýar.

Türkmenistanyň Muzeý gaznasynyň ýadygärlikleriniň konserwasiýa we restawrasiýa işlerini diňe Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň edaralary, muzeýleriň restawrasiýa bölümleri, Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginden ygtyýarnamasy bolan ýöriteleşdirilen kärhanalar, guramalar we aýry-aýry restawratorlar ýerine ýetirip bilerler.

Döwlet restawrator hünärmenleri taýýarlamakda, ýöriteleşdirilen restawrasion edaralarynyň ulgamyny ösdürmekde ýardam edýär.

Kanunyň V bölüminde muzeýleriň işinde halkara hyzmatdaşlygy barada aýdylýar.

Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň muzeýleri muzeý işi babatda köptaraplaýyn we ikitaraplaýyn ylalaşyklar esasynda halkara medeni hyzmatdaşlyga gatnaşýarlar.

*Muzeýleriň halkara medeni hyzmatdaşlyga gatnaşmagy bellenilen tertipde şu ýollar bilen amala aşyrylýar, ýagny:*

– halkara ylmy maksatnamalary işläp düzmek we amala aşyrmak esasynda bilelikdäki ylmy – barlaglary geçirmek bilen;
– muzeý maglumatlaryny, sergileri özara alyşmagy, muzeý işini guramagyň halkara tejribesini öwrenmegi amala aşyrmak bilen;
– halkara maslahatlaryny, kongreslerini, simpoziumlaryny, sergilerini geçirmek we olara gatnaşmak bilen;
– muzeý işgärlerini bilelikde taýýarlamagy, neşir işini ösdürmegi guramak bilen;
– Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara şertnamalaryna ters gelmeýän bolsa ylalaşyk esasynda başga işleri-de bilelikde amala aşyrmak bilen.

Kanunyň VI bölüminde Türkmenistanyň muzeýler we muzeý işi hakyndaky kanunçylygyň bozulanlygy üçin jogapkärçiligiň görnüşleri göz öňünde tutulýar. Raýatlar ýa-da ýuridiki taraplar muzeýe ýetiren maddy zyýanynyň öwezini hereket edýän kanunçylyga laýyklykda dolýarlar. Kanunçylygy bozmakda günäkär taraplar hereket edýän kanunçylyga laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

«Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi muzeý işiniň ösmegine, muzeýleriň halkyň medeni durmuşynda eýeleýän ornunyň ýokarlanmagyna, Türkmenistanyň muzeýleriniň halkara derejelerine gabat gelýän ylmy-barlag, medeni, aň-bilim edaralaryna öwrülmegine ýardam etdi.

1998-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda **«Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek»** hakynda Türkmenistanyň kanuny kabul edildi. Bu kanun türkmen halkynyň medeni mirasyny saklamagy maksat edinýär we gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak çygrynda gatnaşyklary belleýär, olaryň bikanun äkidilmeginden, getirilmeginden we olara bolan eýeçilik hukugynyň berilmeginden gora-

maga gönükdirilendir, halkara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam etmäge niýetlenendir. Kanun 9 bölümden, 54 maddadan ybarat bolup, onda gozgalýan medeni gymmatlyklara şeýle kesgitleme berilýär:

**Gozgalýan medeni gymmatlyklar** diýlip öz niýetlenilişi we tebigaty boýunça jemgyýetçilik-adamzat işiniň elli ýyl ýa-da şondan hem köp ýyl ozal döredilen gozgalýan material eserlerine we uly medeni gymmata eýe bolan beýleki esbaplara, hususan-da etniki, arheologik, taryhy, çeperçilik, ylmy, tehniki, dini we gaýry babatdaky esbaplara, şeýle hem milli durmuşyň adaty we özboluşly hadysalaryny häsiýetlendirýän esbaplaryna düşünilýär. Gozgalýan medeni gymmatlyk mundan elli ýyldan bärde döredilen, uly medeni gymmata eýe bolan eser hem bolup biler.

Şeýle-de Kanunda gozgalýan medeni gymmatlyklaryň döwlet tarapyndan hasaba alynmagy, olary saklamak, gymmatlyklary äkitmegiň we getirmegiň tertibi, gymmatlyklara bolan eýeçilik hukugynyň bikanun berilmeginiň öňüni almak kanuny taýdan berkidilýär.

2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen geçiren duşuşygynda türkmen halkynyň medeni durmuşyny ýokarlandyrmak barada birnäçe il-ýurt bähbitli resminamalara gol çekdi. Şol resminamalaryň arasynda **«Muzeý gymmatlyklaryny satyn almak baradaky»** Kararyň muzeý işi üçin uly ähmiýeti bardyr. Karara laýyklykda, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligine muzeý gymmatlyklaryny ýüze çykarmak we satyn almak boýunça ýörite topar döretmek tabşyryldy.

2010-njy ýylyň mart aýynda **«Medeniýet hakynda»** Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanun Türkmenistanyň halkynyň medeniýetini döretmek, gaýtadan dikeltmek, aýawly saklamak, ösdürmek we peýdalanmak çygryndaky jemgyýet-

çilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär; Türkmenistanyň raýatlarynyň medeni durmuşa gatnaşmaga we olar üçin medeni gymmatlyklaryň elýeterli bolmagyna bolan konstitusion hukuklaryň goralmagyna we üpjün edilmegine gönükdirilendir; medeniýet babatda döwlet syýasatynyň hukuk, ykdysady, durmuş we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär.

Kanunyň II baby «Türkmenistanyň medeni gymmatlyklary we milli medeni baýlyklary» diýlip atlandyrylýar. Kanunda medeni gymmatlyklar barada, olary hasaba almak barada, medeni gymmatlyklaryň goragynyň derejeleri barada, Türkmenistanyň milli medeni baýlygynyň desgalarynyň Döwlet sanawy barada, medeni gymmatlyklaryň getirilmegi we äkidilmegi barada maddalar beýan edilýär.

«Medeniýet hakyndaky» Kanunyň kabul edilmegi Türkmenistanda medeni gymmatlyklaryň goralyp saklanmagyna, toplanylmagyna, öwrenilmegine oňaýly täsir eder. Türkmen halkynyň baý geçmiş taryhynyň, ajaýyp tebigatynyň, eşretli şu gününiň şaýatlary hökmünde medeni gymmatlyklarymyz ýurdumyzyň muzeýlerinde görkezilip, Garaşsyz Türkmenistanyň şan-şöhratyny dünýä ýüzüne ýaýmakda mynasyp goşant goşýarlar.

# V BAP

# TARYHY MUZEÝLER WE OLARYŇ JEMGYÝETÇILIK WEZIPELERI

## 1. Taryhy muzeýler

Muzeý işiniň tejribesiniň öwrenilmegi muzeýleriň ylym we medeniýet ulgamlaryndaky ornunyň, halkyň ruhy medeniýetine täsiriniň artýandygy barada şaýatlyk edýär. Bu ilki bilen taryhy muzeýler babatynda şeýledir, sebäbi olar aýratyn terbiýeçilik ähmiýete eýedir.

Nazary muzeýi öwrenişde muzeýleriň ornunyň ýokarlanmagynyň obýektiw kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarmakda birnäçe işler amala aşyryldy. Jemgyýetiň ruhy durmuşynda muzeýleriň orny baradaky jedellere muzeýi öwrenijiler we taryhçylar bilen bir hatarda sosiologlar, sungaty öwrenijiler, arhiwçiler hem işjeň gatnaşdylar. Olaryň ünsi, esasan, muzeýleriň medeniýetiň ösmeginde tutýan ornuna, muzeýleriň ugurdaş ylymlar bilen baglanyşygyna gönükdirildi.

Muzeýleriň şahsyýetiň dünýägaraýşynyň kemala gelmegine edýän täsiriniň, olaryň däp-dessurlaryň öwrenilmegine we saklanylmagyna goşýan goşandynyň nazary we amaly taýdan öwrenilmegi uly ähmiýete eýedir. Bu meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy dürli görnüşli muzeýler üçin wajypdyr, emma taryhy muzeýler üçin olar has ähmiýetlidir. Taryhy muzeýler we özeni taryhy bölümlerden ybarat bolan ülkäni öwreniş muzeýleri muzeý ulgamynda iň köp sanly topary düzýärler.

Taryhy muzeýleriň işiniň mazmuny jemgyýetiň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr.

Taryhy muzeýleriň ýöriteleşdirilen edaralar hökmünde döredilmegi XVI–XVII asyrlara degişlidir. Bu döwür Ýewropada ylmyň, sungatyň, edebiýatyň, tehnikanyň we senetleriň ösmegi bilen bellidir. Beýik geografiki açyşlar, Kopernik tarapyndan planetalar ulgamynyň öwrenilmegi tebigy ylymlaryň dini täsirden azat bolmagyna getirýär. Kitaplaryň neşir edilip başlanmagy bilen dürli bilimler, ylmy maglumatlar çalt depginde halkyň arasynda ýaýrap başlaýar. Bilime, täze açyşlara bolan isleg barha ýokarlanýar.

Önümçilik, ylmy we jemgyýetçilik zerurlygyň ýokarlanmagynyň netijesinde dürli görnüşli kolleksiýalar: aýry-aýry alymlaryň, tebigy geň zatlaryň, seýrek zatlaryň kolleksiýalary peýda bolýar. Wagtyň geçmegi bilen kolleksiýalary ulgamlaşdyrmagyň netijesinde esbaplara taryhy taýdan çemeleşme artýar. Şol bir wagtda taryhy we medeni kolleksiýalary toplamak işi başlanýar.

Ylmy derňewler köplenç halatda muzeý kolleksiýalarynyň esasynda geçirilip başlanýar. Ir döwre degişli arheologik kolleksiýalar gadymy dünýäniň taryhyny öwrenmekde esasy çeşme bolup çykyş edýär.

XVIII asyryň II ýarymynda Ýewropada muzeýleriň işi ylmy häsiýete eýe bolup başlaýar. Muzeýler ylmy gymmatlyklaryň gaznasy, medeni-taryhy mirasyň saklanýan ýeri hökmünde ykrar edilýär. Tä XIX asyra çenli taryhyň gadymy we irki orta asyrlar döwri, esasan, muzeý esbaplarynyň üsti bilen öwrenilýär. Özbaşdak taryhy muzeýleriň döredilmegi hut şu döwre degişlidir.

XIX asyryň II ýarymynda köpugurly milli muzeýleri döretmek işi has ýaýbaňlandyrylýar. Iri taryhy muzeýleriň döredilmegi kömekçi taryhy dersleriň ösüşi bilen, uniwersitetleriň, ylmy taryhy jemgyýetleriň döremegi bilen baglanyşykly bolupdyr. Arheologiýa we etnografiýa ylymlarynyň ösmegi bilen ýöriteleşdirilen arheologik we etnografik muzeýler döredilip başlanýar.

## 2. Muzeýleriň esasy jemgyýetçilik wezipeleri

Medeniýet, ylym, bilim pudaklarynda, terbiýeçilik işlerinde muzeýler jemgyýet tarapyndan öňde goýulýan özboluşly meseleleri çözýärler. Muzeýleriň jemgyýetde ornuny kesgitlemekde olaryň öňünde goýulýan talaplardan gelip çykýan sosial wezipelere düşünmek wajyp ähmiýete eýedir.

*Muzeýleriň esasy jemgyýetçilik wezipeleri şulardan ybaratdyr:*

– muzeýler tebigatyň we jemgyýetiň ösüş kanunalaýyklyklaryny, hadysalaryny, wakalaryny ylmy taýdan resmileşdirmek üçin niýetlenendir (ylmy-resmileşdiriş wezipesi);
– olar milli we dünýä medeniýetiniň bähbitlerine taryhy-medeni gymmatlyklary goramak meselelerini çözmelidir (gorag wezipesi);
– muzeýler ylmy derňewleriň özboluşly merkezleri bolup durýarlar (ylmy – barlag wezipesi);
– muzeýler adamlaryň hemmetaraplaýyn terbiýesine işjeň gatnaşýan edaradyr (bilim-terbiýeçilik wezipesi).

Bu wezipeler hemme muzeýler üçin mahsusdyr, emma olaryň gatnaşygy muzeýleriň görnüşine görä üýtgäp bilýändir.

**Ylmy-resmileşdiriş we gorag wezipeleri** tebigatyň we jemgyýetiň ösüşini şöhlelendirýän hadysalary öwrenmekde amala aşyrylýar. Muzeýleriň hereket etmegi üçin ylmy ýygyndylaryň toplanylmagy zerurdyr. Muzeý işiniň esasynda muzeý esbaplary durýar. Ylmy taýdan gurnalan, muzeýiň görnüşine gabat gelýän muzeý esbaplarynyň ýygyndysy muzeýiň esasy alamaty bolup durýar.

Muzeýler elmydama öz ýygyndylaryny baýlaşdyryp, olaryň gurluşyny kämilleşdirmelidir. Eger-de muzeýler öz serişdeleri arkaly taryhy ösüşi öwrenmäge ýardam edýän bol-

salar, ýygyndylary muzeý ekspozisiýalaryny döretmäge mümkinçilik berýän bolsa, olar ylmy-resmileşdiriş we gorag wezipelerini ýerine ýetirip bilýärler. Muzeý ýygyndylary döwlet eýeçiliginde bolup, olar kanun tarapyndan goralýandyr. Muzeýler jemgyýetiň we döwletiň öňünde taryhy gymmatlyklaryň fiziki, ylmy goraglylygy üçin jogapkärçilik çekýärler. Olar ähli kabul edilýän esbaplary kesgitleýärler we hasaba alýarlar, esbaplaryň belli bir muzeýe, muzeý gaznasyna degişlidigini berkidýän resminama ulgamyny döredýärler.

Taryhy muzeýleriň ýygyndylaryna taryhy gymmatlyga eýe bolan esbaplar, şol sanda häzirki döwre degişli esbaplar hem girizilýär. Olar barlaglarda, ekspozisiýalarda we sergilerde, neşirlerde we muzeý işiniň beýleki görnüşlerinde peýdalanylýar. Taryhy muzeýleriň gaznalary jemgyýetiň syýasy, ykdysady, sosial we medeni ösüşiniň şaýatlary bolan maddy, çeperçilik, ýazuw we ses ýazgylary ýaly subutnamalardan durýandyr.

Ylmy-resmileşdiriş we gorag wezipelerine medeni gymmatlyklary aýawly saklamak hem degişlidir. Medeni gymmatlyklaryň gaznahanalarda dogry ýerleşdirilmegine, goralmagyna, dikeldilmegine, ýurtdan çykarylanda ýitirilmezligine, tebigy hadysalardan goraglylygyna muzeýler jogapkärçilik çekýärler.

**Muzeýleriň ylmy-barlag wezipesi** uly ähmiýete eýedir. Muzeýler özüniň degişli ugruna görä dürli meseleleri çözýärler. Meselem, taryhy muzeýler taryhy maglumatlaryň esasynda jemgyýetiň ösüşini öwrenýär, muzeýleriň ylmy-barlag işlerinde taryh ylmynyň öňünde durýan wezipelerden ugur alynýar. Muzeýlerde alnyp barylýan ylmy-barlag işleri ilki bilen muzeý esbaplaryny toplamaga we şol esbaplary taryhy çeşmeler hökmünde öwrenmäge gönükdirilendir. Muzeýiň ylmy barlaglary muzeý esbaplarynyň, muzeý ýygyndylarynyň esasynda alnyp barylýar.

Muzeýler tarapyndan alnyp barylýan barlaglaryň göwrümi we derejesi ekspozisiýalaryň we sergileriň ylmy taýdan

gurnalyşynyň derejesini, bilim-terbiýeçilik işleriniň hilini kesgitleýän esasy görkezijileriniň biridir.

Şeýlelikde, muzeýler ugurdaş ylmy boýunça geçirilýän barlaglara özboluşly goşant goşup, şol bir wagtda nazary muzeýi öwreniş bilen baglanyşykly barlaglary alyp barýarlar.

**Muzeýleriň bilim-terbiýeçilik wezipeleriniň** durmuşa geçirilmegi muzeýe gelýänleriň hemmetaraplaýyn ösen, giň dünýägaraýyşly, ruhy taýdan baý, öz halkynyň, ýurdunyň taryhyna düşünýän, oňa buýsanýan şahsyýetleriň kemala gelmegine ýardam edýär. Muzeýleriň muzeý esbaplaryny resmileşdirmek, goramak, öwrenmek, esbaplaryň üsti bilen bilim bermek we terbiýelemek wezipeleri biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr.

Muzeý esbaplary hakyky çeşmeler, medeni gymmatlyklar hökmünde attraktiw häsiýete (duýgulary döredip bilýän) eýe bolan maglumatlary berýär, bu bolsa muzeýleriň özboluşly aýratynlygydyr. Muzeýlere baryp, ekspozisiýalara syn etmek dynç alşyň meşhur görnüşidir. Medeni dynç alşyň bu görnüşiniň uly geljegi bardyr.

## 3. Muzeý ulgamy we muzeýleriň toparlara bölünişi

Muzeýler territorial we mazmun taýdan hemişe ösüş ýagdaýynda bolup, özboluşly ulgamy emele getirýärler. Dürli toparlara we görnüşlere degişli muzeýleri birikdirýän bu ulgama **muzeý ulgamy** diýilýär.

Muzeý ulgamynyň kemala gelmegine jemgyýetçilik islegleriniň özgermegi, ylmyň, sungatyň, maddy önümçiligiň, galyberse-de, muzeýi öwrenişiň ösüşi ýaly jemgyýetçilik ýagdaýlaryň birnäçesi täsir edýär. Muzeý ulgamy uzak taryhy döwrüň dowamynda kemala geldi.

Muzeýleriň görnüşi boýunça toparlara bölünmegi ugurdaş ylma ýa-da ylymlaryň toplumyna, sungatyň görnüşine, jem-

gyýetçilik önümçiliginiň pudaklaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Ugurlar boýunça toparlara bölünmegi muzeýiň işiniň esasy mazmunyny kesgitleýär.

Muzeýleri ugurlar boýunça toparlara bölmekde anyk taryhy jemgyýetçilik isleglerden ugur alynýar. Muzeýiň belli bir görnüşi öz içinde has anyk, kesgitli toparlara hem bölünip bilýär. Meselem, taryhy muzeýler umumytaryhy muzeýlerine, arheologik, etnografik, harby-taryhy muzeýlere bölünip bilýär. Şol bir wagtda taryhy muzeýler milli ýa-da sebitleýin, bir taryhy döwri ýa-da hemme taryhy döwürleri şöhlelendirýän görnüşlerde bolup biler.

Mundan başga-da, birnäçe ugurlary öz içine alýan kompleksleýin muzeýleri tapawutlandyrýarlar. Taryhda kompleksleýin muzeýler bir ugurly muzeýlerden öň döräpdir.

*Muzeýi öwreniş ylmynda muzeýleriň birnäçe klassifikasiýa ulgamyny tapawutlandyrýarlar:*

- Muzeýleriň jemgyýetçilik niýetlenilişi boýunça görnüşleri.
- Muzeýleriň saklanylýan mirasyň häsiýeti boýunça görnüşleri.
- Eýeçiligiň görnüşi boýunça muzeýleriň toparlary.
- Alyp barýan işiniň möçberi (administratiw-territorial bölünişigi) boýunça muzeýleriň görnüşleri.
- Muzeýleriň derejesi boýunça görnüşleri.
- Muzeýleriň eksponatlarynyň ylmy ugra degişliligi boýunça görnüşleri.

**Muzeýleriň jemgyýetçilik taýdan niýetlenilişi boýunça** aşakdaky toparlaryny tapawutlandyrýarlar:

- ylmy-barlag muzeýleri;
- okuw muzeýleri;
- ylmy-aň-bilim muzeýleri;
- çagalar muzeýleri.

Muzeýiň belli bir görnüşe degişliligi onuň jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirişine we öz işinde esasy öňde goýýan

6. Sargyt № 1023.

maksatlaryna baglylykda kesgitlenilýär. *Ylmy-barlag muzeýleri* ylmy edaralaryň ýanynda döredilýär. Bu muzeýleriň ýygyndylary ylmy barlaglary geçirmekde peýdalanylýar.

*Okuw muzeýleri* bilim berijilik wezipeleriň ýerine ýetirilmegine gönükdirilendir. Olar orta, ýörite orta mekdepleriň, ýokary okuw mekdepleriniň ýanynda döredilýär. Bu muzeýlerde bilim prosesinde zerur endikleri kemala getirmäge ýardam berýän ýygyndylar toplanylýar.

*Aň-bilim muzeýleri* – ylmy-barlag işleri bilen meşgullanýan we giň köpçülige niýetlenilen muzeýlerdir. Olaryň gaznalary medeni –bilim maksatlar bilen giňden ulanylýar. Ylmy-aň-bilim muzeýleriň işinde ekspozisiýalary, sergileri we dürli görnüşli medeni-bilim çäreleri taýýarlamak işine aýratyn üns berilýär.

*Çagalar muzeýleri* ýörite çagalar üçin niýetlenilip, olaryň ýaş we psihologik aýratynlyklary göz öňünde tutulýar. Bu muzeýleriň ekspozisiýalaryna hereketlendirip, oýunda peýdalanyp, eliňe alyp görmek üçin elýeterli bolan eksponatlar goşulýar.

Muzeý tejribesinde ilkinji çagalar muzeýi 1899-njy ýylda esaslandyrylan Bruklin muzeýidir (ABŞ). Häzirki wagtda ABŞ-da, Germaniýada, Russiýada ýörite çagalar muzeýleri we iri muzeýleriň ýanynda Çagalar merkezleri hereket edýär.[1]

**Muzeýleriň saklanylýan mirasyň häsiýeti boýunça** toparlara bölünmegi 1960–1980-nji ýyllarda peýda bolýar. Bu bölünişige laýyklykda, kolleksion we ansambl görnüşli muzeýleri tapawutlandyrýarlar. Kolleksion muzeýlere gozgalýan esbaplaryň ýygyndylaryny özünde jemleýän muzeýler degişlidir.

*Ansambl görnüşli muzeýler* gozgalmaýan ýadygärlikleri, interýerleri, landşaftlary goramak wezipesini ýerine ýetirýär. Bu görnüşli muzeýlere muzeý-goraghanalar, köşk-muzeýler we başgalar degişlidir.

---

[1] Çagalar muzeýleri barada maglumatlar bilen *www/childrens-museums. ord/ full_world. htm.* Internet sahypasynda tanşyp bolýar.

## Eýeçiligiň görnüşi boýunça muzeýleriň toparlary

Muzeý ulgamynyň ösüşi klassifikasiýalaryň çylşyrymlaşmagyna getirdi. Häzirki döwürde ähli muzeýleri döwlet muzeýlerine we döwlete degişli däl muzeýlere bölýärler. *Döwlet muzeýleri* döwletiň eýeçiliginde durýarlar we döwlet býujetinden maliýeleşdirilýärler. Pudaklaýyn muzeýler hem degişli ministrlikleriň we pudaklaryň üsti bilen döwlet býujetinden maliýeleşdirilýär. Mysal üçin, Türkmen halysynyň milli muzeýi «Türkmenhaly» döwlet paýdarlar jemgyýetiniň garamagynda durýar.

*Jemgyýetçilik muzeýleri* jemgyýetçilik tarapyndan döredilip, olary esaslandyran guramalaryň serişdelerine, döwlet muzeýleriniň ylmy-usuly ýolbaşçylygynda hereket edýär. Jemgyýetçilik muzeýleriniň gaznalarynda ýerli taryhy wakalar bilen baglanyşykly esbaplar saklanylýar.

*Hususy muzeýleriň* esasynda hususy adamlara degişli ýygyndylar durýar, emma olar köpçülik üçin elýeterli edilýär.

**Alyp barýan işiniň çygry boýunça muzeýleri** aşakdaky toparlara bölüp bolýar: *milli muzeýler, welaýat, etrap, şäher muzeýleri*. Bu klassifikasiýa muzeýiň alyp barýan işiniň administratiw-territorial çäkleri we onuň ähmiýeti bilen baglanyşykly bolup durýar.

Muzeýiň derejesi onuň muzeýleriň arasyndaky ornuny, hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýär. **Muzeýiň derejesi boýunça** *esasy muzeýleri*, olaryň *şahamçalaryny we muzeý – goraghanalary* tapawutlandyrýarlar.

**Muzeýleriň eksponatlarynyň ylmy ugra degişliligi boýunça** klassifikasiýasy muzeýiň belli bir ylmy pudak bilen, işiň, sungatyň görnüşi bilen baglanyşygyny beýan edýär. Muzeýiň görnüşi ýygyndylaryň düzümine, ekspozisiýalaryň temasyna, ylmy barlaglaryň mazmunyna bagly bolup, muzeý işiniň esasy ugruny we görnüşlerini kesgitleýär.

Ylmyň, medeniýetiň we önümçiligiň ösmegi bilen täze dersler, ylmy pudaklar döreýär. Netijede profil toparlaryň sany köpelýär. Bu klassifikasiýada, esasan, muzeýleriň aşakdaky profil toparlaryny tapawutlandyrýarlar:

– *Gumanitar muzeýler:* taryhy muzeýler, sungat (çeperçilik, teatr, saz, kinosungatynyň muzeýleri) muzeýleri, edebiýat muzeýleri.
– *Tebigat muzeýleri:* biologik (botanik, zoologik, janly tebigatyň muzeýi) muzeýler, geologik muzeýler (paleontologik, mineralogik muzeýler), topragy öwreniş muzeýleri.
– *Ylym we tehnika muzeýleri:* politehnik muzeýler, pudaklaýyn muzeýler.

Muzeýiň degişli ylmy ugrunyň gurluşyna baglylykda olar ýene-de birnäçe has dar ylmy ugra degişli toparlara bölünip bilýär.

**Gumanitar muzeýleriň** iň köp sanlysy – *taryhy muzeýlerdir* (34% gowrak). Taryhy muzeýler umumytaryhy muzeýlere (adamzadyň tutuş taryhyny beýan edýän), milli taryhyň muzeýlerine (aýratyn döwletiň taryhyny beýan edýän), ýerli taryhyň muzeýlerine (aýratyn sebitiň taryhyny beýan edýän), ýörite taryhy muzeýlere: harby-taryhy muzeýlere, etnografik muzeýlere, arheologik muzeýlere bölünýär.

Taryhy muzeýler XIX asyryň başlarynda arheologiýanyň ösmegi bilen Ýewropa döwletlerinde we Russiýada döredilip başlanýar. Türkmenistanda ilkinji taryh muzeýi 1927-nji ýylda döredildi.

Taryhy muzeýleriň arasynda harby-taryhy muzeýler hem giň gerime eýe bolýar. Biziň ýurdumyzda Beýik Watançylyk urşunyň taryhyna bagyşlanan muzeý, Gökdepe söweşiniň taryhyna bagyşlanan muzeý hereket edýär.

Etnografik muzeýler – dürli etnik toparlaryň etnogenezini, medeniýetini, ýaşaýyş durmuşyny şöhlelendirýän etnografik ýygyndylary toplaýan, saklaýan we öwrenýän taryhy

muzeýleriň bir toparydyr. Biziň ýurdumyzda bu topara degişli Baş milli muzeýiniň Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýi hereket edýär. Etnografiýa muzeýi Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh fakultetinde hem bar. Bu muzeý 1988-nji ýylda taryh fakultetiniň garamagynda döredildi. Häzirki wagtda muzeýde türkmen halkynyň maddy we ruhy medeniýetine degişli 500-den gowrak eksponatlar bar.

Arheologik muzeýler arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde tapylan esbaplary toplaýar, saklaýar we öwrenýär. Biziň ýurdumyzda arheologiýa muzeýi Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Taryh institutynda bar. Bu muzeý ylmy-barlag muzeýi bolup, onda institutyň alymlary tarapyndan ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän arheologik ýadygärliklerde geçirilen gazuw agtaryş işleri wagtynda tapylan geň-enaýy tapyndylaryň müňlerçesi saklanýar.

Gumanitar muzeýleriň arasynda *çeperçilik muzeýler* ýaýrawy boýunça taryhy muzeýlerden soň ikinji ýerde durýar. Olar muzeý ulgamynda 17% eýeleýärler. Çeperçilik muzeýler şekillendiriş sungatynyň ösüş taryhyny resmileşdirýän ýygyndylary saklaýarlar we adamlaryň estetiki talaplaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilendir.

Çeperçilik muzeýleriň arasynda şekillendiriş sungatynyň muzeýlerini, milli, daşary ýurt sungatynyň muzeýlerini, amaly-haşam sungatynyň muzeýlerini, çeperçilik-senetçilik muzeýlerini, belli suratkeşleriň memorial muzeýlerini tapawutlandyrýarlar.

Biziň ýurdumyzda bu topara degişli Şekillendiriş sungaty muzeýi, Türkmen halysynyň milli muzeýi hereket edýär.

Sankt-Peterburgly suratkeş A.A.Karelin XX asyryň 20-nji ýyllarynda Türkmenistanda ýaşanda, dürli sungat eserlerini toplap, kiçeňräk sergiler gurapdyr. Ol Moskwadan, Sankt-Peterburgdan täze eksponatlary getirip, öz sergisini barha baýlaşdyrypdyr. Onuň toplan eksponatlarynyň esasynda 1939-njy ýylda Şekillendiriş sungaty muzeýi döredilipdir.

Türkmen halysynyň milli muzeýi amaly haşam sungaty muzeýlerine degişli bolup, ol 1993-nji ýylda açyldy. Muzeýde XIX–XX asyrlarda dokalan türkmen halylarynyň ajaýyp görnüşleri saklanýar.

Üçünji ýerde *edebiýat muzeýleri* durýar. Edebiýat muzeýleri-edebiýatyň we döredijilik prosesiniň taryhy bilen baglanyşykly materiallary saklaýan we eksponirleýän muzeýlerdir.

*Edebiýat muzeýleri aşakdaky ýaly toparlara bölünýär:*

– taryhy-edebiýat muzeýleri edebiýatyň ösüşini häsiýetlendirýän materiallary saklaýarlar;
– monografik edebiýat muzeýleri;
– edebiýat-memorial muzeýleri, memorial toplumlary (öýleri, iş otaglary) we ýazyjynyň şahsy zatlaryny, şeýle hem ýazyjynyň durmuş we döredijilik ýoly barada gürrüň berýän edebiýat ekspozisiýasyny öz içine alýar.

Biziň ýurdumyzda döredilen edebiýat muzeýleri, esasan, Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan muzeýlerdir. Şeýle hem Murgap etrabynyň «Şordepe» daýhan birleşiginde türkmen şahyry Ata Salyhyň muzeýi bar. Muzeýde şahyryň öz şahsy durmuşyna degişli materiallar, onuň ilkinji döreden eserleriniň golýazmalary, suratlary eksponat hökmünde saklanylýar. Edebiýat muzeýleri Türkmenistanyň mekdeplerinde hem bar.

Teatr we saz sungatynyň taryhyna bagyşlanan muzeýler sungat muzeýleriniň aýratyn toparyna degişlidir.

Türkmenistanda bu görnüşe degişli Daşoguz welaýat bagşylar muzeýi hereket edýär. Bu muzeý 1992-nji ýylyň 12-nji dekabrynda döredilýär. Muzeýde bagşylar, sazandalar barada maglumatlar, ses ýazgylary ýygnalyp, bagşyçylyk sungatyny ösdürmekde, halka ýaýratmakda uly işler edilýär.

Gumanitar muzeýleriň aýratyn toparyna *pedagogik muzeýler* degişlidir. Pedagogik muzeýler pedagogika ylmy-

nyň, bilimiň taryhyny we häzirki ýagdaýyny resmileşdirýärler. Bu topara belli pedagoglaryň memorial muzeýleri hem degişlidir.

Ilkinji pedagogik muzeýler Russiýada döredilýär. 1864-nji ýylda Peterburgda harby-okuw edaralaryň pedagogik muzeýi açylýar. 1918-nji ýylda ol Pedagogikanyň merkezi muzeýi diýlip atlandyrylýar.

**Tebigat muzeýleri** tebigatda bolup geçýän hadysalary, şol sanda adamzadyň we jemgyýetiň daşky gurşaw bilen aragatnaşygyny şöhlelendirýän muzeýlerdir. Biziň ýurdumyzda tebigat muzeýleri tebigy goraghanalaryň ýanynda hereket edýär. Seýdi şäherinde Amyderýa goraghanasynyň tebigat muzeýi, Hazar şäherinde Hazar goraghanasynyň tebigat muzeýi hereket edýär.

Zoologiýa muzeýi – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda bar. Bu muzeýlerde Türkmenistanyň haýwanat dünýäsine degişli köp eksponatlar görkezilýär.

Geologiýa muzeýi – bu görnüşli muzeýe Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Geologiýa institutynyň garamagyndaky geologiýa muzeýi degişlidir. Muzeýde Türkmenistanyň ýerasty we suwasty baýlyklarynyň hemme görnüşinden nusgalar ýerleşdirilipdir.

Häzirki wagtda janly tebigatyň muzeýlerini döretmek işi giňden ýaýbaňlandyrylýar. Biziň ýurdumyzda hem 2010-njy ýylyň 11-nji oktýabrynda Köpetdagyň eteginde *Janly tebigatyň muzeýi* açyldy. Muzeýiň 40 ga meýdanynda haýwanlaryň, guşlaryň, balyklaryň 3 müňe golaý görnüşi ýaşaýar. Janly tebigatyň muzeýinde «Haýwanat dünýäsi» atly muzeý hereket edýär. Muzeýde türkmen tebigatynyň dürli görnüşlerini suratlandyrýan panoramalar bar. Muzeýde ýerleşýän eksponatlaryň arasynda 6 metrlik dinozawryň heýkeli aýratyn gyzyklanma eýedir.

**Ylym we tehnika muzeýleri** ylmyň we tehnikanyň ösüşini we häzirki ýagdaýyny şöhlelendirýän esbaplary özünde jemleýärler. Olar tehniki ylymlar, önümçilik bilen baglanyşyklydyr. Tehniki muzeýlere Aragatnaşyk ministrliginiň binasynda ýerleşýän Kommunikasiýalar muzeýi, Ýangyn-tehniki merkezindäki Ýangyn işiniň muzeýi degişlidir.

Muzeýleri toparlara bölýän islendik klassifikasiýa şertleýin bolup, köp muzeýleri birnäçe toparlara degişli edip bolýar. Bir ýa-da birnäçe toparlaryň alamatlaryny özünde jemleýän muzeýleri kompleksleýin muzeýler diýip atlandyrýarlar.

**Kompleksleýin muzeýler** – dürli ylmy ugurlara degişli esbaplary özünde jemleýän muzeýlerdir. Bu topar köpsanly bolup, oňa ülkäni öwreniş muzeýler, ansambl görnüşli muzeýler, muzeý-goraghanalar degişlidir.

Kompleksleýin muzeýleriň iň giň ýaýran görnüşi ülkäni öwreniş muzeýleridir. Ülkäni öwreniş muzeýler bellibir meýdanyň ýa-da ilatly ýeriň tebigatyny, taryhyny, hojalygyny, medeniýetini şöhlelendirýän esbaplary toplaýarlar.

Memorial muzeýleriň aglabasy kompleksleýin muzeýlere degişlidir. Memorial muzeýler belli şahsyýetler barada maglumatlary saklamak üçin döredilýär.

**Mekdep muzeýleri** muzeý işinde aýratyn orny eýeleýär. Mekdep muzeýi mekdepde alnyp barylýan ülkäni öwreniş, muzeý-pedagogiki işiň merkezi bolup, onuň esasy elementleri bolup muzeý ýygyndysy, ekspozisiýa we muzeýiň işjeň topary çykyş edýärler. Ilkinji gezek «mekdep muzeýi» adalgasy 1913-nji ýylda ulanylyp başlanýar. Häzirki wagtda mekdep muzeýi bilim-terbiýeçilik işiniň örän wajyp bölegi bolup durýar we olaryň sany barha artýar.

Şeýlelikde, ýokarda görkezilen muzeýleriň klassifikasiýasy gutarnykly we kesgitli däldir. Muzeýi öwreniş ylmynda dürli klassifikasiýalar ulanylýar we bu mesele häli-häzire çenli ylmyň jedelli meseleleriniň biridir.

# VI BAP

# TARYHY MUZEÝLERIŇ YLMY-BARLAG IŞLERI

## 1. Muzeýler ylmy-barlag merkezleri hökmünde

Ylmy-barlag edaralaryň hatarynda muzeýler özboluşly orny eýeleýärler. Muzeýler tebigatyň we jemgyýetiň ösüşiniň meseleleriniň öwrenilmegine uly goşant goşýarlar. Muzeýleriň alyp barýan ylmy işleriniň esasy bölegi – muzeý esbaplarynyň ylmy barlaglarydyr. Olaryň netijeleri ylmy açyşlaryň gaznasyny doldurýar we köp ylymlar tarapyndan peýdalanylýar. Şol bir wagtda olar muzeý işiniň esasyny, aýratynam ylmy taýdan esaslandyrylan we meýilleşdirilen gaznalaryň toplanylmagyny, muzeý esbaplarynyň ylmy taýdan beýan edilmegini üpjün edýärler. Ylmy barlaglaryň netijeleri ýygyndylaryň, ekspozisiýalaryň saklanylyşynyň, goralyşynyň, dikeldilişiniň we beýleki muzeý işleriniň derejesini kesgitleýär.

Muzeý dürli jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirýän edaradyr, şonuň üçin onuň ylmy barlaglary kompleksleýin, köptaraplaýyn häsiýete eýedir. Muzeý ekspozisiýasy diňe bir anyk ylmy ugur boýunça barlaglaryň netijesi bolman, ol muzeýi öwrenişiň, pedagogik, psihologik, sosiologik barlaglaryň hem netijesidir. Hut şonuň üçin muzeý barlaglary köptaraplaýyn häsiýete eýedir.

Muzeýleriň ylmy-barlag işleriniň esasy ugurlary, bir tarapdan, olaryň kesgitli ylmyň ugruna degişliligi bilen, beýleki bir tarapdan bolsa muzeýleriň sosial edaralaryň ulgamyndaky

orny bilen kesgitlenilýär. Kesgitli ylmy ugra degişliligi boýunça muzeýlerde tebigaty, sungaty, edebiýaty öwreniş pudaklarynda ylmy barlaglar alnyp barylýar. Taryhy muzeýler taryh ylmynyň barlaglaryna öz goşandyny goşýar.

Kesgitli ylmy ugur boýunça geçirilýän barlaglardan başga-da, muzeýde muzeýi öwreniş boýunça barlaglar alnyp barylýar. Bu ylmy ders muzeý işiniň nazary, usuly esaslaryny öwrenýänligi sebäpli, onuň ösüşi muzeýlerde yzygiderli barlaglaryň geçirilmegini talap edýär.

Ylmy dersler boýunça barlaglar muzeýler tarapyndan olaryň muzeý işi üçin zerurlygy nukdaýnazardan geçirilýär. Meselem, muzeýleriň bilim-terbiýeçilik wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi özünde muzeýi öwrenişiň we pedagogikanyň esaslaryny birleşdirýän, sosiologik hem-de psihologik barlaglar bilen üsti doldurylýan muzeý pedagogikasynyň döremegine getirýär. Muzeý esbaplarynyň konserwasiýasy we restawrasiýasy bilen baglanyşykly muzeýlerde geçirilýän tebigy-ylmy barlaglar muzeýi öwrenişiň özbaşdak pudagy hökmünde çykyş edýär.

Muzeýler tarapyndan geçirilýän ähli ylmy-barlag işleriň merkezinde muzeý esbaplary durýar. Muzeý esbaplarynyň barlaglary muzeýi öwreniş barlaglarynyň özbolușly aýratynlygydyr. Bu barlaglar muzeý esbaplarynyň ugurdaş dersleri üçin çeşme hökmünde gymmatlygyny kesgitlemek, olaryň tebigatyň we jemgyýetiň ösüşini beýan edip bilşini ýüze çykarmak, muzeý esbaplaryny saklamak bilen baglanyşykly meseleleri çözmek üçin geçirilýär.

## 2. Taryhy muzeýlerde umumytaryhy barlaglar

Ylmy-barlag we bilim-terbiýeçilik edaralary hökmünde taryhy muzeýleriň orny taryh ylmy bilen berk baglanyşykly bolmagy bilen kesgitlenilýär, muzeýleriň işi bolsa, taryhy

dersleriň umumy meselelerinden we ylmy netijelerinden gelip çykýar.

Taryhy muzeýleriň barlag işleri jemgyýetiň ykdysady, sosial, syýasy we medeni ösüşiniň meselelerini öz içine alýar. Barlaglar möhüm wakalara, hadysalara gönükdirilip, umumy usuly esaslara daýanýar. Şol bir wagtda taryhy muzeýlerdäki barlaglaryň birnäçe aýratynlyklary bar. Olar köplenç muzeý gaznalarynda saklanylýan hakyky maddy, çeperçilik we ýazuw muzeý esbaplarynyň esasynda geçirilýär. Muzeýleriň baý gaznalary ylmy dersler üçin giňişleýin çeşme bolup çykyş edýär. Şol sebäpli, çeşmeleriň taryh ylmy üçin ähmiýetini anyklamak, olary ylmy dolanyşyga girizmek zerurlygy ýüze çykýar.

Birnäçe ýörite we kömekçi taryh dersleri gönümel muzeý ýygyndylary bilen baglanyşyklydyr. Bulara arheologiýa, etnografiýa (aýratynam, deňeşdirme barlaglarda), numizmatika, faleristika, maddy medeniýetiň taryhy (hojalyk esbaplary, transport serişdeleri), harby taryh, tehnikanyň taryhy degişlidir. Sungatyň taryhyny öwrenmekde şekillendiriş we amaly-haşam sungatyň ýygyndylary möhüm orna eýedir.

Taryhy muzeýler tarapyndan muzeý esbaplarynyň esasynda geçirilýän barlaglar diňe bir täze taryhy maglumatlary ýüze çykarmaklyga we neşir etmeklige gönükdirilmän, olar muzeýleriň özboluşly zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin peýdalanylýar.

Muzeý ekspozisiýalaryna bildirilýän talaplar we ony döretmek üçin ulanylýan muzeý esbaplarynyň köp dürlüligi taryhy muzeýlerden jemgyýetçilik ösüşiniň meselelerine kompleksleýin çemeleşmegi talap edýär. Ekspozisiýa degişli taryhy barlaglar muzeýi öwrenişiň barlaglary bilen baglanyşykly bolup, onuň zerurlyklaryny we meselelerini üns merkezinde goýýar. Taryhy barlaglaryň mazmuny we meseleleri köplenç babatda muzeýiň görnüşine, gurluşyna we anyk meselelerine, barlaglaryň geçirilýän ýerine bagly bolýar. Kä halatlarda taryhy muzeýler belli bir çäkde ýeke-täk ylmy-taryhy

barlaglaryň merkezi bolup durýar. Bu bolsa şol ýeriň taryhyny öwrenmekde olaryň öňünde uly wezipeleri goýýar. Barlaglar başga bir edaranyň tabşyrygy boýunça ýa-da şol edara bilen bilelikde geçirilip bilner, emma olaryň netijeleri muzeýiň işinde peýdalanylýar.

Muzeýler kämahal belli bir şahsyýetiň ýa-da wakanyň öwrenilýän we beýan edilýän ýeke-täk edarasy bolup durýar. Şeýle ýagdaýda muzeý degişli ylmy barlaglaryň geçirilýän merkezine öwrülýär. Barlaglaryň netijeleri muzeýde we taryh ylmynda peýdalanylýar.

Muzeýlerde alnyp barylýan umumytaryhy barlaglaryň netijesinde gymmatly ylmy monografiýalar ýazylýar. Umumytaryhy barlaglar taryhy muzeýleriň taryh ylmy bilen berk baglanyşyklydygyny ýene-de bir gezek subut edýär.

### Muzeý esbaplarynyň umumytaryhy barlaglary

Muzeýleriň taryhy barlaglary muzeý gaznalarynda saklanylýan muzeý esbaplaryna gönükdirilýär. Bu uzak wagtlap muzeýde saklanylmaga niýetlenen, muzeý gymmatlygy kesgitlenip, ulanyşdan galdyrylan, belli bir maglumatlary özünde jemleýän maddy, çeperçilik we ýazuw esbaplarydyr.

Muzeý esbaplary taryhy çeşmeler hökmünde çykyş edýärler. Şonuň üçin olaryň öwrenilmegi ilki bilen taryhy çeşmeşynaslyga degişlidir. Derňewiň maksady- taryh ylmyny gyzyklandyrýan maglumatlary ýüze çykarmak, barlamak we ýaýratmakdyr. Beýle barlaglarda taryhy çeşmeşynaslyk tarapyndan işlenilip taýýarlanylan usullar ulanylýar, ýagny esbabyň alamatlaryny kesgitlemek (ýazgylary, suratlary, bezegleri, stilistiki aýratynlyklary, ýasalan çig maly); esbaplaryň deňeşdirme seljermesini geçirmek; esbabyň muzeýe kabul edilişi barada maglumatlary seljermek.

Şeýle seljermäniň kömegi bilen esbabyň gelip çykyşy, döredilen ýeri we wagty, awtory, ulanylyşy barada maglumatlaryň dogrulygy barlanylýar. Derňewiň dowamynda çeşmelerden we olaryň ýany bilen berilýän maglumatlardan başga-da, arhiw resminamalary, goşmaça edebiýatlar we beýleki ylmy-maglumat beriji materiallar ulanylýar. Bu bolsa esbaplaryň öwrenilmeginiň netijelerini takyklamaga ýardam berýär.

Şeýlelikde, muzeý esbaplarynyň öwrenilmegi bilen taryh ylmy tarapyndan taryhy wakalara we olaryň esasynda duran kanunalaýyklyklara doly derejede düşünmek üçin peýdalanylýan täze taryhy maglumatlar ýüze çykarylýar. Maglumatlaryň ylmy ähmiýeti muzeý esbaplarynyň taryhy çeşme hökmünde gymmatlygyny kesgitleýär. Emma muzeý esbaplarynyň mundan başga-da giňişleýin çeperçilik, ahlak gymmatlygy bardyr.

Maddy çeşmelere esaslanýan taryhy dersleriň, hususanda arheologiýanyň mysalynda barlaglaryň geçirilişini anyk yzarlamak bolýar. Eýýäm gazuw-agtaryş işleri döwründe tapyndylar ýazmaça, surata düşürmek arkaly bellige alynýar. Soňra esbaplar baradaky maglumatlar ylmy barlaghanalarda öwrenilmek arkaly ýüze çykarylýar. Tapyndylary ylmy taýdan beýan etmek we netijelerini neşir etmek esbaplaryň çeşme hökmünde öwrenilmegini jemleýär. Muzeý ýygyndylaryna girizilen esbaplar geljekde barlaglary geçirmek üçin çeşmeler hökmünde saklanylýar. Etnografik esbaplar babatynda-da ýagdaý edil şular ýaly bolup geçýär.

Arheologiýa we etnografiýa üçin maddy çeşmeleriň ähmiýeti örän uludyr. Şol sebäpli bu taryhy dersler muzeýler bilen has ýakyn aragatnaşykda durýarlar. Arheologiýa we etnografiýa muzeýleri ylmy barlaglaryň merkezleri hökmünde çykyş edýärler.

Muzeýler tarapyndan geçirilýän taryhy barlaglar taryhy bilimleri baýlaşdyrýar, olaryň netijeleri muzeýleriň gazna resminamalarynyň dürli görnüşlerinde beýan edilýär. Has gymmatly maglumatlar katalog, syn görnüşinde neşir edilýär. Bu bolsa maglumatlaryň taryhçylar üçin elýeterli bolmagyna getirýär.

Barlaglaryň netijeleri ilki bilen muzeý işgärleri tarapyndan peýdalanylýar. Taryhy muzeýleriň ylmy işgärleri muzeý esbaplarynyň esasynda ylmy barlaglary alyp barýarlar. Kä halatlarda muzeý esbaplarynyň öwrenilmegi arkaly arhiw maglumatlaryň üsti bilen ýüze çykaryp bolmadyk maglumatlar aýdyňlaşdyrylýar.

Muzeý esbaplarynyň ylmy barlaglarynyň netijeleri özbaşdak ähmiýete eýe bolup bilýändir. Şol bir wagtda olar taryhy muzeýleriň taryhy hadysalary resmileşdirmek bilen baglanyşykly muzeýi öwreniş barlaglarynyň bir bölegi bolup durýar.

Şeýlelikde, taryhy çeşmeşynaslyk nukdaýnazaryndan muzeý esbaplarynyň öwrenilmegi muzeý üçin mahsus bolan işleriň ylmy häsiýete eýe bolmagyna getirýär. Emma muzeý üçin diňe esbaplaryň taryhy maglumatlary bermegi ýeterlik däldir. Muzeý esbaplarynyň estetiki gymmatlygy, onuň uzak wagtlap saklanmaga ukyplylygy, täsirliligi, ýagny medeni – taryhy ähmiýeti muzeýler üçin örän wajypdyr. Muzeý esbaplaryny dürli garaýyşlar arkaly öwrenmek esbaplaryň «ylmy taýdan işlenilmeginiň» esasy mazmunyny düzýär.

## 3. Taryhy muzeýlerde muzeýi öwreniş barlaglary

Muzeýi öwreniş muzeý işiniň ylmy esasyny düzýär. Ol muzeý esbaplaryny öwrenmegiň, gaznalary toplamagyň, muzeý ýygyndylaryny saklamagyň we goramagyň, ekspozision işleriň, muzeýe gelýänler bilen işlemegiň nazary we usuly esaslaryny kesgitleýär. Muzeýi öwrenişiň barlaglaryna nazaryýetiň we usulyýetiň umumy häsiýetlerini we kanunalaýyklyklaryny öwrenmek nukdaýnazaryndan muzeý işiniň dürli taraplarynyň barlaglary degişlidir. Muzeý işiniň taryhynyň, gurluşynyň, gurnalyşynyň we meýilleşdirilişiniň esasy meseleleriniň öwrenilmegi nazary we amaly maksatlara gabat gelýär.

Muzeýi öwrenişiň nazaryýeti, usulyýeti we beýleki umumy meseleler boýunça barlaglar her bir muzeýde geçirilip bilinýär, emma iş ýüzünde beýle barlaglar diňe zerur tejribesi we ylmy hünärmenleri bolan iri muzeýler tarapyndan amala aşyrylýar. Mundan başga-da, ýöriteleşdirilen ylmy edaralar – ylmy-barlag institutlary, ýokary okuw mekdepleriniň kafedralary ylmy barlag işlerini alyp barýarlar. Olaryň işinde muzeýi öwrenişiň umumy meselelerini ylmy taýdan işläp taýýarlamak esasy wezipeleriň hatarynda durýar.

Muzeý esbaplaryny zaýalanmakdan we şikeslerden goramak bilen baglanyşykly barlaglar muzeý işiniň esasy ylmy meseleleriniň biri bolup durýar. Soňky wagtlarda konserwasiýa we restawrasiýa amaly muzeýi öwrenişiň özbaşdak pudaklaryna öwrüldi.

Dikeldiş we bejeriş işleriniň dowamynda dürli çig mallardan ýasalan esbaplar bilen işlemeli bolýar, şonuň üçin bu ugurdaky barlaglar esbabyň ýasalan çig maly boýunça (meselem, demir, mata we deri, kagyz, daş, çüýşe, keramika) ýada beýleki alamatlary bilen bir hatarda bellibir materiallaryň ulanylmagy bilen häsiýetlendirilýän esbaplar topary boýunça (nakgaşlyk, saz gurallary we başg.) alnyp barylýar. Muzeýlerde dürli daşky täsirleriň muzeý esbaplaryna zyýan ýetirişi we onuň öňüni almak boýunça düýpli barlaglar geçirilýär. Meselem, dürli materiallara howa şertleriniň, aýratynam howanyň temperaturasynyň we çyglylygynyň täsiri öwrenilýär, dürli çig mallardan ýasalan esbaplaryň toparlaryny gaznalarda aýratynlykda saklamak boýunça ýörite talaplar işlenilip taýýarlanylýar.

Muzeýde dürli materiallara ýagtylygyň täsir edişi boýunça barlaglaryň geçirilmegi aýratyn ähmiýetlidir. Olaryň netijeleri ekspozisiýalaryň yşyklandyryş ulgamynyň kesgitlenilmegine täsir edýär. Ekspozisiýalaryň yşyklandyrylyşy esbaplary abat saklamak üçin, muzeýe gelýänler tarapyndan esbaplara gowy syn etmek üçin amatly bolmalydyr. Şeýle-de muzeýi öwreniş barlaglarynda muzeý esbaplaryna tozanyň, howanyň

hapalanmagynyň, esbaplaryň tebigy könelmeginiň täsiri hem öwrenilýär.

Muzeý esbaplarynyň bejeriş we dikeldiş işleri tebigy ylymlaryň barlaglaryna, gadymy senetçilik we çeperçilik usullaryň ulanylmagyna, şeýle-de maddy medeniýetiň, etnografiýanyň, sungatyň taryhynyň öwrenilmeginiň netijelerine daýanýar.

Muzeýi öwreniş barlaglary ekspozision işleriň esasy bolup durýar. Muzeý ekspozisiýasy arkaly esbaplaryň we muzeýe gelýänleriň arasynda gönümel aragatnaşyk amala aşyrylýar. Ekspozisiýalaryň esasy maksady – muzeýe gelýänleriň bilimlerini artdyrmak, olaryň pikirlerine we duýgularyna täsir etmekdir. Ylmy-taryhy meselelere bagyşlanan ekspozisiýalarda muzeý esbaplary diňe özleri barada däl, eýsem taryhy wakalar barada maglumat bermäge ukyplydyr.

Muzeý işiniň düzüm bölegi hökmünde muzeýleriň bilim-terbiýeçilik işleri muzeý pedagogikasy tarapyndan öwrenilýär. Muzeý pedagogikasy muzeýi öwrenişiň we pedagogikanyň elementlerini özünde jemleýär. Ol muzeýi öwrenişiň bölümi bolup, şol bir wagtda pedagogiki ylymlara degişlidir. **Muzeý pedagogikasy** – muzeý üçin häsiýetli bolan bilim we terbiýe bermegiň mazmunyny, esaslaryny we usullaryny öwrenýän ýörite jemgyýetçilik-ylmy dersdir.

Muzeý-pedagogik barlaglaryň maksady – muzeýde bilim-terbiýeçilik işleriniň nazary we usuly esaslaryny işläp taýýarlamak we ekspozisiýalary taýýarlamakda, muzeýe gelýänler bilen işlemekde şol barlaglaryň netijelerini peýdalanmakdyr. Muzeý pedagogikasy muzeýe gelýänleriň ýaş aýratynlyklary we sosial ýagdaýy boýunça dürli toparlarynyň talaplaryny seljerýär, olaryň ekspozisiýalary kabul edişiniň aýratynlyklaryny öwrenýär we iş usullarynyň dürli görnüşlerini kesgitleýär.

Sosiologik barlaglaryň netijesinde muzeýler tarapyndan gaznalary ulanmagyň ýokary derejesiniň üpjün edilişi, bilim bermekde ýokary netijeleriň gazanylmagynyň usullary ýüze çykarylýar. Barlaglar ilki bilen muzeýe gelýänleriň sosial-de-

mografik düzümini, olaryň talaplaryny, muzeýe barmagynyň sebäplerini öwrenmek üçin geçirilýär. Barlaglaryň netijeleri muzeý aragatnaşygynyň dürli görnüşlerinde peýdalanylýar, muzeýleriň işini meýilleşdirmekde, ekspozisiýalary taýýarlamakda ulanylýar. Muzeý sosiologiýasynyň wajyp taraplarynyň biri – muzeý işiniň netijeliligini anyklamakdyr. Ilki bilen ekspozisiýanyň muzeýe gelýänleriň dürli toparlaryna täsir edişi öwrenilýär. Ekspozisiýalaryň syýasy, ylmy, terbiýeçilik ähmiýeti nukdaýnazaryndan üstünlikleri we kemçilikleri seljerilýär. Ekspozisiýalaryň kabul edilişiniň seljermesi esasynda ekspozisiýalary gurnamak boýunça umumy düzgünler we anyk teklipler taýýarlanylýar.

Umumy psihologiýa bilen bir hatarda muzeý işinde pedagogiki psihologiýa, sungatyň psihologiýasy giňden peýdalanylýar. Muzeý psihologiýasynyň maksady muzeýiň özboluşly şertlerinde kabul edişiň, pikirlenişiň aýratynlyklaryny, şeýle-de muzeýiň şahsyýete psihologiki täsiriniň meselelerini öwrenmekden ybaratdyr. Sungatyň psihologiýasy esbaplaryň estetiki täsirini we onuň bagly bolan şertlerini öwrenýär. Bu ugurdaky barlaglar muzeý ekspozisiýasynyň bitewi arhitektura-çeperçilik kompozisiýasy hökmünde kabul edilmegine, ekspozisiýanyň mazmunynyň kabul edilişine çeperçilik taýdan guralyşynyň täsiriniň anyklanylmagyna gönükdirilýär. Barlaglaryň netijeleri geljekde arhitektura-çeperçilik gurluşlaryň ulanylmagynyň mümkinçilikleri barada düşünjeleriň giňelmegine getirer.

## 4. Ylmy – barlag işleriniň meýilleşdirilişi we guralyşy

Taryhy muzeýleriň barlaglary ylmy dersler boýunça barlaglaryň meýilleşdirilişi bilen utgaşykly alnyp barylmalydyr. Taryhy muzeýler taryh ylmynyň ösüşine we muzeýi öwreniş, medeniýeti öwreniş ýaly ylymlaryň barlaglaryna

7. Sargyt № 1023.

öz goşandyny goşmalydyr. Muzeý barlaglary halkyň ruhy dünýäsiniň ösüşine, ylymda, medeniýetde däp-dessurlaryň öwrenilmegine we saklanyp galmagyna hyzmat etmelidir.

Jemgyýetçilik ylymlar boýunça meýilnamalar barlaglaryň esasy ugurlaryny we temalaryny kesgitleýär. Şol meýilnamalaryň esasynda taryhy muzeýleriň barlaglarynyň meýilnamalary düzülýär. Iri ylmy-barlag edaralaryň garamagyndaky muzeýler ylmy barlaglara gönüden-göni gatnaşýarlar. Olaryň barlag işlerini meýilleşdirmekde muzeý aýratynlyklaryndan ugur alynmalydyr, ýagny muzeý işi üçin ähmiýetli taraplary göz öňünde tutulmalydyr.

Barlaglaryň meýilnamalary muzeýiň içinde alnyp barylýan ylmy işleri we beýleki muzeýler, ylmy edaralar tarapyndan alnyp barylýan işleri utgaşdyrmalydyr. Bu ylalaşykly hereket etmek we gaýtalanmanyň öňüni almak üçin örän wajypdyr. Ylmy-barlag işleri gurnamakda muzeýler ylmy-barlag edaralary bilen ylalaşykly işlemegiň dürli görnüşlerini ulanýarlar: ylmy maslahatlary geçirmek, ekspedisiýalary gurnamak, belli bir mesele boýunça bilelikde meýilnama düzmek we başg.

Ylmy-barlag işleriň dogry guralyşynyň esasy şertleriniň biri – ylmy işgärleri saýlap almakdyr. Muzeýler üçin ylmy hünärmenleri taýýarlamak wajyp ähmiýete eýedir, sebäbi muzeýde ylmy barlaglary geçirmek üçin degişli ylmy dersler boýunça bilimler bilen bir hatarda, muzeýi öwreniş boýunça bilimleriň bolmagy zerurdyr.

Ylmy barlaglaryň netijelerini hasaba almak üçin ylmy arhiwiň işiniň dogry guralyşy wajypdyr. Arhiwde belli bir tema boýunça barlaglar geçirilende toplanýan esasy ýazuw resminamalar saklanmalydyr. Barlaglaryň netijelerini muzeýler ylmy monografiýalar, hasabatlar, şeýle-de diňe muzeýler üçin häsiýetli bolan ýygyndylaryň kataloglary, gaznalar boýunça salgyberijiler görnüşinde neşir edýärler.

# VII BAP

# MUZEÝ GAZNASY. GAZNA IŞLERINIŇ ESASY UGURLARY

## 1. Muzeý gaznasy barada düşünje

### Taryhy muzeýleriň esbaplary

Muzeý işi muzeý gaznasynyň esasynda ýaýbaňlandyrylýar. Muzeýleriň öňünde durýan wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi muzeý işgärleriniň taryhy hadysalary şöhlelendirýän duýgularyň we bilimleriň çeşmelerini, muzeý esbabynyň häsiýetine eýe bolan medeni gymmatlyklary ýüze çykaryşlaryna baglydyr. Muzeý esbaplaryny edinmek, gorap saklamak, barlamak we olaryň ylym, bilim, terbiýeçilik işlerinde elýeterli bolmagy üçin şert döretmek zerurdyr. Muzeý gaznasynyň esasynda geçmişi we şu güni geljek bilen baglanyşdyryp bolýar.

Taryhy taýdan muzeý esbaplary jemgyýetiň ösüşiniň taryhy şaýatlary hökmünde hemmetaraplaýyn öwrenilýär we taryhy kanunalaýyklyklara akyl ýetirmeklige gönükdirilendir.

Taryhy muzeýleriň gaznasy sosial-ykdysady hadysalary, içeri we daşary syýasaty, medeniýetiň taryhyny şöhlelendirýän muzeý esbaplaryny öz içine alýar.

Muzeý gaznalarynyň arhiwleriň we kitaphanalaryň gaznalaryndan esasy tapawudy muzeý esbaplarynyň aýratynlyklary bilen başlanyşyklydyr. Muzeý gaznalarynyň beýleki bir möhüm tapawudy – taryhy wakalaryň hemmetaraplaýyn şöhlelendirilmegidir. Arhiwler we kitaphanalar muzeýler-

den tapawutlylykda, çeşmeleriň dürli görnüşlerini jemlemegi maksat edinmeýär. Muzeýler üçin bolsa muzeý esbaplarynyň üsti bilen berilýän habaryň mazmuny we möçberi bilen bir hatarda, habarlary ýaýratmagyň görnüşi hem möhümdir.

Esbaplaryň tebigaty olaryň habar berijiligini we aýratynlygyny beýan edip, olaryň taryhy çeşmeleriň anyk bir görnüşine degişliligini kesgitleýär.

Çeşmeleriň görnüşini kesgitlemeklige semiotika ýardam edýär. **Semiotika** – bu belgileriň tebigatyny, gelip çykyşyny, görnüşini we wezipelerini öwrenýän ylymdyr. Ol muzeýleriň aň-bilim, ekspozision, gazna işleriniň mazmunyny kesgitlemek üçin wajyp bolan habarlary ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler öwrenilende ulanylýar.

Käbir esbaplar maddy önümçiligiň netijesinde döreýär. Bular **maddy çeşmeler** – maddy medeniýetiň ýadygärlikleridir. Olara zähmet gurallary, hereket etmegiň serişdeleri, durmuş esbaplary, ýaraglar we ş.m. degişlidir. Maddy çeşmelerdäki habarlar esbabyň maddy tarapy – görnüşi, gurluşy, çig maly, ölçegi, agramy, reňki arkaly berilýär.

Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri adamlaryň durmuş isleglerini kanagatlandyrmak üçin döredilýär. Ýöne olar özlerinde estetik başlangyçlary-da saklap biler. Şeýle ýagdaýda biz amaly-haşam sungatynyň eserleri hakynda gürrüň gidýänligine düşünmelidiris.

Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri durmuş wakalaryny ýörite hasaba almak üçin döredilýän däldir, emma olar başga esbaby görkezmek, şoňa ugrukdyrmak ýaly wezipeleri ýerine ýetirip biler. Mysal üçin, küýzeleriň bişirilmegi olary taýýarlamakda ýörite peçleriň ulanylandygy barada, ýagny küýze önümçiliginde belli bir ösüşiň bolandygy barada maglumat berýär.

Maddy çeşmäniň tebigaty bir tarapdan esbabyň subut edijilik güýjüni beýan edýän bolsa, beýleki bir tarapdan onuň maglumat berijilik mümkinçiliklerini çäklendirýär. Maddy çeşmeler köp hadysalary gönüden-göni şöhlelendirýärler.

**Şekillendiriş we ýazuw çeşmeleri,** ses ýazgylary başga tebigata eýedir. Maddy çeşmeler ýaly, real hakykatyň bölegi bolmak bilen, olar ýörite bilimleri we duýgulary beýan etmek, saklamak, başgalara geçirmek üçin döredilýär.

Belgi şekillendirilýän predmete göz arkaly kabul edilýän alamatlaryň üsti bilen meňzedilýär: görnüşi, reňki we başg. Şeýle belgiler arkaly şekillendiriş çeşmelere degişli esbaplar döredilýär. Bu görnüşli çeşmelere şekillendiriş sungatynyň eserleri (nakgaşlyk, grafika, heýkeltaraşlyk), käbir praktik häsiýetli suratlar (okuw plakatlary, fotosuratlar) degişlidir. Shema görnüşli şekiller bolan kartalar, planlar, çyzgylar esbabyň anyk göwrümi barada, geometrik görnüşi barada maglumatlary bermäge ukyplydyr.

Suratlar, şekiller iki maksat bilen döredilip bilner: çeper keşpler arkaly hakykata öz gatnaşygyňy beýan etmek ýa-da ylmy maglumaty bermek (şäheriň meýilnamasynda, geografik kartada, suratda). Döredilen maksadyna laýyklykda suratyň häsiýeti kesgitlenilýär.

*Ýazuw çeşmelerine* degişli esbaplar söz arkaly döredilýär. Söz bilen onuň beýan edýän obýektiniň arasynda daşky meňzeşlik ýok, emma beýan ediş gatnaşyklary sözi bilimleri saklamagyň we geçirmegiň esasy serişdesine öwürýär. Ýazuw çeşmeleri giň maglumatlary bermäge ukyply bolup, örän köpdürlüdirler. Olara wakalaryň hronikasy, ýyl ýazgylary, kanunçylyk namalary, syýasy guramalaryň resminamalary, hasabat maglumatlary, ylmy işler, edebiýat eserleri, şol sanda seýrek duş gelýän kitaplar, hususy hatlar we başgalar degişlidir.

Ýazuw çeşmelerini döredilen maksadyna laýyklykda, üç topara bölüp bolýar: ylmy maglumatlary berýän çeşmeler (kanunçylyk, syýasy resminamalar, ylmy işler), hakykaty estetik taýdan özleşdirmegiň netijesinde peýda bolan çeşmeler (edebi eserler), ýokardaky maksatlaryň ikisini hem jemleýän çeşmeler (publisistik eserler, ýatlamalar, ýyl ýazgylary, wakalaryň hronikasy).

Muzeý esbaplarynyň hatarynda **ses ýazgylary we kinofilmler** aýratyn orna eýedir. Olar bilimleriň we duýgularyň ilkinji çeşmeleri bolup, möhüm özboluşly aýratynlyklara eýedirler.

Taryhy muzeýleriň gaznalarynda, esasan, resminamalaýyn filmler saklanylýar. Olar fotosuratlarda beýan edilýän habarlara golaý maglumatlary berýärler. Kä halatlarda medeniýetiň taryhyny, jemgyýetçilik pikirleriň taryhyny resmileşdirmäge ýardam berýän çeper filmler muzeý gaznalaryna girizilip bilinýär. Ses ýazgylarynyň we kinofilmleriň aýratynlyklary, olaryň muzeý gaznalaryna aýratyn toparlar hökmünde girizilmegini kesgitleýär.

Maddy, şekillendiriş, ýazuw çeşmelerine degişli esbaplar bir wagtda dörän däldirler. Olardan iň gadymy çeşme – adamzat bilen bir wagtda dörän maddy çeşmelerdir. Soňra yzygiderlilikde şekiller, ýazuw peýda bolýar. Ses ýazgylary we kinofilmler bolsa taryhyň täze döwründe döreýär.

Maddy, şekillendiriş we ýazuw çeşmeleri taryhy muzeýleriň her biriniň gaznasynda bardyr, emma ses ýazgylary, kinofilmler hemme muzeýde ýok, sebäbi muzeýler üçin köplenç, göz arkaly görüp, oňa düşünip bolýan esbaplar mahsusdyr.

Kesgitli bir çeşmäniň görnüşine degişli bolan esbap başga görnüşli çeşmäniň elementlerini-de özünde saklap biler. Meselem, küýze gap-gaçlarynda olaryň maglumat beriş mümkinçiliklerini artdyrýan şekillere, ýazgylara duş gelmek bolýar. Kitaplar köplenç şekillendiriş çeşmelerini (suratlary, bezegleri) özünde saklaýarlar.

Muzeýler üçin muzeý esbabynyň diňe bir habar berijilik (semantiki) häsiýeti wajyp bolman, eýsem olaryň muzeýe gelýänlerde tolgunma döretmek ukyby – **ekspressiwlik**[1] we ünsüni çekmek ukyby – **attraktiwlik**[2] hem wajypdyr.

---

[1] Ekspressiwlik (lat. *exspressio* – duýgulary beýan etmegiň güýji)-muzeý esbaplarynyň belli bir duýgulary döredip bilmek häsiýeti, ukyby.

[2] Attraktiwlik (lat. *atractio* – ünsi çekmek) – esbabyň daşky görnüşi, daşky alamatlary bilen, hususan-da göwrümi, ölçegi, reňki bilen muzeýe gelýänleriň ünsüni özüne çekmek ukyby.

Muzeý esbaplarynyň muzeýe gelýänleriň ünsüni çekmek ukyby köp derejede olaryň daşky görnüşleri, reňkleri, ölçegleri bilen şertlenýär.

Muzeý esbaplarynyň muzeýe gelýänleriň ünsüni çekmek ukyby onuň daşky alamatlaryna bagly bolýan bolsa, muzeý esbaplarynyň tolgunma döretmek ukyby ondaky many berijilik habarlaryň ol ýa-da beýleki eýýama degişliligi, hakykylygy, çeperçilik gymmatlylygy bilen kesgitlenilýär.

**Esbabyň muzeý gymmatlygy**, arhiw çeşmelerinden tapawutlylykda, diňe semantiki maglumatyna bagly bolman, eýsem onuň muzeýe gelýänlerde tolgunma döretmek we olaryň ünsüni çekmek häsiýetine-de baglydyr. Esbabyň muzeý gymmatlygy kesgitlenende, onuň hakykylygy, habar berilýän faktyň ylmy we jemgyýetçilik ähmiýeti, onuň subut edijiligi, göwrümi, täzeligi, ýerine ýetirilişiniň ussatlygy, estetiki aýratynlygy, saklanyş derejesi göz öňünde tutulýar. Esbabyň muzeý gymmatlygy onuň ýasalan çig malyna bagly däldir. Mysal üçin, gymmatbahaly metaldan ýasalan esbaby belli ýazyja, şahyra ýa-da döwlet işgärine degişli bolan adaty durmuş esbap bilen deňeşdireniňde, ikinjiniň muzeý gymmatlygy has ýokarydyr, sebäbi ol muzeýe gelýänlerde tolgunma döretmek ukybyna eýedir.

«Esbabyň muzeý gymmatlygy» diýen düşünje bilen bir hatarda **«muzeý esbabynyň gymmatlygy»** diýen düşünje bar. Ol esbabyň muzeý gymmatlygy we materialyň gymmatlygy bilen bilelikde kesgitlenilýär.

Muzeý işinde «adaty muzeý esbaby» we « täsin muzeý esbaby» diýen düşünjeleri tapawutlandyrýarlar.

Adaty hadysalary şöhlelendirýän we häzirki wagtda bar bolan köp sanly esbaplar üçin mahsus häsiýete eýe bolan muzeý esbaplaryna **adaty muzeý esbaplary** diýilýär. Muňa mysal edip häzirki wagtda edarada köp mukdarda öndürilen esbaplary görkezip bolar. Olar muzeýde ýeke-täk görnüşde bar bolsa-da, adaty muzeý esbaplaryna degişlidir, sebäbi gündelik durmuşda oňa meňzeş zatlar ulanylýar.

Muzeýde saklanylýan neolit döwrüniň daşdan ýasalan zähmet gurallary hem, eger-de olar köp sanly bolsa, adaty muzeý esbaplaryna degişlidirler.

Eger-de adaty hadysany şöhlelendirýän esbaplar ýeke-täk görnüşde ýa-da az sanda saklanyp galan bolsa, olar **täsin muzeý esbaplarydyr.** Täsin muzeý esbaplary bu ylmy we medeni gymmatlyga eýe bolan häzirki wagtda ýeke-täk ýa-da örän çäkli sanda bar bolan esbaplardyr.

## Muzeýleriň ylmy – kömek beriji materiallary

Muzeý esbaplary muzeý gaznasynyň esasyny düzýär. Emma muzeý işinde ylmy-kömek beriji materiallara bolan zerurlyk hem ýüze çykýar. «Muzeý esbaby» we «ylmy-kömek beriji material» diýen düşünjeleri aýdyňlaşdyrmak taryhy hadysalary ylmy taýdan resmileşdirmekde we muzeý aragatnaşygynda uly ähmiýete eýedir.

**Ylmy-kömek beriji materiallar** diýlip muzeý esbaplarynyň häsiýetine eýe bolman, olary öwrenmekde we eksponirlemekde kömek edýän gaznanyň materiallaryna aýdylýar. Oňa dürli maketler, kartalar, meýilnamalar, çyzgylar, shemalar, muzeý esbaplary öwrenilýän wagty alnan uly we kiçi suratlar degişli bolup biler.

Muzeýde ylmy-kömek beriji materiallaryň bolmagy olaryň ýerine ýetirýän wezipeleri bilen kesgitlenilýär. Ylmy-kömek beriji materiallar özleriniň ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça dört topara bölünýärler.

Birinji topara degişli ylmy-kömek beriji materiallar, esbabyň daşky keşbi hakynda düşünjeleri toplamaga kömek edýär. Bu asyl nusganyň suratlandyrmasydyr. Suratlandyrma muzeýde muzeý esbabynyň bolmadyk ýagdaýynda, ony bir sebäpden ekspozisiýa ýerleşdirip bolmadyk ýagdaýynda,

ony dikeldilen görnüşde göz öňüne getirmek zerurlygy ýüze çykan mahalynda ulanylýar. Ekspozision materiallaryň hatarynda asyl nusgany çalyşýan suratlandyrmalar aýratyn topary düzýärler.

Ikinji topara degişli ylmy-kömek beriji materiallar, esbabyň gurluşyny aýdyňlaşdyrmaklyga ýardam berip, hemişe ony öwrenmek bilen baglanyşykly bolup durýar. Mysal üçin, oňa rentgen suratlary, maşynlaryň we mehanizmleriň shemasy degişli bolup biler.

Üçünji topara degişli ylmy-kömek beriji materiallar, muzeý esbaplarynyň arabaglanyşygyny anyklamaga kömek edýär we olary öwrenmegiň bellibir tapgyrynyň netijelerini berkidýär (mysal üçin, matadaky dürli düzümli ýüpegiň bir görnüşli örüm sapaklaryny görkezýän shema).

Dördünji topara degişli ylmy-kömek beriji materiallar, anyk taryhy hadysalar bilen muzeý esbaplarynyň baglanyşygyny ýüze çykarmagy ýeňilleşdirýär. Şeýle, senagat kärhanalaryň ösüşi we ýerleşişi hakynda gürrüň berýän diagrammalar, kartalar şol kärhanalaryň goýberýän nusgalyk önümleriniň ähmiýetini ýüze çykarmaga ýardam edýär.

Diagrammalar, shemalar, çyzgylar, kartalar we başgalar muzeý esbaplaryny we hadysalaryny aýdyň düşündirýär. Olar ekspozision materiallaryň hatarynda muzeý esbaplaryny şöhlelendirýän ylmy-kömek beriji materiallaryň ekspozision toparyny döredýär.

Ylmy-kömek beriji materiallar harçlanan zähmete we materiala laýyklykda belli bir baha eýedir, ýöne olar muzeý gymmatlygyna eýe däldirler. Täsin esbabyň ýitirilen halatynda, onuň nusgasy muzeý esbabynyň ähmiýetine eýe bolup biler. Ylymda uly yz galdyran şahsyýetler tarapyndan taýýarlanan shemalar, diagrammalar muzeý esbaplary bolup bilýärler.

## 2. Muzeý gaznalarynyň ylmy taýdan guralyşy

### Muzeý gaznalarynyň ylmy taýdan guralyşynyň meseleleri

Muzeý gaznalary deň derejeli jemgyýetçilik ähmiýeti bolmadyk esbaplaryň çylşyrymly toplumyndan ybaratdyr. Muzeý gaznalaryny bellibir tertibe getirmek örän möhümdir.

Muzeý esbaplarynyň hil tapawudy ilki bilen olaryň muzeý esbaplaryna ýa-da ylmy-kömek beriji materiallara degişliligi bilen kesgitlenýär. Bu muzeý esbaplarynyň ylym we medeniýet üçin ähmiýetini, şonuň ýaly-da olaryň belli bir muzeýiň işinde ornuny görkezýär.

Muzeýlerde muzeý esbaplarynyň we ylmy-kömek beriji materiallaryň hukuk ýagdaýy dürli bolýar.

Muzeý esbaplary taryhy we medeni ýadygärlikler hasaplanylýar. Ýadygärlikleriň beýleki görnüşleri bilen bir hatarda olar döwlet tarapyndan goralýar. «Türkmenistanyň taryh we medeniýet ýadygärliklerini goramak hakynda» we «Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek hakynda» Türkmenistanyň kanunlary esasynda muzeý esbaplary döwlet tarapyndan goralmaga degişlidir. Ylmy-kömek beriji materiallar taryhy we medeni ýadygärliklere degişli däldirler we kanuny taýdan goralmaýar.

Muzeý esbaplary bellibir muzeýiň işinde dürli orna eýedir. Olaryň esasy bölegi muzeý tarapyndan peýdalanylýar, emma muzeý gaznalary taryhy taýdan emele gelýär, olaryň wezipelerine bolan garaýyşlar we muzeýiň görnüşi üýtgäp durýar. Muzeý gaznalary toplananda muzeýiň görnüşine gabat gelmeýän ýa-da birmeňzeş muzeý esbaplarynyň ençemesiniň ýygnanmagy mümkindir. Şol sebäpden-de muzeý gaznalarynda muzeýiň ugruna degişli bolmadyk, ýöne ylym we medeniýet üçin uly ähmiýeti bolan esbaplar-da bolup biler. Olar taryhy we medeni ýadygärliklere degişli bolup, kanun tarapyndan goralýar.

«Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, muzeý işini üstünlikli alyp barmak üçin muzeý gaznasyna girýän ähli esbaplary olaryň umumy ylmy, medeni ähmiýetine görä toparlara bölmek we hukuk ýagdaýyny kesgitlemek zerurdyr. Bu bolsa gaznalary ylmy taýdan guramagyň wezipeleriniň biri bolup durýar. Gaznalary ylmy taýdan guramak başga-da wajyp maksady göz öňünde tutýar. Muzeý gaznasyna girýän esbaplar öz aralarynda golaýlyk alamatlary – şol bir taryhy döwre, hadysa, waka, çeşmäniň görnüşine degişliligi boýunça özara baglanyşyklydyrlar. Esbaplar ýasalan çig maly, gurluşy, temasy, döredilen wagty, bir awtora degişliligi boýunça-da golaý bolup bilerler. Gaznalar ylmy taýdan gurnalanda, esbaplaryň arabaglanyşygyny göz öňünde tutmak örän wajypdyr, sebäbi özara baglanyşykly esbaplaryň berýän maglumatlary olaryň aýratynlykda berýän maglumatlaryndan has ýokarydyr. Şonuň üçin esbaplary ylmy ýörelgeler esasynda toparlara bölýärler.

Bir ýa-da birnäçe alamatlary boýunça birleşdirilen we bitewilik hökmünde ylmy, akyl ýetiriş, çeperçilik gymmaty bolan muzeý esbaplarynyň toplumyna **muzeý kolleksiýasy** diýilýär. Muzeý kolleksiýasyna mysal edip, aýry-aýry suratkeşleriň çeper eserlerini, bellibir döwre degişli küýze önümleriniň toplumyny we ş.m. görkezmek bolýar. Kolleksiýalaryň muzeý gymmaty onuň mukdar we hil taýdan dolulygy bilen kesgitlenýär.

Kolleksiýalar taryhy wakanyň ol ýa-da beýleki taraplaryny resmileşdirmäge ukyplylygy bilen özara baglanyşýarlar. Mysal üçin, Nusaýda şirmaýydan ýasalan önümleriň – ritonlaryň tapylmagy şol zamanda Hindistan bilen Parfiýanyň ilatynyň arasynda medeni gatnaşyklaryň bolandygyndan habar berýär.

Bir kolleksiýada saklanýan habarlar başga bir kolleksiýada saklanýan habarlaryň üstüni ýetirmäge ukyplydyr. Şonuň üçin birnäçe kolleksiýalaryň berýän maglumatlary täze häsiýete eýedir. Şol esasda-da, muzeý işinde «muzeý kolleksiýasy» diýen düşünjeden başga-da, «muzeý ýygyndysy» diýen

düşünje bar. Muzeý ýygyndysy – bu muzeý kolleksiýalarynyň toplumydyr. Muzeý ýygyndysynyň gymmaty onuň nähili derejede taryhy wakalary resmileşdirişi we muzeý aragatnaşygynyň serişdesi bolup hyzmat edişi bilen kesgitlenilýär.

Muzeý ýygyndysyny düzýän kolleksiýalar ulgamy esbaplary hasaba almaga, saklamaga, öwrenmäge amatly şertleri üpjün etmek üçin guralmalydyr.

Şeýlelikde, muzeý gaznalarynyň ylmy taýdan guralyşy iki sany meseläni çözýär. Bir tarapdan, ol muzeý esbabynyň ylmy we medeni ähmiýetini, esbabyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär, beýleki bir tarapdan muzeý esbaplarynyň ýokary derejede saklanylmagy, ylmy taýdan öwrenilmegi, peýdalanylmagy üçin şert döredýär.

### Esbaplaryň ähmiýeti boýunça muzeý gaznalarynyň düzümi

Muzeý esbaplaryny ylmy we medeni ähmiýetine, muzeý işi üçin ähmiýetine görä bölmek esasynda gaznalaryň gurnalyşyna muzeý gaznasynyň düzümi diýilýär.

Ilki bilen muzeý esbaplaryny ylmy-kömek beriji materiallardan aýralamak zerurdyr. Şol sebäpden-de, hemme muzeýleriň ýygyndylary esasy we ylmy-kömek beriji gazna bölünýärler.

Muzeý esbaplarynyň hataryndan ýygyndynyň esasyny düzýän esbaplar ýüze çykarylýar. Olar esasy gaznany düzýär. Muzeýiň esasy gaznasyna şu aşakdaky zatlar girýär:

Tebigy-taryhy muzeýlerde ýa-da bölümlerde – tebigatyň ösüşini we tebigy ylymlaryň ösüşini şöhlelendirýän muzeý esbaplary, ýagny:

– öwrenilen we köp wagtlap saklamak üçin zaýa bolmagynyň öňi alnan, dogry kesgitlenendigine güwä geçýän etiketka bilen üpjün edilen tebigy önümleriň nusgalary;

- seýrek duş gelýän janly we jansyz obýektler: mysal üçin, seýrek duş gelýän ösümlikleriň we jandarlaryň görnüşleri, adatdan daşary şekilde bolan meteoritler, kristallar we başgalar;
- görnükli tebigatşynaslaryň ylmy ýa-da ýadygärlik ähmiýetli ýygyndylary;
- tebigatyň dürli görnüşini görkezýän dioramalar;
- tebigy şertleri görkezýän çeperçilik esbaplaryň asyl nusgalary;
- tebigaty öwreniş ylmynyň taryhyny görkezýän ýazuw, çeper we maddy ýadygärlikler.

Taryhy muzeýlerde ýa-da bölümlerde – taryhyň we jemgyýetiň ösüşini resminamalaryň üsti bilen görkezýän muzeý esbaplary, ýagny:

- gazylyp alnan ýa-da tötänden tapylan arheologiýa degişli esbaplar;
- ykdysadyýetiň ösüşini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny, döwletiň içeri we daşary syýasatyny, azatlyk ugrundaky göreşi şöhlelendirýän esbaplar, zähmet gurallary, öndürilen önümleriň görnüşleri, baýdaklar, durmuşda ulanylýan zatlar, eşikler, amaly-haşam we halk döredijiligine degişli esbaplar, taryhy wakalar bilen ýa-da görnükli şahslar bilen baglanyşykly ýadygärlikler;
- numizmatika degişli zatlar;
- çeperçilik ýadygärlikleri – çeperçilik ähmiýetli şekillendiriş we amaly – haşam sungatynyň eserleri.

Muzeý üçin zerur bolmadyk muzeý esbaplary alyş-çalyş gaznany düzýär. Ylmy-kömekçi materiallaryň gaznasyndan hem alyş-çalyş gaznany bölmek bolýar.

Esasy gaznanyň içinde onuň özenini – kolleksion gaznany döretmek maksada laýykdyr. Kolleksion gaznanyň düzümine muzeýde ýeke-täk görnüşde ýa-da bar bolan birnäçe esbaplardan iň gowy muzeý esbaplary girizilýär.

Kolleksion gaznanyň düzümine girizilen esbaplardan galany (eger-de olar meňzeş bolsalar) dublet gaznany düzýärler. Dublet gaznanyň döredilmegi adaty muzeý esbaplaryny ýüze çykarmaga ýardam edýär, kolleksion esbaplaryň abatlygyny üpjün edýär, meňzeş esbaplary bir wagtyň özünde ekspozisiýada we sergi zallarynda peýdalanmaklyga mümkinçilik berýär.

Kolleksion gaznanyň düzümine täsin we adaty esbaplar girýär. Olar ýörite ýazmaçlar arkaly hasaba alynýar.

Dublet gaznada täsin we adaty esbaplar bolup biler. Alyş-çalyş gaznanyň düzümi muzeýiň görnüşine gabat gelmeýän muzeý esbaplarynyň gaznasyndan we artykmaç dublet esbaplaryň gaznasyndan ybaratdyr. Alyş-çalyş gaznasy hem esasy gazna ýaly täsin we adaty muzeý esbaplaryndan durýar.

Alyş-çalyş gaznasynyň muzeý esbaplary Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň rugsat bermegi bilen başga bir zada çalşylyp ýa-da mugt berlip bilner.

Esbaplaryň ähmiýeti we hukuk ýagdaýy boýunça gaznalaryň düzümi aşakdaky ýaly çyzgyda görkezilip bilner:



## 3. Gazna işleriniň esasy ugurlary

### Gaznalary toplamak, hasaba almak, saklamak, öwrenmek gazna işleriniň esasy ugurlary hökmünde

Gazna işleriniň maksady – muzeý esbaplaryny abat saklamak, öwrenmek we peýdalanmak boýunça amatly şertleri döretmek, maddy we ruhy medeniýetiň taryhy boýunça barlaglary geçirmek, gazna işleriniň nazaryýetini we usulyýetini işläp taýýarlamakdyr.

Muzeý esbaplaryny abat saklamak boýunça geçirilýän çärelerde ilki bilen muzeý ähmiýetli esbaplary saýlap almak zerurdyr. Bu gaznalary toplamagyň esasy meselesi bolup durýar. Esbaplary saýlamagyň zerur şerti – olaryň maglumat berip, duýgulary döredip bilýän çeşmeler, medeni gymmatlyklar hökmünde ähmiýetini kesgitlemek üçin esbaplary öwrenmekdir. Esbaplar saýlananda muzeýiň beýleki ekspozision wezipelerini hem göz öňünde tutmaly. Bu işe ekspozision bölümleriň işgärleri işjeň gatnaşmalydyr. Muzeý esbaplarynyň abatlygyny üpjün etmek üçin ýörite resminamalarda olaryň döwlet eýeçiligine degişliligi kesgitlenilýär, ýagny olaryň hukuk goraglylygy – gaznalaryň hasaba alnyşy amala aşyrylýar. Gaznalaryň hasaba alnyşy esbaplaryň soňky barlaglarynyň esasynda geçirilýär, sebäbi hasabat resminamalaryndaky ýazgylary diňe ylmy maglumatlaryň esasynda anyk esbaba degişli edip bolar.

Muzeý esbaplarynyň we ylmy-kömek beriji materiallaryň abat saklanylmagyny, olaryň başdaky görnüşiniň dikeldilmegini, peýdalanmak üçin elýeterli bolmagyny üpjün etmek gaznalary saklamagyň esasy wezipeleridir. Gaznalary abat saklamagyň wezipeleriniň üstünlikli çözülmegi esbaplaryň bellibir derejede öwrenilmeginiň esasynda mümkindir. Esbaplaryň öwrenilmegi ilki bilen olary fiziki, himiki umumylygy esasynda toparlara birleşdirmäge, ikinjiden bolsa, sak-

lamak üçin aýratyn şertler zerur bolan esbaplary saýlamaga mümkinçilik berýär.

Muzeý gaznalaryndan peýdalanmak üçin gazna bölümleriniň işgärleri tarapyndan geçirilýän maslahatlaryň ähmiýeti örän uludyr. Maslahatlar muzeýiň işgärleri, ylmy işgärler üçin muzeý gaznalarynyň, arhiwleriň, kitaphanalaryň elýeterli bolmagyny ýeňilleşdirýär. Maslahatlarda gaznalaryň mazmunyna, düzümine, gurluşyna umumy häsiýetnama berilýär. Käbir ýagdaýlarda maslahatlar anyk muzeý ýygyndysy ýa-da bellibir esbap boýunça geçirilýär. Taryhy muzeýlerde geçirilýän maslahatlaryň taryhçylar, ylmy işgärler, muzeý işgärleri üçin ähmiýeti örän ýokarydyr.

## «Muzeý esbaplaryny öwrenmek» düşünjesi

«Muzeý esbaplaryny öwrenmek» düşünjesi «taryhy çeşmeleri öwrenmek» düşünjesine juda golaýdyr. Olaryň düşündirilişi diňe göwrümi boýunça tapawutlanýar. Taryhçy çeşmeşynaslar esbaby bilimleriň çeşmesi hökmünde öwrenýän bolsalar, muzeý işgärleri onuň duýgulary döretmek ukybyna, ýagny muzeý esbabynyň attraktiw häsiýetlerine baha berýärler.

*Muzeý esbabyna häsiýetli alamatlary ýüze çykarmak ony kesgitlemegiň (atribusiýanyň) wezipesidir*. Esbabyň alamatlary onuň mazmunynyň dürli taraplaryny beýan edýär.

Ýasalan çig maly, görnüşi, göwrümi, agramy, reňki – esbabyň fiziki häsiýetnamalarydyr. Maddy çeşmäniň gurluşy, şekillendiriş, ýazuw çeşmeleriň temasy esbabyň nämä niýetlenendigini beýan edýär. Predmeti döreden awtory, onuň dörediler wagtyny we ýerini anyklamaga mümkinçilik berýän alamatlar esbabyň gelip çykyşy we ulanylyşy barada şaýatlyk edýär. Esbabyň ähli alamatlary özara baglanyşyklydyr. Taryhçylar esbaby dolulygyna öwrenmek arkaly dürli maglumatlary

alyp bilýärler. Meselem, zähmet gurallary senagatyň, ylmy-tehniki pikirlenişiň ösüş derejesi barada maglumatlary berip, ykdysady, sosial gatnaşyklary, ylmyň taryhyny öwrenmek üçin çeşme bolup çykyş edýär.

Esbaplaryň aýratyn alamatlarynyň öwrenilmegi köplenç arheologlar tarapyndan geçirilýär. Meselem, iň gadymy döwrüň taryhyny döwürleşdirmekde arheologlar zähmet gurallarynyň ýasalan materialyndan ugur alýarlar: daş asyry, bürünç asyry, demir asyry.

Muzeý esbaplary birnäçe golaý alamatlary boýunça özara baglanyşyklydyr. Esbaplaryň klassifikasiýasy we ulgamlaşdyrylmagy olaryň arabaglanyşygyny ýüze çykarýar.

Muzeý esbaplaryny toparlara bölmek olaryň golaý alamatlary we aýratynlyklary boýunça geçirilýär. Klassifikasiýa bir ýa-da birnäçe alamatlar boýunça amala aşyrylýar: hronologik, geografik, awtorlyk degişliligi boýunça, muzeý esbaplarynyň muzeýiň ugruna degişliligini ýa-da jemgyýetçilik durmuşynyň pudaklaryna degişliligini kesgitlemek boýunça we başg.

Muzeýde ulanylýan klassifikasiýanyň esasynda esbaplaryň ulgamlaşdyrylmagy geçirilýär. Ulgamlaşdyrmagyň netijesinde her bir esbabyň ýerini, onuň gymmatlygyny kesgitlemek, esbaplarda saklanýan maglumatlary birleşdirmek mümkinçiligi döreýär.

Muzeý esbaplarynyň klassifikasiýasy we ulgamlaşdyrylmagy özara baglanyşyklydyr: ulgamlaşdyrmak klassifikasiýadan gelip çykýar, klassifikasiýa bolsa ulgamlaşdyrylmagyň dowamynda kämilleşýär we doldurylýar. Muzeý esbaplaryny kesgitlemek we ulgamlaşdyrmak olaryň seljermesini geçirmäge we olara bilimleriň we duýgularyň çeşmeleri hökmünde **düşündiriş-interpretasiýa** bermäge mümkinçilik berýär.

Muzeý esbaby taryhyň bir bölegi bolup durýar, şonuň üçin onuň hakykylygyny anyklamak, esbaby öwrenmegiň möhüm tarapydyr. Esbabyň hakykylygyny onuň bir bitewilik hökmünde birnäçe alamatlaryny deňeşdirmek arkaly kesgitleýärler.

8. Sargyt № 1023.

Ýasama esbapda şol bitewilik hiç haçan saklanylmaýar. Ussatlyk bilen taýýarlanan ýasama muzeý esbaplaryny ýüze çykarmak işi örän köp zähmeti talap edýär.

## 4. Muzeý esbaplaryny öwrenmegiň usulyýeti

### Muzeý esbaplaryny kesgitlemek

Muzeý esbaplarynyň öwrenilmegi, ilki bilenem olaryň kesgitlenilmegi birnäçe sebäplere baglydyr: öwrenilýän esbabyň degişli bolan wakasynyň nähili ähmiýete eýedigine we nähili derejede bellidigine, esbabyň çeşmeleriň haýsy görnüşine degişlidigine, onuň näme üçin niýetlenendigine, nirede tapylandygyna we ş.m.

Muzeý esbaplaryny kesgitlemekde ilki bilen olaryň ýasalan çig malyny, ýasalyş usulyny, görnüşini, gurluşyny anyklamak zerurdyr. Esbabyň ýasalan çig malyny kesgitlemek üçin dürli materiallaryň fiziki-himiki häsiýetnamalaryny bilmek gerek. Biz köplenç agajy, plastmassy, çüýşäni, kagyzy, demri tapawutlandyryp bilýäris. Emma esbabyň şol materialyň haýsy görnüşinden ýasalandygyny anyklamak kyn düşýär. Agajyň haýsy görnüşiniň ulanylandygyny, ýüplükleriň düzümini anyklamak üçin ýörite bilimler zerurdyr. Materiallaryň fiziki-himiki häsiýetnamalary boýunça anyk maglumatlary diňe ýörite laborator barlaglaryň geçirilmeginiň netijesinde alyp bolýar. Emma bu usulyň ulanylmagy esbabyň zaýalanmagyna getirmegi mümkin we ol barlaglar ýörite hünärmenleriň gatnaşmagynda geçirilmelidir. Şol sebäpden bu barlaglaryň geçirilmegi belli bir derejede çäklidir.

Esbaplar kesgitlenilende olaryň ýasalyş usullaryny anyklamak zerurlygy ýüze çykýar. Bu barlaglar jemgyýetçilik güýçleriň ösüş taryhyny, ylmyň, medeniýetiň taryhyny öwrenmek üçin wajypdyr. Esbaplar elde ýa-da mehaniki usulda ýa-

salyp bilinýär. Ýasalyş usullaryň her haýsynyň öz aýratynlyklary bar. Esbabyň ýasalyş usulyny kesgitlemek onuň ýasalan çyg malyny, köplenç ýasalan wagtyny anyklamaga mümkinçilik berýär.

Esbabyň göwrümi onuň diňe bir attraktiwlik häsiýetlerini däl, eýsem, maglumat berijilik häsiýetlerini hem kesgitleýär.

Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri öwrenilende, esbabyň görnüşini we gurluşyny kesgitlemek aýratyn ähmiýete eýedir. Bu esbabyň niýetlenilişini we mümkinçiliklerini açyp görkezýär. Esbabyň görnüşi, bezegleriň bolmagy onuň adamlara estetiki täsir edendigini, ýagny, amaly-haşam sungatynyň eserlerine degişlidigini beýan edýär. Şekillendiriş we ýazuw çeşmeleriň ýasalan çig maly, ýasalyş usuly, gurluşy baradaky maglumatlary anyklamak olaryň beýleki alamatlaryny ýüze çykarmaga we bar bolan maglumatlary barlamaga mümkinçilik berýär.

Muzeý esbabyny kesgitlemek onuň stilistiki aýratynlyklarynyň seljerilmegini göz öňünde tutýar. Stilistiki aýratynlyklarynyň ýüze çykarylmagy muzeý esbabynyň awtoryny anyklamaga, onuň ulanylan wagtyny, ýerini kesgitlemäge ýardam edýär.

Muzeý esbaby öwrenilende onuň döredilen wagtyny we ýerini kesgitlemek hem örän wajypdyr. Bu maglumatlary esbabyň çig malyny we ýasalyş usulyny kesgitlemegiň, onuň niýetlenilişini, gurluşyny öwrenmegiň dowamynda alyp bolýar. Şekillendiriş, ýazuw çeşmeleriň döredilen wagtyny anyklamak üçin olaryň temasy wajypdyr. Esbabyň döredilen ýerini we wagtyny anyklamak işi, esbaby döreden awtoryň belli bolan halatynda has ýeňilleşýär. Bu ýerde esbaby döreden awtoryň terjimehal maglumatlaryna daýanyp bolýar.

Muzeý esbabynyň sosial degişliligini anyklamak jemgyýetiň gurluşy bilen baglanyşyklydyr. Esbabyň sosial degişliligi onuň birnäçe alamatlarynyň (çig maly, ýasalan ýeri, wagty, temasy) esasynda ýüze çykarylýar. Esbabyň şahsy degişliligi baradaky maglumatlar hem uly ähmiýete eýedir.

Etnografik muzeýler üçin esbaplaryň etniki degişliligi aýratyn gyzyklydyr. Etniki häsiýetnamalar esbabyň niýetlenilişinde, materialynda, ýasalyş usulynda, stilistiki aýratynlyklarynda ýüze çykýar.

Belli wakalara ýa-da tanymal şahsyýetlere degişli esbaplary, ýagny memorial esbaplary ýüze çykarmagyň uly ähmiýeti bar. Belli wakalar bilen baglanyşykly memorial esbaplar köplenç şol wakanyň bolup geçen ýerinden tapylýar. Emma şonda-da, ýalňyşlyklaryň öňüni almak üçin olaryň niýetlenilişi, ýasalyş usuly, ýasalan wagty ýaly alamatlaryny anyklamalydyr.

Muzeý esbaplary kesgitlenilende, olardaky ýazgylary, geraldiki belgileri öwrenmegiň möhüm ähmiýeti bar. Olar esbabyň temasyny, ýasalan wagtyny we ýerini, awtoryny anyklamaga kömek edýärler.

Muzeý esbaby kesgitlenilende, oňa mahsus bolan ähli alamatlar deňeşdirilýär. Esbabyň göze görnüp duran alamatlary näçe köp bolsa, şonça-da ony kesgitlemek ýeňil bolýar. Muzeý esbaplaryny kesgitlemekde kömekçi dersleriň, ýagny numizmatikanyň, sfragistikanyň, geraldikanyň, p0liografiýanyň, epigrafikanyň, genealogiýanyň orny örän ýokarydyr. Ylmy we maglumat beriji edebiýatyň (monografiýalaryň, kataloglaryň) hem kömegi uludyr.

## Muzeý esbaplarynyň klassifikasiýasy we ulgamlaşdyrylmagy

Her bir muzeý öz işi üçin belli bir klassifikasiýa ulgamyny işläp taýýarlamalydyr.

Muzeý esbaplarynyň umumy klassifikasiýasy ilki bilen olary çeşmeleriň görnüşleri boýunça, soňra esasy alamatlary boýunça bölýär. Bu klassifikasiýa muzeý ýygyndysyny doly öz içine alýar, şeýle hem ýetmeýän esbaplary anyklamaga müm-

kinçilik berýär. Taryhy muzeýlerde gaznalaryň gurluşynyň esasynda esbaplaryň umumy klassifikasiýasy durýar. Umumy klassifikasiýanyň esasynda esbaplaryň ulgamlaşdyrylmagy olary kesgitlemekde uly ähmiýete eýedir. Umumy klassifikasiýa bilen bir hatarda, esbaplary bir golaý alamaty boýunça toparlara birleşdirýän klassifikasiýa hem ulanylýar.

Hronologik alamaty boýunça klassifikasiýa iki görnüşde bolup biler: esbaplaryň döredilen wagty we olaryň ulanylan wagty boýunça. Esbabyň ulanylan wagty boýunça klassifikasiýa etnografik we memorial muzeýler üçin aýratyn ähmiýetlidir. Bir müňýyllyga, bir asyra, bir onýyllyga, bir ýyla degişli esbaplar bir topara birleşdirilýär.

Esbaplary geografik alamaty boýunça iki topara bölüp bolýar: esbaplaryň döredilen ýeri we olaryň ulanylan ýeri boýunça. Belli bir döwlete, welaýata, şähere, önümçilik merkezine degişliligi boýunça esbaplar bir topara birleşdirilýär.

Muzeý esbaplarynyň klassifikasiýasy olaryň etniki degişliligi boýunça hem geçirilip bilner. Meselem, etnografiki muzeýlerde dürli halklaryň egin-eşikleri aýratyn toparlarda görkezilýär.

Sosial degişliligi boýunça klassifikasiýada bir sosial toparda ulanylan esbaplar birleşdirilýär, meselem, XX asyryň ortalarynda daýhan maşgalanyň öýüniň içki görnüşi işçi maşgalanyň öýüniň görnüşinden tapawutlanýar we aýratynlykda görkezilýär.

Bir awtora degişli işler awtorlyk degişliligi boýunça toparlara birleşdirilýär. Bir şahsyýete degişli esbaplar şahsy alamatlar boýunça umumylaşdyrylýar. Bu klassifikasiýa memorial muzeýler üçin örän ähmiýetlidir.

Predmet klassifikasiýasy niýetlenilişi boýunça golaý bolan esbaplary bir topara jemleýär. Muzeý tejribesinde köplenç maddy çeşmeleriň predmet klassifikasiýasy ulanylýar. Predmet klassifikasiýasy boýunça zähmet gurallary, hojalykda ulanylýan esbaplar, ýaraglar aýratyn toparlara birleşdirilýär.

Kesgitli alamatlary boýunça geçirilýän muzeý esbaplarynyň ulgamlaşdyrylmagy taryhy meseleleri çözmekde çeşmeleriň hemmetaraplaýyn ulanylmagynyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmaga ýardam berýär.

Muzeý esbaplarynyň tematiki klassifikasiýasy taryhy muzeýlerde taryhy bilimleriň klassifikasiýasy esasynda geçirilýär we ekspozisiýalaryň gurluşyna ýakyn bolýar. Munda bellibir çägiň taryhy ösüşiniň aýratynlyklary göz öňünde tutulýar.

Bir esbap birnäçe temalara degişli çeşme bolup çykyş edip bilýär, şonuň üçin esbaplar tematiki klassifikasiýanyň esasynda ulgamlaşdyrylanda, olar birnäçe toparlara degişli bolup biler. Meselem, nagyşlanan küýze önümi taryhçylar üçin hojalykda ulanylýan esbap hökmünde, küýzegärleriň ýasan önümi hökmünde we sungat eseri hökmünde gyzyklanma bildirýär. Tematiki alamatlar boýunça muzeý esbaplarynyň ulgamlaşdyrylmagy taryhy muzeýler üçin örän wajypdyr, emma ol diňe esbap anyk kesgitlenilende mümkindir.

## Muzeý esbaplarynyň düşündirilişi

Muzeý esbaplarynyň düşündirilişi olary kesgitlemegiň we ulgamlaşdyrmagyň netijelerini seljermek esasynda geçirilýär. Muzeý esbabynyň düşündirilişi aşakdaky ýaly tertipde geçirilýär:

– esbabyň taryhy;
– esbabyň niýetlenilişi;
– esbabyň ýasalan çig maly;
– esbabyň daşky görnüşi;
– esbabyň döredilen wagty we ýeri;
– esbabyň muzeý gymmatlygy.

Muzeý esbaplarynyň düşündirilişi olaryň ylmy der-

ňewlerini talap edýär. Barlaglaryň obýekti hökmünde çeşmeleriň bir görnüşine degişli bir ýa-da birnäçe esbaplar çykyş edip biler. Ylmy barlaglaryň netijesinde esbabyň monografik beýany ýa-da çeşmeşynaslyk häsiýetli monografiýasy ýazylyp bilner.

# VIII BAP
# MUZEÝ GAZNALARYNY TOPLAMAK

## 1. Muzeý gaznalaryny toplamagyň ähmiýeti we ylmy wezipeleri

### Muzeý işinde gaznalary toplamak

Muzeý işiniň esasy görnüşleriniň biri – gaznalary toplamakdyr. Muzeýi öwrenişde gaznalary toplamak işine muzeýler tarapyndan sosial maglumatlary toplamak, jemgyýetiň ösüşini resmileşdirmek wezipeleriniň ýerine ýetirilişi hökmünde seredilýär. Gaznalary toplamak daşky gurşawdan dürli döwürlere degişli bolan, dürli maksatlara niýetlenen esbaplary saýlap almak we olary muzeý esbaplary hökmünde muzeý ýygyndylaryna girizmek arkaly amala aşyrylýar.

Saýlanyp alnan muzeý esbaplary muzeý ýygyndysynyň esasyny – muzeý gaznasyny düzýärler. Gaznanyň esasy bölegi hemişelik saklanmak üçin niýetlenendir.

Gaznalary toplamagyň dowamynda esbaplaryň muzeý gymmatlygyny ýüze çykarmak zerurdyr. Onuň üçin esbaplaryň berýän maglumatlary we şol esbaplar baradaky maglumatlar öwrenilýär. Esbaplar barada goşmaça maglumatlar olaryň durmuşdaky arabaglanyşyklaryny ýüze çykarmaga ýardam berýär. Goşmaça maglumat berýän, emma muzeý gymmatlygy bolmadyk esbaplar ylmy-kömek beriji materiallaryň gaznasyna goşulýarlar.

Esbaplaryň berýän maglumatlary we esbaplar baradaky maglumatlar ýörite hasaba alyş we ylmy resminamalarda

beýan edilýär. Döwrüň resminamasy hökmünde muzeý esbaby we muzeý işiniň resminamalary (ylmy ýazmaçlar, öwsele kitaplardaky ýazgylar, ylmy pasportlar) muzeýiň öňde duran wezipelerini amala aşyrmak üçin zerur bolan resminama işleriniň iki derejesini düzýär.

Jemgyýetiň ösüşini resmileşdirmek boýunça muzeýiň işi diňe muzeý esbaplaryny toplamaga däl, ol ylmy taýdan guralan kolleksiýalaryň ulgamynyň döredilmegine gönükdirilendir. Muzeý esbaplaryny kesgitlemek, toparlara bölmek, ulgamlaşdyrmak we düşündirmek boýunça geçirilýän gazna işleri bilen birlikde gaznalary toplamak işine muzeý kolleksiýalaryny düzmek diýilýär. Onuň mazmuny – esbaplaryň muzeý gymmatlygyny ýüze çykarmakdadyr.

Ýokarda aýdylanlary jemläp, gaznalary toplamak düşünjä şeýle kesgitleme berip bolýar:

**Gaznalary toplamak** – muzeý işiniň esasy görnüşleriniň biridir, jemgyýetiň ösüşini resmileşdirmekde möhüm ugurdyr. Ol geçmişe we häzirki döwre degişli esbaplary saýlap alyp, olary hemişelik saklanmaga niýetlenen muzeý esbaplaryna, döwrüň resminamalaryna, muzeý ýadygärliklerine öwürmek arkaly amala aşyrylýar. Muzeý esbaplarynyň gaznasyny toplamak bilen bir hatarda olary öwrenmek we peýdalanmak üçin zerur bolan goşmaça maglumatlary özünde jemleýän ylmy-kömek beriji materiallaryň gaznasy hem emele getirilýär.

## Real hakykatyň esbaplary muzeý ähmiýetli esbaplar hökmünde

Gaznalary toplamak üçin muzeýi öwrenişde «muzeý ähmiýetli esbap» we «muzeý esbaby» diýen düşünjeleriň ähmiýeti uludyr. Gaznalary toplamagyň manysy – real hakykatyň esbaplarynyň bir bölegini muzeý ähmiýetli esbaplara, soňra bolsa muzeý esbaplaryna öwürmekdedir. Şunuň bilen baglanyşyklylykda muzeý esbaplarynyň muzeý gymmatlygy

hökmünde, ýagny, onuň jemgyýet üçin gyzyklanma döredýän sosial maglumatlaryň çeşmesi hökmünde çykyş edip bilmegi baradaky meseläni çözmeli bolýar.

Esbabyň muzeý gymmatlygy onuň muzeý esbaplarynyň umumy häsiýetlerine eýe bolmagy bilen kesgitlenilýär. Muzeý esbaplary sosial maglumatlaryň çeşmesi hökmünde uzak wagtlap saklanmaga ukyply bolup, muzeý üçin gyzyklanma bildirýän maglumatlary saklamalydyr.

Muzeý gymmatlygy bolan esbap üçin esasy alamatlaryň biri – onuň hakykylygydyr. Her bir esbap sosial maglumatlaryň çeşmesi hökmünde öwrenilýär. Maddy esbaplar özüniň gurluşy, çig maly, bezegi bilen jemgyýetçilik durmuşyň möhüm taraplaryny açyp görkezýärler: zähmet gatnaşyklaryny, önümçiligiň tehnologiýasyny we estetikasyny, durmuş zerurlyklarynyň derejesini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny.

Esbabyň muzeý gymmatlygy hökmünde berýän maglumatlarynyň hil görkezijisi bolup, onuň täsinligi ýa-da adatylygy, şeýle-de memorial ähmiýeti, ýagny bellibir waka ýa-da tanymal şahsyýete degişliligi çykyş edýär.

Ylmy gymmatlygy bolan maglumatlary özünde jemleýän esbap taryhy çeşme bolup çykyş edýär. Muzeý üçin esbabyň ahlak, estetiki, memorial taraplary hem wajypdyr, sebäbi ol diňe taryhy çeşmeleri däl, eýsem medeni gymmatlyklary toplaýar. Esbabyň berýän maglumaty bilen onuň daşky alamatlarynyň gatnaşygy muzeýler üçin örän ähmiýetlidir. Esbabyň daşky görnüşi muzeý ýygyndysynyň umumy görnüşine täsir edýär.

## 2. Gaznalary toplamak boýunça işleriň guralyşy

Taryhy muzeýleriň gaznalaryny toplamak işi muzeý işgärleri, taryhçylar, arheologlar, etnograflar, taryhyň beýleki ugurlary boýunça hünärmenler tarapyndan amala aşyrylýar. Bu işe sungaty öwrenijiler, edebiýatçylar, sosiologlar işjeň gatnaşýarlar.

*Gaznalary toplamak işi birnäçe tapgyrlara bölünýär:*

– muzeýi gyzyklandyrýan taryhy ýa-da häzirki zaman durmuşynyň wakalaryny kesgitlemek;
– gaznalary toplamak maksady bilen muzeý ähmiýetli obýektler hökmünde hakykatyň obýektlerini belli etmek;
– muzeý ähmiýetli esbaplary ýüze çykarmak;
– muzeý ähmiýetli esbaplaryň ylmy barlaglaryny geçirmek;
– muzeýler tarapyndan esbaplary edinmek we muzeý esbaplarynyň hataryna goşmak.

Muzeý gymmatlygy bolan esbaplary ýüze çykarmak işi esbaplaryň ulanyşdan alnan wagtyndan başlanýar. Ýöne onuň muzeý ähmiýeti baradaky meseläni doly çözmek üçin toparlaýyn barlaglaryň geçirilmegi zerur. Şeýle barlaglar esbaplara muzeý esbaby derejesini bermäge hukugy bolan ýörite toparlar tarapyndan geçirilýär.

2010-njy ýylyň 24-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Muzeý gymmatlyklaryny satyn almak barada» karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrligine muzeý gymmatlyklaryny ýüze çykarmak we satyn almak boýunça ýörite topary döretmek tabşyryldy. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen döredilen bu toparyň alyp barjak işleri biziň gymmatlyklar hazynamyzyň täze eksponatlar bilen üstüniň doldurylyp, muzeý gaznalarynyň baýlaşmagyna, Türkmenistanyň muzeýleriniň diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem dünýä halklarynyň gymmatlyklaryny özünde jemleýän muzeýlere öwrülmegine, giň meşhurlyga eýe bolmagyna ýardam berer.

Gaznalary toplamagyň dürli çeşmeleri we ýollary ulanylýar: tötänleýin edinilen esbaplar, ýöriteleşdirilen gözlegler we muzeý tarapyndan geçirilýän barlaglar we başg. Tötänleýin tapyndylar (ýer işleri geçirilende, binalar ýykylanda), ilat tarapyndan esbaplaryň muzeýlere tabşyrylmagy

muzeýleriň gaznalaryny toplamak işine giň köpçüligiň gatnaşmagynyň alamatydyr. Ol halkyň umumy medeniýetiniň, muzeý aňyýetiniň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Muzeýleriň işini şöhlelendirmekde, ilata gaznalary toplamak işine gatnaşmagyň ähmiýetini düşündirmekde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ähmiýeti örän ýokarydyr.

Muzeý gaznalaryny toplamak işinde muzeý esbaplaryny edinmäge ýardam berjek edaralar, aýry-aýry şahsyýetler bilen muzeýiň arasynda işjeň gatnaşyklar ýola goýulýar. Muzeýler kolleksionerler bilen, gymmatly esbaplaryň eýeleri bilen, ylmy ýygyndylary toplaýan, emma olary özünde saklamaýan ylmy edaralar bilen (taryh fakultetleriniň kafedralary, ylmy-barlag institutlar), amaly-haşam sungatynyň ussatlary bilen, suratkeşler bien aragatnaşyk saklaýarlar. Netijede, muzeýler sowgat berilmek ýa-da satyn almak arkaly, wesýet esasynda hususy ýygyndylaryň esbaplaryny edinýärler. Gaznalary toplamak işine häzirki zaman esbaplaryň edaralar, önümçilik birleşikleri, jemgyýetçilik guramalary tarapyndan muzeýlere tabşyrylmagy, artykmaç we muzeýiň ugruna degişli bolmadyk esbaplaryň muzeýleriň arasynda çalşylmagy ýardam edýär.

## Muzeý ähmiýetli esbaplary saýlap almak

Gaznalary toplamak işi esbaplaryň öwrenilmeginden başlanýar. Bu tapgyr örän möhüm bolup durýar we esbabyň muzeý ähmiýetini kesgitlemäge mümkinçilik döredýär. Muzeý gaznasynyň düzüminde geçirilýän esbabyň soňky barlaglary, onuň muzeý ähmiýetini açyp görkezýär, beýleki esbaplar bilen bir hatarda hemmetaraplaýyn öwrenýär.

Muzeý ähmiýetli esbaplary saýlamakda olaryň «ýaşyna» aýratyn üns berilýär. Geçmişe degişli esbaplaryň anyk döredilen wagtyny we hakykylygyny kesgitlemek örän wajypdyr. Onuň üçin olaryň görnüşleriniň taryhyny, materiallaryň

ulanylşynyň taryhyny, döwürleriň stilistiki aýratynlyklaryny, esbaplaryň hakykylygyny subut edýän alamatlary bilmek zerurdyr. Bu alamatlar esbaplaryň soňky barlaglarynda has içgin öwrenilýär, emma esbaplar saýlananda şu aýratynlyklar göz öňünde tutulmalydyr.

Geçmiş taryhymyza degişli esbaplaryň muzeý ähmiýetini birnäçe möhüm alamatlaryň esasynda kesgitläp bolýar. «Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek» hakynda Türkmenistanyň kanunynda medeni gymmatlyklara şeýle kesgitleme berilýär: *«Gozgalýan medeni gymmatlyklar diýlip* öz niýetlenilişi we tebigaty boýunça jemgyýetçilik-adamzat işiniň elli ýyl ýa-da şondan hem köp ýyl ozal döredilen gozgalýan material eserlerine we uly medeni gymmata eýe bolan beýleki esbaplara, hususan-da etniki, arheologik, taryhy, çeperçilik, ylmy, tehniki, dini we gaýry babatdaky esbaplara, şeýle hem milli durmuşyň adaty we özboluşly hadysalaryny häsiýetlendirýän esbaplaryna düşünilýär». Şu kesgitlemä laýyklykda, Türkmenistanyň çäklerinde duş gelýän iň gadymy döwürden başlap, XX asyryň II ýarymyna çenli döwre degişli bolan esbaplar muzeý ähmiýetli esbaplar bolup durýarlar.

Gozgalýan medeni gymmatlyk elli ýyldan bärde döredilen, uly medeni gymmata eýe bolan eser hem bolup biler. Şol esbaplaryň muzeý ähmiýetini kesgitlemek çylşyrymly meseleleriň biridir, şonuň üçin her bir esbabyň hemmetaraplaýyn öwrenilmegi zerurdyr. Ilki bilen onuň ýasalan çig maly öwrenilýär, sebäbi muzeý esbaby uzak wagtlap saklanmaga ukyply bolmalydyr. Bu meselede çig malyň, reňkleriň häsiýetleri barada, rejelemegiň mümkinçilikleri barada ýörite bilimleriň bolmagy zerur.

Esbabyň berýän maglumatlarynyň dürli taraplaryny öwrenmeklige aýratyn üns berilýär. Maglumatlaryň mazmuny ilki bilen maddy esbaplaryň niýetlenilişinde, çeperçilik eserleriň, ýazuw çeşmeleriň temasynda görkezilýär. Esbabyň berýän

maglumatlary ylmy gymmatlyga eýe bolup bilýär. Emma diňe şu nukdaýnazardan muzeý esbabyna baha berip bolmaýar, onuň ylmy ähmiýeti barada soňky barlaglaryň dowamynda ýa-da birnäçe wagt geçenden soňra netije çykarylyp bilner.

Eger-de esbapda saklanýan maglumatlardan ýa-da esbap baradaky maglumatdan onuň belli waka ýa-da belli şahsyýete degişliligi ýüze çykarylsa, ol esbap memorial ähmiýete eýe bolýar. Meselem, Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň muzeýi bölüminde ýerleşdirilen häzirki zaman esbaplaryň ählisi memorial ähmiýete eýedir, sebäbi olar Türkmenistanyň ilkinji prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşa degişli esbaplardyr. Muzeý ähmiýetli häzirki zaman esbaplara özboluşly, ýeke-täk görnüşde bolan esbaplar degişli bolup biler, meselem, şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň eserleri, tehniki enjamlaryň awtorlyk nusgalary, arhitektura binalarynyň maketleri we başg.

Häzirki zaman esbaplaryň esasy bölegi – köpçülikleýin önümçiligiň adaty esbaplarydyr. Olar önümçilik üçin häsiýetli nusgalar hökmünde saýlanyp alynýar. Meselem, Lebap welaýatynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde welaýatyň ýaglyk kärhanasynyň önümleriniň dürli görnüşleri kärhanada öndürilýän ýaglyklaryň nusgalary hökmünde görkezilýär.

Häzirki zaman esbaplar saýlanyp alnanda, olaryň toplumyny saýlap almak meselesini çözmeli bolýar. Käbir esbaplaryň, meselem, şahsy arhiwiň, önümleriň toplumynyň bitewiligi saklanylmalydyr. Bir tema degişli çeşmeleriň toplumyny saýlamak işi biraz çylşyrymlydyr. Munda esbaplary deňeşdirmek, bir waka degişli maglumatlara baha bermek zerurlygy ýüze çykýar. Maddy materiallary suratlar bilen, suratlary ýazuw çeşmeleri bilen deňeşdirmek ýoly giňden peýdalanylýar. Toplumdaky esbaplar biri-biriniň maglumatlaryny dolduryp, olaryň gymmatlygy has ýokary bolýar.

Taryhy muzeýleriň gaznalaryny toplamak işinde entäk birnäçe düýpli meseleler bar. Geljekde muzeý işiniň derejesiniň ýokarlanmagy bu meseleleriň çözülmegine ýardam berer.

# IX BAP

# MUZEÝ GAZNALARYNY HASABA ALMAK

## 1. Muzeý gaznalaryny hasaba almagyň we gazna resminamalarynyň ulgamyny döretmegiň meseleleri

Muzeý gaznasy döwlet emlägi bolup, uly gymmatlyga eýedir. Her bir muzeýiň gaznalarynyň hukuk taýdan goraglylygy zerurdyr.

*Gaznalary hukuk taýdan goramak:*

– esbabyň muzeýe degişliligini we muzeýiň oňa bolan hukuklarynyň kepillendirilmegini;
– esbabyň muzeý gaznasyndaky hukuk ýagdaýynyň, ýagny onuň muzeý esbaplaryna ýa-da ylmy-kömek beriji materiallara degişliliginiň kesgitlenilmegini;
– esbaplaryň material jogapkärçiligini çekýän ylmy işgärlere berkidilmegini;
– muzeý gaznasyna girizilmedik, wagtlaýyn saklanylýan esbaplaryň belli edilmegini;
– muzeýde esbaplaryň hereketini resmileşdirmegi;
– muzeýe degişli esbaplaryň barlygyna gözegçilik edilmegini;
– esbabyň saklanylýan ýeri barada maglumatlary çalt almaga mümkinçiligiň bolmagyny;
– muzeý gaznalaryndan peýdalanmagyň düzgünleriniň berjaý edilmegini göz öňünde tutýar.

Muzeý gaznalarynyň goraglylygyny üpjün etmek esbaplary öwrenmezden mümkin däl. Esbap baradaky maglumatlar

ýörite hukuk resminamalarynda beýan edilýär. Resminamalar muzeýiň şol esbaby goramaga bolan eýeçiligini tassyklaýar.

Muzeý gaznalaryny we muzeýiň esbaplara bolan eýeçilik hukugyny goramaga gönükdirilen gazna işleriniň ugruna, muzeý gaznalaryny hasaba almak diýilýär. Muzeý gaznalaryny hasaba almagyň dowamynda dörän resminamalara *hasaba alyş resminamalary* diýilýär.

Hasaba alyş resminamalary bellenilen tertipde doldurylýar. Resminamalarda esbaplar barada, olaryň muzeýe kabul edilişi barada, bir umumylyk boýunça birleşdirilen esbaplaryň topary barada maglumatlar jemlenilýär. Hasaba alyş resminamalary ylmy-barlag işlerinde giňden peýdalanylýar.

Gaznalaryň toplanylan döwründe başlanýan hasaba alyş işi hemişe dowam edýär: muzeý gaznalary yzygiderli doldurylýar, esbaplar sergide görkezilmek üçin äkidilýär, getirilýär, olaryň ýagdaýy barlanylýar.

Gazna resminamalaryna gaznalaryň klassifikasiýasynyň we ulgamlaşdyrylmagynyň, goralmagynyň netijesinde döreýän resminamalar hem degişlidir. Bu resminamalar:

– esbaplaryň özara baglanyşygyny berkitmek üçin;
– gaznalar öwrenilende peýdalanmak üçin;
– muzeýiň ugurdaş dersleri boýunça barlaglar geçirilende ulanmak üçin;
– esbaplary çalt we aňsat gözläp tapmak üçin;
– gaznada bolmadyk esbaplary anyklamak üçin;
– muzeý esbaplarynyň bejeriş işleriniň netijelerini beýan etmek üçin döredilýär.

Gazna resminamalarynyň ulgamy bellenilen görnüşde doldurylýan, gaznalary hasaba almagyň, toparlara bölmegiň, ulgamlaşdyrmagyň, gaznalaryň goralmagynyň dowamynda emele gelýän özara baglanyşykly resminamalaryň toplumydyr.

Muzeý gaznalarynyň düzümi hemişe üýtgäp dur, şonuň üçin resminama işleri elmydama dowam edýär.

*Muzeýiň resminama işleriniň derejesi birnäçe şertlere bagly bolýar:*

– resminamalary düzýän (doldurýan) işgärleriň muzeýi öwreniş, taryh, çeşmeşynaslyk dersleri boýunça bilimleriniň derejesine;
– muzeý işgärleriniň öz muzeýleriniň we beýleki muzeýleriň ýygyndylary baradaky maglumatlarynyň derejesine;
– gazna resminamalaryny ýöretmegiň düzgünlerini beýan edýän düzgünnamalaryň bolmagyna we olaryň hiline;
– muzeýiň dolandyryş işleriniň ýola goýulyşynyň derejesine;
– gazna resminamalaryny ýöretmek üçin blanklaryň, ýazgylaryň we saklamak üçin zerur bolan enjamlaryň bolmagyna (kartoteka şkaflary, seýfler) baglydyr.

## Gazna resminamalary maglumat ulgamy hökmünde

Gazna resminamalary gazna barada, muzeý esbaplary tarapyndan şöhlelendirilýän wakalar barada maglumatlary özünde jemleýär. Diýmek, gazna resminamalary özboluşly maglumat ulgamy bolup durýar. Gazna maglumat ulgamyna muzeý esbaplary baradaky monografiýalar, muzeý esbaplarynyň esasynda ýazylan taryhy işler hem degişli edilýär.

Gazna maglumat ulgamy muzeýde giňden ulanylýar. Ol gazna işleriniň ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolan maglumatlary berýär. Gazna maglumat ulgamynyň esasynda gazna işleri meýilleşdirilýär we dolandyrylýar. Maglumat ulgamynyň esasynda gaznalar, olaryň ýagdaýy seljerilýär, gazna işleriniň üns berilmeli ugurlary kesgitlenilýär. Ekspozision we sergi işlerinde esbaplary saýlamakda, tematiki-ekspozision toplumlary döretmekde gazna maglumat ulgamy giňden peýdalanylýar.

9. Sargyt № 1023.

Muzeý gaznalarynyň taryh ylmynyň çeşmeşynaslyk esasy bolup çykyş etmegi, gazna maglumat ulgamynyň ylmy-barlag edaralary üçin ähmiýetini kesgitleýär. Gazna maglumat ulgamyny döretmek işi çylşyrymly, hemişe dowam edýän işdir. Häzirki wagtda muzeýlerde bar bolan maglumat ulgamynyň kämilleşdirilmegi zerurdyr. Maglumat ulgamyny elektron görnüşe geçirmegiň ähmiýeti örän ýokarydyr.

Biziň ýurdumyzda Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlup ulanmaga berlen häzirki zaman muzeýleri elektron maglumat ulgamyny döretmek we peýdalanmak üçin ähli zerur şertler bilen üpjün edilýär. Kompýuterleriň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, kämil maglumat ulgamyny döretmek işi muzeýiň işgärlerine bagly bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzyň ähli bilim, ylym, medeniýet edaralarynda internet ulgamy elýeterli boldy. Ýakyn geljekde Türkmenistanyň ähli muzeýleriniň häzirki zaman ýokary tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylyp, ýokary derejeli medeni ojaklaryna, ylmy-barlag merkezlerine öwrüljekdigi gumansyzdyr.

## 2. Hasaba alyş resminamalary

Esbaby muzeýe kabul etmek baradaky mesele örän jogapkärlidir. Muzeý ýygyndysynyň gymmatlygy köp babatda şol meseläniň dogry çözülmegine bagly bolýar. Esbaby muzeýe kabul etmek baradaky mesele ýörite topar tarapyndan çözülýär.

Entäk muzeýe degişli bolmadyk esbap hünärmenler tarapyndan öwrenilýär. Hünärmenler öz gelen netijelerini muzeý gymmatlyklaryny satyn almak boýunça ýörite topara berýärler. Toparyň düzen beýanynda esbaby muzeýe kabul etmek barada çözgüt (satyn alnan halatynda bahasy), esbabyň

esasy gazna ýa-da ylmy-kömek beriji materiallaryň gaznasyna degişliligi beýan edilýär.

Toparyň beýanynyň esasynda esbabyň hemişelik saklanmaga kabul edilýänligi barada ykrarnama düzülýär. Ykrarnama hasaba alyş bölümi ýa-da baş gaznaçy tarapyndan 3 nusgada düzülýär. Esbap satyn alnanda onuň eýesiniň satyn alyş nyrhy bilen ylalaşýandygy barada razylyk hatyny almak zerurdyr.

Esbabyň muzeýe hemişelik saklanmaga kabul edilendigi barada resminamanyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Ol esbabyň muzeýe degişliligini hukuk taýdan tassyklaýar. Ykrarnama muzeýiň direktorynyň goly we möhüri bilen tassyklanylýar *(3-nji goşundy).*

Esbap muzeýe kabul edilenden soňra (bir aýyň dowamynda) muzeýiň hasaba alyş bölüminiň müdiri ýa-da baş gaznaçy esbaplary geliş tertibinde muzeý esbaplarynyň **kabul ediş kitabyna** ýa-da ylmy-kömek beriji materiallaryň hasabat kitabyna ýazýar *(9–11-nji goşundy).*

Alyş-çalyş gaznasynyň esbaplary esasy gaznanyň esbaplary bilen bilelikde ýazylýar. Olaryň alyş-çalyş gaznasyna degişliligi ýörite kartotekalar bilen bellenilýär.

Her esbaba tertip belgisi berilýär. Ol esbaba muzeýiň şifri bilen bile goýulýar (meselem, esbap Türkmenistanyň Döwlet muzeýine degişli bolup, kabul ediş kitabyndaky belgisi 10200 bolsa, esbabyň belgisi – DM –KEK-10200 bolar). Kabul ediş kitabynda muzeý esbaplarynyň esasy alamatlarynyň beýan edilmegi esbaby kesgitlemegiň netijelerini berkidýär, ony gözläp tapmagy aňsatlaşdyrýar, çalşyrylmagynyň öňüni alýar. Kabul ediş kitabynda esbabyň kabul edilen wagty, kabul edilmegiň çeşmesi, abatlygy, düşündiriş resminamalarynyň bolmagy bellenilýär, kabul ediş ykrarnamanyň belgisi we ýazgynyň senesi goýulýar.

Muzeý esbaplaryny kabul ediş kitaby möhüm hukuk resminamasydyr. Resminama doldurylmazyndan öň, onuň sa-

hypalary belgilenýär, çatylýar, ýokary gurama tarapyndan gol çekilip, möhür bilen berkidilýär.

Muzeý esbaplarynyň kabul ediş kitaplary esbaplaryň umumy sany, ylmy-kömek beriji materiallaryň sany, bellibir döwürde kabul edilen esbaplaryň sany, kabul edilişiň yzygiderliligi barada maglumatlary özünde jemleýär. Kabul ediş kitabyna ýazylan esbaplar kabul ediş ykrarnamalary boýunça gazna saklaýja tabşyrylýar *(4-nji goşundy)*.

Kabul ediş kitabyndaky ýazgylar boýunça muzeýde ýörite hasabat kartotekalary düzülýär. Kartotekada ýazmaçlar esbaplaryň gazna degişliligi boýunça ýerleşdirilýär. Esbaplaryň haýsy gazna degişliligini anyklamak zerurlygy ýüze çykanda, kartotekalardan peýdalanmak ähmiýetli bolýar.

## Muzeý esbaplarynyň ylmy inwentarizasiýasy

Muzeý esbaplarynyň ylmy inwentarizasiýasy esbaby kesgitlemek boýunça çuňlaşdyrylan işleriň geçirilmegini göz öňünde tutýar. Ylmy inwentarizasiýa gaznalary ulgamlaşdyrmakda ýalňyşlyklaryň öňüni almaga ýardam berýär. Inwentarizasiýanyň netijeleri ýörite kitaplarda – **öwsele kitabynda** beýan edilýär. Ylmy öwsele kitabynda her esbap aýratynlykda ýazylýar. Esbabyň ady, onuň esasy alamatlarynyň suratlandyrylmasy berilýär. Öwsele kitabynda esbabyň awtory, döredilen ýeri we wagty, ulanylan ýeri we wagty, etniki we sosial degişliligi, esbabyň taryhy, ýasalan çig maly, agramy (gymmatbahaly metallardan ýasalan esbaplar üçin), fiziki ýagdaýy barada bellikler edilýär. Degişli sütünde esbabyň hasaba alyş belgisi, esbabyň kabul ediliş usuly we çeşmesi, kabul edilendigi barada resminama, bahasy görkezilýär. Esbabyň inwentarizasiýasynyň geçirilen senesi, inwentarizasiýany geçiren adamyň familiýasy, ady goýulýar *(12-nji goşundy)*.

Muzeýiň her bölüminde birnäçe ylmy öwsele kitaby bolýar. Meselem, şekillendiriş sungaty bölüminde nakgaşlyk eserleri, grafika, heýkeltaraşlyk eserleri, fotosuratlar aýratyn kitaplara ýazylýar. Öwsele kitabynyň haýsy gazna we haýsy topara degişliligini harplar arkaly belli edýärler. Meselem, esbap şekillendiriş sungatyna degişli bolsa – «Ş» harpy bilen, fotosurat bolsa – «F» harpy bilen belgilenýär. Şeýlelikde, muzeý esbabyna iki belgi goýulýar: hasaba alyş belgisi we öwsele belgisi. Meselem, ýokarda görkezilen fotosuratyň belgisi şeýle görnüşde bolar: DM –KEK 10 200/Ş-F 196 (bu ýerde 196-fotosuratyň öwsele kitabyndaky belgisi)

Muzeý esbaplarynyň ylmy beýan ediş ýazmajyndaky ýazgylar ylmy öwselä geçirilýär. Ýazmaç muzeý esbaplarynyň kesgitlenilişiniň dowamynda doldurylýar we onuň esasy alamatlaryny beýan edýär. Ylmy beýan ediş ýazmajynyň teksti redaktirlenip, kämilleşdirilip bilinýär.

Ylmy beýan ediş ýazmaçlaryndan inwentar kartotekasy düzülýär. Inwentar kartotekasy gaznalaryň ylmy kataloglaryny düzmek üçin esas bolup durýar.

Esbabyň saklanýan ýerini çalt anyklamak üçin topografik kartotekalar we ýazgylar düzülýär. Ýazmaçlarda esbabyň ady, hasaba alyş belgisi, gaznada we ekspozisiýada saklanýan ýeri görkezilýär. Gazna degişli ylmy-kömek beriji materiallaryň aýratyn kartotekasy döredilýär. Kartotekada ylmy-kömek beriji materiallarynyň hasabat kitabyndaky ýazgylar ýazmaçlara geçirilen görnüşinde saklanylýar.

### Hasaba alyş belgileriň esbaplara geçirilişi

Esbaplaryň hasaba alyş belgileri elmydama esbabyň özünde ýa-da ýanynda bolmaly. Köplenç hasaba alyş belgileri gönümel esbabyň özüne ýazylýar. Bu usul agaçdan, metaldan

ýasalan esbaplara, küýze, kagyz önümlerine degişlilikde ulanylyp bilner. Eger-de belgini esbabyň özüne ýazyp bolmasa, birkalar, etiketkalar ulanylýar. Etiketkalar mata önümlerine tikilýär, mebellere kakylýar, ýüzüklere, gulakhalkalara asylýar. Hasaba alyş belgilerini esbaplara berkitmegiň üçünji usuly – belgini esbabyň saklanylýan gabyna ýa-da gutusyna ýazmakdyr.

Hasaba alyş belgisi esbaba geçirilende, esbabyň daşky görnüşine, onuň abatlygyna zyýan ýetirilmeli däldir. Şol bir wagtda belgi uzak wagtlap saklanmaga ukyply bolmalydyr. Onuň üçin dürli çig mallardan ýasalan esbaplar üçin reňkiň dürli görnüşleri ulanylýar (emal, tuş, ýag).

Gymmatbaha metallardan we daşlardan bolan esbaplara kabul ediş, ylmy öwsele we hasaba alyş kitaplaryň belgileri goýulýar.

Hasaba alyş belgisi suratlara çarçuwanyň arka ýüzünde, ýokarky ýa-da aşaky çep burçunda reňk bilen goýulýar. Çarçuwasyz suratlarda şifr we hasaba alyş belgileri kendiriň arka ýüzünde, aşaky çep burçunda goýulýar. Has uly suratlara hasaba alyş belgileri iki ýerde – ýokarda we aşakda goýulýar. Ýuka çarçuwaly, çarçuwasyz grawýuralaryň we suratlaryň hasaba alyş belgileri diňe daşyna tutulan kagyzlara goýulýar.

Grafika eserlerini belgilemek üçin çaphananyň ýagly boýaglaryny ulanyp bolýar. Bu eserlere goýlan ştamp bir inedördül santimetrden uly bolmaly däldir.

Metaldan bolan esbaplara hasaba alyş belgileri gaty kartondan bolan etiketkalara ýazylyp, berk sapak bilen esbaba berkidilýär (sim bilen berkitmäge ýol berilmeýär).

Heýkellerde (agaçdan, mermerden, metaldan) belgi aşagynda goýlan plintyň aşaky burçuna emal ýa-da ýagly reňk bilen goýulýar. Uly heýkelleriň, diwaryň ýüzüne berkidilip goýlan uly göwrümli relýefli heýkelleriň ekspozisiýada görünmeýän tarapynda birnäçe ýerine (aňsat tapylar ýaly) hasaba alyş belgileri goýulýar.

Küýze önümlerine (palçyk, farfor, faýans we ş.m), agaçdan we daşdan ýasalan esbaplara hasaba alyş belgileri we şifr olaryň düýbüne ýagly reňk ýa-da syýa bilen goýulýar.

Manatlara, medallara, daşlara, gazuw-agtaryş işleri wagtynda tapylan ownuk esbaplara hasaba alyş belgisi, olaryň berkidilen ýa-da aýratyn salnan zatlarynyň (gapyrjak, bukja, gap) gapdalyna fotosuratyny (aýratynam gymmatbaha zatlara) goşup goýulýar. Aýratyn maýda (gulakhalka, ýüzük, ilik) zatlara hasaba alyş belgileri berk sapaga dakylan birka ýazyp asylýar.

Matalaryň, eşikleriň, halylaryň hasaba alyş belgisi bölejik matanyň ýüzüne ýazylyp, iç ýüzüne tikilýär.

Muzeý ähmiýetli seýrek duş gelýän kitaplara (okamak üçin ele berilmeýän) hasaba alyş belgileri we şifr titul listiň arka ýüzüne ştamp goýlup belgilenýär.

Aýratyn gymmatly golýazmalara hasaba alyş belgisi sahypanyň arka ýüzüne, ýokary çep gapdalyna tuş bilen goýulýar.

Hasaba alyş belgileri kagyza ýazylyp, ot açýan ýaraglaryň gundagyna, sowuk ýaraglaryň sapyna ýelmenilýär, goranyş serişdeleriniň (galkanyň) iç ýüzüne goýulýar. Metaldan ýasalan esbaplara hasaba alyş belgisi emal bilen goýulýar.

Umuman aýdylanda, muzeýde islendik bir esbabyň hasaba alyş belgisi bolmalydyr. Emma esbap ekspozisiýada görkezilende, muzeý işgärleri hasaba alyş belgileriniň mümkin boldugyça esbabyň daşky görnüşine täsir etmezligini gazanmaga çalyşmalydyr.

## 3. Muzeý kataloglary

Muzeý katalogy gaznanyň esbaplarynyň belli bir tertipde ýerleşdirilen sanawydyr. Esbaplaryň ýerleşiş tertibi ulgamlaşdyrylmagyň dowamynda emele gelýär. Katalog mu-

zeý esbaplaryny öwrenmekde we maglumat – gözleg işlerinde ulanylýar. Kataloglar iki görnüşde bolýar: sistematik we elipbiý katalogy. Muzeý kataloglary klassifikasion shemalaryň esasynda döredilýär.

**Klassifikasion shema** – bu kataloglaryň gurluşynyň esaslaryny kesgitleýän we şol esaslara laýyk gelýän klassifikasion bölünişigi saklaýan resminamadyr. Klassifikasion shemalar gaznanyň klassifikasiýasynyň dowamynda düzülýär. Olar sistematik kataloglar döredilende örän möhümdir. Klassifikasion shemada her bölüm bellibir indeks bilen bellenilýär. Indeksiň kömegi bilen ýazmaçlaryň katalogda orny kesgitlenilýär. Katalog döredilende, her muzeý esbabyna düzülen ýazmaçda indeks goýulýar we klassifikasion shema laýyklykda ýerleşdirilýär.

Elipbiý katalogy üçin umumylaşdyrylan klassifikasion shema ulanylýar. Meselem, atly katalogda bölümler adamlaryň familiýalary boýunça, predmet katalogda elipbiý tertibindäki esbap düşünjeleri boýunça ýerleşdirilýär. Bölümiň içinde ýazmaçlar geografik we hronologik alamatlar boýunça ýerleşdirilip bilinýär.

Taryhy muzeýlerde maddy we şekillendiriş çeşmelere kataloglar umumy klassifikasiýanyň esasynda düzülýär. Bu klassifikasiýa esbaplary çeşmeleriň görnüşleri boýunça, soňra esasy alamatlary boýunça ulgamlaşdyrýar. Ýazuw çeşmelerine, ses ýazgylaryna we kinofilmlere kataloglar pudaklaýyn ýa-da tematiki esasda düzülýär.

Taryhy muzeýleriň işiniň kadaly alnyp barylmagy üçin taryh bilimleriniň esasynda düzülen tematiki katalogyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Emma beýle katalogy döretmek üçin her bir muzeý esbabynyň düýpli öwrenilmegi zerurdyr.

Esasy kataloglar muzeý işinde ýüze çykýan ähli meseleleri çözüp bilmeýärler. Taryhy muzeýlerde taryhy şahsyýetler barada, jemgyýetçilik işgärleri, uruş we zähmet gahrymanlary barada maglumatlar saklanylýar. Şonuň üçin muzeýde atly katalogy döretmek zerurlygy hem ýüze çykýar.

Umuman, taryhy muzeýde kataloglaryň ulgamyny döretmek has ygtybarly bolýar. Kataloglar ulgamy umumy, tematik, pudaklaýyn, hronologik, geografik, atly klassifikasiýalaryň, awtorlyk, etnik, sosial degişliligi boýunça klassifikasiýalaryň esasynda düzülen kataloglardan ybarat bolýar.

Ulgamlaşdyrylan maglumatlar katalog ýazmaçlaryna geçirilýär. Katalog ýazmaçlarynda hökman esbabyň hasaba alyş belgisi görkezilýär. Ýörite setirde katalogyň görnüşine görä gözlegiň amala aşyrylýan esasy sözi ýazylýar (şahsyýetiň familiýasy, geografiki atlar, sosial degişliligi we başg.). Has doly maglumatlar esasy katalogyň ýazmajynda ýazylýar.

Ylmy kataloglaryň ulgamy çylşyrymly, uzak wagtlap alnyp barylýan ylmy işleriň netijesinde döredilýär. Häzirki wagtda muzeýlerde awtomatlaşdyrylan maglumat gözleg ulgamy döredilýär. Ol muzeý esbaplaryny gözläp tapmak boýunça, maglumatlary saklamak boýunça işi has ýeňilleşdirýär.

# X BAP
# MUZEÝ GAZNASYNYŇ SAKLANYLYŞY

## 1. Muzeý gaznasynyň saklanylyşy barada düşünje

Hemme esbaplar, şol sanda muzeý gaznasyna girýän esbaplar fiziki-mehaniki we himiki özgermelere sezewar bolup, olarda tebigy könelmek, «garramak» hadysasy bolup geçýär. Ol hadysa köplenç howanyň we ýagtylygyň täsiri esasynda bolýar. Esbaplara janly-jandarlar ýagny, mör-möjekler, mikroorganizmler, gemrijiler zyýan ýetirip bilýär. Şeýle-de esbaplar mehaniki şikesleriň netijesinde zaýalanyp bilýär.

Şu ýagdaýlaryň hemmesiniň täsiri biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Howanyň temperaturasynyň we çyglylygyň derejesiniň utgaşmagy muzeý esbabynyň tebigy könelmek hadysasyny belli bir derejede haýallandyrýar ýa-da çaltlandyrýar. Howanyň çyglylygynyň ýokary bolmagy käbir halatlarda esbaplara zyýanly täsir edýän himiki düzümleriň döremegine getirýär. Tozanly ýerde howanyň çyglylygynyň ýokarlanmagy esbaplaryň heňlemegine oňaýly mümkinçilik döredýär.

Muzeý esbaplaryna oňaýsyz ýagdaýlaryň täsir edişini peseltmek üçin muzeýlerde esbaplaryň belli bir saklanyş düzgüni girizilýär. Ol düzgün temperatura-çyglylyk derejesiniň saklanylmagyndan, howanyň hapalanmagynyň, biologik, mehanik şikesleriň, dürli heläkçilikleriň (awariýalaryň) öňüni almak üçin geçirilýän çäreleriň we beýleki adatdan daşary ýagdaýlarda gaznalary goramak bilen baglanyşykly çäreleriň toplumyndan ybaratdyr.

Taryhy muzeýleriň gaznalaryna dürli görnüşli esbaplar girýär. Esbaplar gaznahanada ýerleşdirilende, bir tarapdan olaryň saklanyş düzgüni berjaý edilmeli, beýleki bir tarapdan bolsa, esbaplar peýdalanmak üçin elýeterli bolmalydyr. Şu meseleleriň ikisini hem gaznalaryň saklanyş ulgamy çözýär.

Saklanyş düzgüniniň we ulgamynyň esasynda amala aşyrylýan gazna işleriniň ugruna *muzeý gaznasynyň saklanylyşy* diýilýär.

Muzeý gymmatlyklaryny gorap saklamagyň düzgünleri Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň usuly işleri, Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýiniň mahabatlandyryş we neşir edijilik bölümleri tarapyndan taýýarlanan Düzgünnamada[1] beýan edilýär. Ol düzgünleri berjaý etmek ýurdumyzyň hemme muzeýleri üçin hökmanydyr. Ýöne her bir muzeýiň özboluşly aýratynlygy bolýar. Ol aýratynlyklar gaznanyň düzüminde, gurluşynda, mazmunynda ýüze çykýar. Her bir muzeýiň jaýynyň, gaznahanasynyň hem özboluşly aýratynlygy bolýar. Şonuň üçin esasy düzgünnama bilen bir hatarda gaznalaryň saklanylyşy boýunça muzeýlerde içki düzgünnama hem bolýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň muzeýleri üçin döwrebap binalar gurlup, ulanylmaga berilýär. Bu binalar esbaplaryň saklanyş düzgünlerini berjaý etmek üçin ähli zerur şertler bilen üpjün edilýär. Emma biziň baý geçmiş taryhymyzy, milli medeni mirasymyzy, gözel tebigatymyzy şöhlelendirýän ýüzlerçe jemgyýetçilik muzeýlerimiz, şol sanda mekdep muzeýleri hem bar. Bu muzeýlerde esbaplaryň abat saklanylmagyny üpjün etmek üçin gaznanyň aşakdaky saklanyş düzgünleri mümkin boldugyça berjaý edilmelidir.

---

[1] «Muzeý gymmatlyklaryny hasaba almak we gorap saklamak» baradaky Düzgünnama. Bu düzgünnama häzirki wagtda önümçilikde, ýakyn wagtda onuň neşir edilmegine garaşylýar.

## 2. Gaznanyň saklanyş düzgünleri

### Temperatura-çyglylyk düzgüni

Muzeý esbaplarynyň we ylmy-kömek beriji materiallaryň saklanylýan jaýlarynda, ekspozision zallarda temperaturanyň we çyglylygyň derejesi esbaplaryň tebigy taýdan könelmegini, «garramagyny» haýallatmalydyr. Esbaplaryň çig malyna laýyklykda, temperaturanyň we çyglylygyň derejesi olara dürlüçe täsir edýär. Organik materiallardan ýasalan esbaplara çyglylygyň derejesiniň üýtgemegi ýaramaz täsir edýär. Ýokary çyglylyk köp materiallaryň düýpli himiki üýtgeşmelere sezewar bolmagyna, meselem demriň poslamagyna getirýär. Käbir materiallara howanyň temperaturasy öz täsirini ýetirýär. Meselem, galaýydan ýasalan önümler +13 – +18$^0$C aralygynda saklanylmalydyr. Plastilinden ýasalan önümler +25$^0$C-dan ýokary temperaturada eräp, zaýalanyp bilýär.

Temperatura – çyglylyk düzgünini dogry kesgitlemek üçin esbabyň ýasalan materialyny anyklamak bilen bir hatarda, onuň gurluşyny öwrenmek zerurdyr. Esbapda bar bolan şikesler temperaturanyň we çyglylygyň täsirini has ýokarlandyrýar. Meselem, jaýrygy bolan gymmatbahaly daş pes temperaturada we ýokary çyglylykda saklanylsa, onuň jaýrygy has ulalýar.

Temperatura – çyglylyk düzgüni kesgitlenilende, esbabyň öň nähili şertlerde saklanandygyny anyklamak wajypdyr. Aýratynam arheologik tapyndylaryň saklanyş şertleri üýtgeýär. Ol esbaplaryň saklanyş şertleri baradaky mesele ýörite hünärmenler tarapyndan öwrenilýär. Esbaplaryň ýasalan materiallaryna görä, metal önümleri +18 – +20$^0$C , 50% çenli çyglylykda; aýna, emal we küýze önümlerini +12 – +20$^0$C , 55–65% çyglylykda; agaçdan ýasalan önümleri +15 – +18$^0$C , 50–60% çyglylykda; mata önümleri +15 – +18$^0$C , 55–65% çyglylykda saklamaklyk maslahat berilýär. Muzeýde materiallary toplumlaýyn saklamak üçin iň amatly temperatura +18 ±1$^0$C, howanyň çyglylygy 55% ±5% hasaplanýar.

Zerur bolan temperatura-çyglylyk düzgünininiň berjaý edilmegi üçin muzeýiň gaznahanalary sowadyş-ýyladyş ulgamy bilen üpjün edilmelidir. Howanyň çyglylygyny ýokarlandyrmak üçin ýörite suwly gaplary ulanýarlar. Olar ýyladyş ulgamynyň ýanynda ýerleşdirilýär. Ýyladyş ulgamy bolmadyk jaýlarda temperatura-çyglylyk düzgünini berjaý etmegiň esasy şerti jaýy howalandyrmakdyr.

Muzeý gaznasynyň saklanýan jaýlarynda temperatura we çyglylyga hemişe gözegçilik edilmelidir. Muzeý gaznahanalary termometrler, gigrometrler bilen üpjün edilýär. Enjamlaryň görkezijileri gije-gündiziň dowamynda iki gezek barlanyp, ýörite žurnallarda bellenilýär.

**Ýagtylyk düzgüni**

Muzeýlerde ýagtylyk düzgüni muzeý esbaplaryna ýagtylyk şöhleleriniň düşüşini düzgünleşdirmeklige gönükdirilendir. Ol muzeý esbabynyň tebigy könelmek prosesini haýallatmak üçin zerurdyr. Ýagtylyk düzgüni muzeý esbabynyň ýasalan çig malyna laýyklykda kesgitlenilýär. Ýagtylyk düzgüni esbabyň fiziki ýagdaýyna-da bagly bolýar.

Ýagtylyk bu elektromagnit, tolkunly şöhle saçmakdyr. Ýagtylygyň täsiri esbabyň fotohimiki we fiziki taýdan üýtgemekligine getirip biler.

Dürli görnüşli materiallara ýagtylyk birmeňzeş täsir etmeýär.

*Esbaplary ýagtylyga çydamlylygy boýunça, esasan, üç topara bölüp bolýar:*

– ýokary çydamlylyga eýe bolan esbaplara daşdan, gipsden, keramikadan, reňksiz aýnadan ýasalan önümler degişli bolup biler;
– orta çydamlylyga eýe bolan esbaplara süňkden, deriden, agaçdan ýasalan esbaplar, žiwopis eserleriniň aýry-aýry görnüşleri degişli bolup biler;

– ýagtylyga çydamsyz esbaplara fotosuratlar, kagyz, mata önümleri, akwarel we ş.m. degişli bolup durýar.

Ýagtylygyň täsiri diňe bir esbabyň materialyna däl, eýsem onuň reňkine-de bagly bolýar. Günüň şöhleleri materiallaryň hemme görnüşleri üçinem zyýanlydyr, emma garamtyl reňkler ýagtylyk tolkunlaryny hasam özüne çekýärler.

Ýagtylyga çydamly esbaplary diňe gün şöhlesinden goramak ýeterlik bolýar. Ýagtylyga çydamsyz esbaplar gün şöhlesi düşmeýän garaňky jaýda saklanylýar. Ýagtylygyň täsiriniň netijesinde zaýalanan esbaplaryň aýratyn goralmagy zerurdyr. Muzeý esbabyny surata almagyň we kino düşürmegiň düzgünleriniň berjaý edilmegi hem muzeý gymmatlyklarynyň abat saklanylmagy üçin wajypdyr.

## Howany hapalaýjylardan goramak düzgüni

Muzeý esbabynyň könelmegine howadaky garyndylar uly täsir edýärler. Olara gazly hapalaýjylar – kükürtli gaz, kükürtli wodorod, ammiak, hlor, tozan, gurum degişlidir.

Howanyň hapalanyş derejesi muzeý jaýynyň ýerleşişine (senagat kärhanalardan golaýda ýa-da uzakda ýerleşişine), muzeýiň meýdanynyň we jaýlarynyň arassalygyna bagly bolýar.

Kükürtli gaz mata, deri önümlerine, kagyza, suratlara zyýanly täsir edýär. Kükürtli wodorod zatlaryň çüýremegi esasynda döräp, metallaryň (kümüş, mis), reňkleriň, matalaryň zaýalanmagyna getirýär. Hlor kagyz, mata, bürünç, kümüş, mermer üçin howpludyr. Ammiak hem kükürtli wodorod ýaly çüýremeden döräp, kümüşe, reňklere, laklara güýçli täsir edýär.

Tozan, gurum, tüsse esbaplarda çyglylygy saklaýar, esbaplaryň hapalanmagyna, daşky görküniň gaçmagyna ge-

tirýär. Tozan biologik zyýankeşleriň peýda bolmagyna şert döredýär.

Howanyň hapalanmagynyň derejesini we hapalaýjylaryň düzümini howanyň derňewi ýüze çykarýar. Muzeýde temperatura-çyglylyk düzgünininiň berjaý edilmeginiň uly ähmiýeti bar. Muzeý enjamlary, jaýlary yzygiderli arassalanyp durulmalydyr. Muzeý esbaplarynyň çylşyrymly arassalaýyş işleri diňe restawratorlar tarapyndan geçirilýär.

Esbaplary gorap saklamakda muzeý enjamlaryna (şkaflara, seýflere) we esbaplaryň gaplaryna (gutulara, konwertlere) möhüm orun degişlidir.

## Biologiki düzgün

Muzeý esbaplary biologiki zyýankeşler tarapyndan zaýalanyp bilner (heňli kömelejikler, mör-möjekler, gemrijiler). Muzeýde şolaryň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni alýan şertleri döretmek zerurdyr. Temperatura-çyglylyk düzgünininiň, arassaçylyk şertleriniň saklanylmadyk halatynda biologik zyýankeşleriň ýaýramagy üçin amatly şertler döreýär.

Heňli kömelejikler 70%-den ýokary çyglylykda we +20 – +25$^{0}$C temperaturada köpelýär. Heň hemme organik materiallarda, hatda käbir organiki däl (meselem, keramika) esbaplarda-da döräp bilýär. Heňlän esbaplarda dürli reňkli tegmiller galýar. Ol tegmilleriň yzyny kä halatda restawrasiýa wagtynda-da aýryp bolanok. Heňlän esbaplary hökman abat esbaplardan aýralamalydyr. Muzeý esbaplarynda we abzallarynda heňiň bolmazlygy üçin olary formaldegidiň 2% spirtli garyndysy bilen wagtly-wagtynda süpürip durmaly. Matadan bolan esbaplary gowy guradyp, ýumşak çotga bilen arassalamaly. Soňra esbaplary arassalamak üçin tejribeli restawratora tabşyrmaly.

Haýwanlaryň gäpleri, deriler, läşjagazlar heňlände, olar formalin bilen arassalanylýar. Olaryň duran ýerleri hem (şkaflar, gutular) formalin bilen arassalanmalydyr.

Tomzaklar, güýeler, otag siňekleri muzeý esbaplary üçin örän zyýanly mör-möjeklerdir. Olaryň ýaýramagyna jaýyň tozana basylmagy, esbaplaryň aşa köp bolmagy, siňekleriň ýygnanmagy, iýmitiň galyndylary, haýwanlaryň gäpleri, daşy ýonulmadyk agaç bölekleriniň ulanylmagy, jaýyň üçeginden çygyň geçmegi we ş.m. ýagdaýlar sebäp bolýar. Tomzaklaryň käbir görnüşleri agaç önümleri üçin örän zyýanlydyr. Olar agajy deşip, esbabyň zaýalanmagyna getirýärler. Deri güýeleri tüýli önümleri, derini, haýwanlaryň şahlaryny, ýelegi erbet zaýalaýarlar. Güýeler aýratynam keçe önümleri üçin zyýanlydyr. Bu zyýankeşleriň garşysyna dürli himiki serişdeler ulanylýar.

Her muzeýde esbaplaryň zaýalanylyşynyň derejesini barlamak we dezinfeksiýa işlerini geçirmek, ýagny dermanlamak üçin aýratyn otag bolmalydyr. Dezinfeksiýa ýörite hünärmenler tarapyndan geçirilmelidir.

Gemrijiler – syçanlar, alakalar – organik materiallardan ýasalan muzeý esbaplaryna uly zyýan ýetirip bilýärler. Olaryň peýda bolmazlygy üçin arassaçylyk düzgünleriniň berjaý edilmegi we muzeý jaýlarynyň iýmit saklanýan ýerden uzakda bolmagy zerurdyr.

Biologik zyýan ýetirijileri ýok etmek boýunça işler restawratorlaryň gözegçiligi astynda geçirilmelidir. Bu çärelerde diňe muzeý üçin gadagan edilmedik serişdeler ulanylmalydyr.

Ekspozisiýada ýüň matalaryň ulanylmagy çäklendirilmelidir. Ýylda iki gezek (ýaz, aýnalaryň açylmazyndan öň, we güýz, mör-möjekleriň gyşlamaga gireninden soň) tozan sorujy bilen mör-möjekleriň gyşlaýan ýeri bolan penjireleriň arasyny arassalamalydyr.

Ýylda bir gezekden az bolmadyk möçberde muzeýde umumy öňüni alyş işleri geçirilmelidir. Bu işler, esasan, ýazda, penjireler açylmazyndan öň geçirilýär.

Agaçdan bolan esbaplaryň toplamalaryny, suratlaryň çarçuwasyny, agaç heýkelleri, agaç şahalaryndan örülen esbaplary agaç gurçuklary iýip zaýalaýar. Agaç gurçugy agaçda 3x7 ýa-da 3x9 mm bolan deşijegi galdyrýar. Esbabyň ýüzünde deşijek ýa-da maýda, un ýaly gyryndy görünse, ony aýratyn jaýa salyp, bir tomus möwsümi üzňe saklamalydyr. Agaç gurçugyny ýok etmek üçin entomolog çagyrylmalydyr.

Ýüň we ýüpek matalary, baganalary, göni, halylary, kitaplaryň gönden bolan daşlaryny mör-möjekleriň iki görnüşi zaýalaýar: güýe we deri gurçugy. Güýäniň gurçugy halynyň, matanyň tüýjümek aralygynda gizlenýär. Güýäniň ýumurtgasyndan kiçijik gurçuklar çykyp, sandyklaryň, şkaflaryň kiçijik yşlaryndan girip, muzeý esbaplaryny zaýalaýarlar.

Düzüminde ýüň erişleri, tüý, sütük, deri bolan esbaplary nah we ýüpek esbaplaryndan aýratyn saklamalydyr. Güýe degenini barlamak üçin, ilkinji nobatda, ýagtylyk düşmeýän ýerlerine gözegçilik edip durmaly.

Güýäniň garşysyna göreşmek üçin ýüňden we sütükden ýasalan esbaplary ýazyň ahyrynda – tomusyň başynda, gurak we ýyly howada daşarda 4 sagatlap sermeli. Esbaplaryň serlen wagty şkaflary arassalamaly. Esbaplar guradylandan soňra, olary şkaflaryň içine ýerleşdirip, gapdalynda güýäniň garşysyna ulanylýan derman serişdelerini goýmalydyr. Güýä garşy ulanylýan dermanlaryň görnüşini wagtal-wagtal çalşyryp durmaly, sebäbi güýe köp ulanylýan dermana öwrenişýär. Güýäniň garşysyna ulanylýan dermanlaryň hataryna lawandanyň ýagy, kamfora, dalma çopantelpegi, hoz agajynyň ýapragy we ýowşan girýär.

Sütükli we ýüň esbaplary, entomologiýa toplamalaryny, kitaplary, gäpleri we başga zoologiýa esbaplary güýeden başga-da, gön tomzaklary zaýalap bilýär. Gön tomzaklary penjire-

10. Sargyt № 1023.

leriň öňünde üýşýärler, olaryň ýumurtgalary gün düşmeýän ýerlerde ýaşap bilýär. Olaryň garşysyna hlorofos, dihlofos ýaly awuly dermanlar ulanylýar.

Hamyr we krahmal çalnyp ýasalan kagyz gatlarynda (papýe-maşe, kitap daşlarynda, dürli gapyrjaklarda we ş.m.), gerbariýlerde çörek tomzaklarynyň her dürli görnüşleri emele gelýär. Çörek tomzagy ýagtylyga uçup, penjireleriň öňünde üýşýär. Gerbariýleri bu tomzaklardan goramak üçin berk matalara (kolenkor) dolap goýmaly. Olaryň garşysyna güýä garşy ulanylýan zäherleýji dermanlar ulanylýar (meselem, «Antimol»).

Öý siňekleri esbaplaryň ýüzünde yz galdyryp, uly zyýan ýetirýärler. Ýyly howada olar bir hepdäniň içinde köpelýärler. Ýaşyl siňekleriň maslygy gön gurçugynyň we aldawçy tomzaklaryň emele gelmegine şert döredýär.

Jaýda tarakanlar we büreler emele gelende, şäher arassaçylyk gullugyna ýüz tutmaly.

Zyýan ýetiriji mör-möjekleriň garşysyna temperatura-çyglylyk düzgünini berjaý etmekden başga-da, muzeý esbaplarynyň jebis ýapylýan witrinalarda, şkaflarda, gutularda saklanylmagynyň, şeýle-de muzeýe täze kabul edilýän ýa-da başga ýerlerde sergide bolan zatlar getirilende, olary gowy arassalap, guradyp, 1-2 aý aýratyn jaýda saklamagyň ähmiýeti ýokarydyr.

Biologik zyýan beriji mör-möjekleriň garşysyna ulanylýan dermanlar azda-kände adam üçin zyýanlydyr. Şonuň üçin olar seresaplylyk bilen ulanylmaly. Bu işler tejribeli hünärmen tarapyndan ýerine ýetirilmelidir.

### Esbaplary mehaniki şikeslerden we ogurlanmakdan goramak düzgüni

Muzeý esbaplary dürli sebäpler bilen mehaniki şikeslere sezewar bolup biler. Köp esbaplar berk bolmadyk materialdan ýasalýar. Aýna, küýze önümleri, agajyň käbir görnüşleri, kagyz

önümleri örän seresaplylyk bilen çemeleşmekligi talap edýär. Köp esbaplar birnäçe görnüşli materiallardan ýasalýar, bu bolsa olaryň sähelçe daşky täsiriň netijesinde zaýa bolmagyna sebäp bolýar.

Muzeý esbaplaryny mehaniki şikeslerden goramak üçin olaryň saklanyş ulgamyny üpjün etmek, muzeý esbaplary bilen işlemegiň düzgünlerini berjaý etmek wajypdyr.

Muzeý gaznalaryny abat saklamagyň möhüm meseleleriniň biri – adatdan daşary ýagdaýlaryň döremeginiň öňüni almakdyr.

Ýangyn muzeý gaznalarynyň abatlygyna uly howp salyp biler. Şol sebäpden-de ýangynyň öňüni almak üçin muzeýlerde ähli şertler döredilmelidir. Muzeýler ýangyna garşy göreş gullugynyň elmydama gözegçiliginde bolmalydyr.

Muzeýiň jaýy ýangyna garşy içki suwgeçiriji bilen üpjün edilmelidir. Merkezi suwgeçiriji ýok ýerinde ýangyna garşy 200 $m^3$ emeli suw howdany bolmalydyr.

Her gaznahanada, ekspozision zalda gury ot öçüriji gurallar goýulmalydyr we tiz-tizden çalşylyp durulmalydyr. Ýangyna garşy ulanylýan gurallar muzeýde ýerleşdirilende jaýyň görküne zeper ýetirmeli däldir.

Ýangyna garşy ulanylýan gurallar: pil, bedre, keçe, çäge, palta we ş.m. elýeterli bolup, muzeýiň hojalyk işlerinde ulanylmaly däldir.

Muzeýiň jaýlary ýangyna garşy signalizasiýa bilen abzallaşdyrylmalydyr, esasy ýangyna garşy nokatlar we garawulhanalar şäher telefon aragatnaşygy bilen üpjün edilmelidirler.

Muzeýiň direktory muzeýiň içki buýrugy bilen her zala ýangynyň garşysyna jogap berýän adamy berkitmelidir. Muzeýlerde ýangyna garşy göreşiň tärlerini görkezýän ýazgylar asylmalydyr.

Muzeýiň hemme işgärleri ýangyna garşy göreşiň düzgünleri we söndürmäniň tärleri bilen tanyş bolmalydyrlar. Eks-

pozision zallarda, gaznahanalarda, restawrasiýa ussahanalarynda çilim çekmek gadagandyr.

Muzeýiň daş-töwereginde salynýan desgalar ýangyna çydamly zatlardan salynmalydyr we olaryň aralygyny ýangyna garşy göreşmek üçin giňişlik bolar ýaly açyp goýmaly.

Muzeýiň jaýynyň golaýynda benzin, kerosin saklanylýan jaýlaryň, ulaglaryň saklanylýan ýerleriniň (garažlaryň), agaç saklanýan ammarlaryň bolmagyna ýol berilmeli däldir. Jaýyň töwereginde himiki maddalaryň (serowodorod, ammiak) yslarynyň bolmazlygy üçin töweregi arassa saklamalydyr.

Suw muzeý ýygyndylaryna uly zeper ýetirip biler. Şonuň üçin muzeýiň jaýynda suw ulgamy, ýyladyş ulgamy gözegçilikde saklanylmaly, olaryň abatlygy üpjün edilmeli.

Muzeý esbaplaryny ogurlanmakdan goramak zerurdyr. «Muzeý gymmatlyklaryny hasaba almak we gorap saklamak» hakyndaky Düzgünnamada muzeý jaýynyň we muzeý toplamasynyň gije-gündiz goralmagy göz öňünde tutulýar.

Muzeýiň jaýy signalizasiýa, gözegçilik kameralary bilen üpjün edilmelidir. Signalizasiýanyň işleýiş düzgüni Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýerli edaralary bilen ylalaşykda ýerine ýetirilmelidir. Gündizine muzeýde ýörite gulluk goragyny (muzeý gözegçileri, polisiýa) ýerine ýetirýän işgärler işleýär. Muzeý gözegçileriniň wezipeleri içki düzgünnama esasynda kesgitlenilýär.

Gaznahananyň, ekspozisiýanyň gapylarynyň, şkaflaryň we witrinalaryň öz tertip belgisi bolmaly, plomba goýmak üçin ýer we iki açarly berk içki gulplary bolmaly. Her açara tertip belgili birka dakylýar. Hemme jaýlaryň açarlarynyň birinji nusgasy ýörite seýfde saklanylmaly. Seýfiň açary jogapkär garawulda saklanylýar. Açarlar diňe muzeýiň direktorynyň ýörite görkezmesinde bellenen adamlara berilýär. Açaryň alynmagy we yzyna gaýdyp berilmegi ýörite žurnalda bellenilýär. Açarlaryň ikinji nusgasy muzeýiň baş gaznaçysynda ýa-da direktorda saklanylýar.

Muzeýiň ýerzemininiň, birinji gatynyň aýnalary demir gözenekler bilen berkidilmelidir.

Ekspozisiýa we sergi zallary, gaznahanalar esbaplaryň ýerleşýän ýerleri boýunça eksponatlaryň sanyny we saklanýan ýerini görkezýän ýazgylar bilen, zallaryň çyzgysynyň we witrinalaryň suratlary bilen üpjün edilmelidir.

Her gün işiň başlanýan we gutarýan wagty maddy jogapkärçiligi çekýän muzeý işgäri muzeý gözegçisi bilen bilelikde ýörite žurnalda esbaplaryň sanyny we ekspozision zallaryň ýagdaýyny bellemelidirler.

Ekspozisiýa ýapylmazyndan öň gündizki garawullardan gijeki garawullara, we tersine, ekspozisiýa açylmazyndan öň gijeki garawullardan gündizki garawullara zallary tabşyrmak jogap berýän nobatçy ýa-da muzeý gullukçysy (ýa-da ýörite düzülen iş topary) tarapyndan, muzeýiň direktory tarapyndan muzeýiň içki düzgünnamasy esasynda ýerine ýetirilýär.

Gaznahanalary açmak, ýapmak we möhürlemek gaznany gorap saklaýjylar tarapyndan ýerine ýetirilýär. Ekspozision zallaryň we gaznahanalaryň gapylaryna möhür ýa-da plomba goýulmagy garawulhanada saklanylýan ýörite žurnala bellenilýär.

Ekspozision zallarynyň we gaznahanalarynyň şkaflary, witrinalary maddy jogapkärçilik çekýän işgäriň hususy möhüri bilen möhürlenýär. Onsuz möhürleri we plombalary aýyrmak gadagandyr. Her bir gaznany gorap saklaýjynyň öz möhüri bolmalydyr. Möhürleriň hasabyny işgärler bölüminiň başlygy ýöretmelidir. Hususy möhüri ýa-da plombany başga adama bermek düýpgöter gadagandyr.

Gymmatbaha metallardan we daşlardan bolan esbaplar saklanylýan gaznahana beýleki gaznahanalardan üzňe bolup, gapylary demirden, aýnalary demir gözenekli bolmalydyrlar. Aýratyn ýagdaýlarda gymmatbaha metallardan we daşlardan bolan esbaplar umumy gaznahanalarda oda çydamly şkaflarda we seýflerde saklanylýar. Gymmatbaha metallardan we

daşlardan bolan esbaplar saklanýan gaznahananyň ýa-da seýfleriň açarlary demir gutujyga salnyp, gaznaçy tarapyndan möhürlenip, muzeýiň direktorynyň ýa-da direktoryň buýrugy bilen ýörite bellenen işgäre saklamaga berilýär. Açarlaryň berlen, alnan wagtlary we muňa gatnaşan işgärleriň atlary bellenilýär.

Gaznahanalara ýa-da dikeldiş işleri geçirilýän ussahanalara keseki adamlaryň girmegi diňe direktoryň ýa-da baş gaznaçynyň ýazmaça rugsady bilen amala aşyrylýar *(15-nji goşundy).*

## 3. Muzeý esbaplarynyň konserwasiýa we restawrasiýa meseleleri

Muzeýde temperatura-çyglylyk, ýagtylyk, biologiki düzgünleriň berjaý edilmegi arkaly esbaplaryň konserwasiýasy amala aşyrylýar. Emma bu çäreler ýeterlikli bolmaýar. Esbaplaryň abat saklanmagy üçin himiki we fiziki serişdeleriň ulanylmagy zerurdyr. Beýle usul bilen konserwasiýa işlerini ýerine ýetirmäge diňe restawratorlara ygtyýar berilýär.

**Konserwasiýa** belli bir saklanyş düzgünini döretmek arkaly esbaplaryň tebigy garramak hadysalaryny haýalladýan şertleriň döredilmegidir. Konserwasiýa esbaplaryň dargamagynyň, ýok bolup gitmeginiň öňüni almak üçin olary berkitmegi aňladýar.

Esbaplaryň belli bir sebäplere görä daşky keşbiniň üýtgemegi olaryň berýän semantik maglumatlarynyň gymmatlygyny pese gaçyrýar. Beýle halatlarda esbaplar restawrirlenýär, ýagny dikeldiş we bejeriş işleri geçirilýär.

**Restawrasiýa** (dikeldiş) esbabyň tebigy könelmeginiň, şikes ýetmegiň netijesinde esbabyň daşky keşbinde bolup geçen üýtgeşmeleri aýyrmak arkaly olaryň başdaky keşbini dikeltmekdir.

Muzeý ýygyndysynyň abatlygyny barlamak bilen, restawratorlar bejeriş, dikeldiş işleriniň geçirilmegine mätäç bolan esbaplary saýlap alýarlar we barlaýarlar. Barlagyň netijeleri ýörite ýazgylarda beýan edilýär. Ýazgyda esbabyň esasy alamatlaryndan başga-da, olaryň ýagdaýyny hronologik tertipde beýan edýärler. Bu esbabyň saklanylyşynda bellibir döwürde bolup geçen üýtgeşmeleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Esbaplaryň dikeldiş we bejeriş işlerini geçirmek örän jogapkärlidir. Esbabyň zeper ýetmelerini aradan aýyrmagyň nädogry usullarynyň ulanylmagy esbabyň zaýalanmagyna getirip bilýär.

Konserwasiýanyň we restawrasiýanyň zerurlygy, ony geçirmegiň serişdeleri we usullary baradaky mesele ýörite topar tarapyndan çözülýär. Toparyň çözgüdi beýanda görkezilýär. Bejeriş işleriniň ähli tapgyrlary we işiň netijeleri restawrator tarapyndan ýörite resminamada beýan edilýär. Geçirilen işler barada bellikler esbabyň ylmy beýan edilişiniň kartoçkasyna girizilýär. Birnäçe ýyllaryň dowamynda toplanylyp, ol bejeriş we dikeldiş işleriniň usulyýetini kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

## 4. Muzeý gaznalarynyň saklanyş ulgamy

Muzeý gaznalarynyň saklanyş ulgamy esbaplaryň fiziki-himiki häsiýetlerine, çeşmeleriň görnüşine, esbaplaryň sanyna, ýerleşişine, gaznahana jaýlarynyň tehniki enjamlaşdyrylyşyna bagly bolýar.

Gaznalaryň abat saklanmagy üçin zerur bolan şertler saklanyş ulgamy aýratyn bölümlerden ybarat bolan halatynda döredilip bilner. **Aýratyn saklanyş ulgamynda** esbaplary ýasalan çig malyna görä aýratynlykda saklamak göz öňünde

tutulýar. **Toplumlaýyn saklanyş ulgamynda** dürli materiallardan ýasalan esbaplar bir ýerde saklanylýar. Bu ýagdaýda saklanyş düzgünininiň ortaça görkezijileri ulanylýar. Ulgamlaryň arasynda esbaplary bölmek çeşmeleriň görnüşine, çig malyna, niýetlenilişine, mazmunyna laýyklykda geçirilýär.

Köplenç halatda biziň jemgyýetçilik muzeýlerimizde esbaplaryň toplumlaýyn saklanyş ulgamy ulanylýar. Esbaplaryň aýratyn saklanyş düzgünleri Türkmenistanyň Döwlet muzeýiniň usuly işleri, Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýiniň mahabatlandyryş we neşir edijilik bölümleri tarapyndan taýýarlanan Düzgünnamada beýan edilýär. Hut şol sebäpli biz diňe muzeý esbaplaryny toplumlaýyn saklamagyň düzgünleriniň üstünde durup geçýäris.

## Muzeý esbaplaryny toplumlaýyn saklamak

Dürli görnüşli esbaplary bir jaýda saklamak zerurlygy ýüze çykanda, esbaplary görnüşleri boýunça topara bölüp, dürli ýerlerde aýratynlykda saklamalydyr (şkaflar, tekjeler we ş.m.). Bir şkafda ýa-da tekjede keramikadan we demirden bolan esbaplaryň, maýda we uly esbaplaryň, näzik we gaty, agyr esbaplaryň, dürli ýagtylygy we çyglylygy talap edýän muzeý esbaplarynyň bilelikde saklanylmagyna ýol berilmeli däldir.

Toplumlaýyn saklanýan gaznahanalarda temperatura-çyglylyk düzgüni ekspozision zallaryň düzgünine meňzeş bolmalydyr. Jaýyň içinde gurşundan we galaýydan bolan esbaplar saklanylýan bolsa, howanyň temperaturasy +18°C pes bolmaly däldir.

Gaznahananyň ýagtylandyrylyşynyň iki ulgamda bolmagy göz öňünde tutulmalydyr: adaty iş düzgüni (yşyklandyrylyşy 50–75 lýuks) we esbaplaryň abatlygyny gözden geçiriş düzgüni (150 lýuks).

Ýagtylyga çydamsyz esbaplar (mata, kagyz, fotosuratlar, durnuksyz boýaglar bilen çekilen eserler) ýagtylygy geçirmeýän ýapyk enjamlarda saklanylmalydyr. Iş wagty tamamlanandan soň, şkaflaryň agzyny we çekmeleri açyp goýmalydyr.

Esbaplaryň abatlyk ýagdaýyny kesgitlemek üçin olar gözden geçirilende, gönden ýasalan esbaplara, fotosuratlara we kagyz esbaplaryna, gara we reňkli metaldan (demirden) ýasalan esbaplara, arheologik aýnalara aýratyn üns bermelidir.

Islendik bir muzeýde muzeý esbaplaryny saklamak we eksponirlemek üçin dürli görnüşli tekjeler, witrinalar, enjamlar ulanylýar. Muzeý esbaplaryny saklamak üçin niýetlenen enjamlaryň ählisi bellibir talaplara laýyk gelmelidir, ýagny:

– olar esbaplaryň abat saklanylmagyny üpjün etmeli. Muzeý enjamlary muzeý esbaplaryny saklamak üçin oňaýly materiallardan ýasalmalydyr. Enjamlar muzeý esbaplaryny ýerleşdirmek, şikeslerden, tozandan, çyglykdan gorap saklamak üçin amatly bolmaly. Olarda gulp asmak üçin, möhür, plomba basmak üçin ýeri bolmaly. Ýagtylyga çydamsyz esbaplary saklamak üçin niýetlenen şkaflar ýagtylyk geçmez ýaly edilip ýasalmaly. Ýagtylykda saklanmaly esbaplar üçin bolsa gapylary aýnalanan şkaflar ulanylmaly.
– gaznahananyň meýdany ýerlikli peýdalanmaly we tygşytly bolmaly. Ýöriteleşdirilen seksion mebeller bu talaba laýyk gelýär.
– enjamlar saklawhanadaky esbaplar bilen işlemek üçin amatly bolmaly. Islendik wagty ol ýerden gerek esbaby ýeňillik bilen alyp, ýene-de ýerine goýup bolar ýaly bolmaly. Şu talabyň ýerine ýetirilmegi diňe bir enjamlaryň gurluşyna däl, eýsem iş ýerleriniň gurnalyşyna, esbaplary göçürmek üçin amatly şertleriň bolmagyna baglydyr.

# XI BAP
# MUZEÝ EKSPOZISIÝASY

## 1. Esasy düşünjeler

Taryhy ekspozisiýalar Watan taryhyna gyzyklanma döretmek, halkyň ahlak, syýasy, estetiki terbiýesine täsir etmek maksady bilen gurnalýar. Taryhy ekspozisiýalaryň aýratynlyklary muzeý ýygyndysynyň mazmunyna, taryhy hadysalaryň aýratynlygyna bagly bolýar.

Islendik zatlaryň bir maksada gönükdirilip görkezilmegine ekpozisiýa diýip bolar. Muzeý ekspozisiýasynyň öz aýratynlyklary bar. Ilki bilen, ekspozisiýada muzeýe gelýänlere bellibir maglumatlary berip bilýän muzeý esbaplary görkezilýär. Ikinjiden, muzeý ekspozisiýasynyň esasynda muzeýiň ylmy işgärleri tarapyndan işlenilip taýýarlanylan ylmy konsepsiýasy durýar. Bu konsepsiýa ekspozisiýanyň mazmunyny, esbaplary saýlap almagyň esaslaryny, olaryň kompozisiýasyny, düşündirilişini, çeperçilik çözgütlerini kesgitleýär.

Muzeý ekspozisiýasy bilen tanşyp, muzeýe gelýänler dürli görnüşli maglumatlary alýarlar. Muzeý ekspozisiýasynda muzeý esbaplary ylmy taýdan umumylaşdyrylan toplum hökmünde çykyş edýärler. Emma bu toplum muzeý ýygyndysyndan ýa-da muzeý kolleksiýasyndan düýbünden tapawutlanýar. Ekspozisiýada muzeý esbaplary bellibir temanyň açylyp görkezilmegine, beýan edilmegine gönükdirilýär. Ekspozisiýa düzülende muzeýe gelýänleriň maglumatlary kabul edişiniň aýratynlyklary, olaryň alyp biljek maglumatlarynyň häsiýeti, ekspozisiýany okuw-terbiýeçilik işlerinde peýdalanmagyň

mümkinçilikleri, onuň estetiki täsiri göz öňünde tutulýar. Ekspozisiýada görkezmek üçin muzeý esbaplaryny saýlap almaly, olaryň attraktiwlik we ekspressiwlik taraplary öwrenilmeli, ekspozisiýadaky orny we çeperçilik bezeginiň häsiýeti kesgitlenilmeli, düşündiriş ýazgylary berilmeli. Şeýlede muzeý esbaplarynyň bejeriş işleri geçirilmeli we muzeýiň zalynda uzak wagtlap saklanmak üçin taýýarlanylmaly, sebäbi ekspozision zalyň şertleri gaznahananyň şertlerinden düýbünden tapawutlanýar.

Şeýlelikde, muzeý esbaby ýönekeý bilim çeşmesinden duýgulary döredýän we maglumat berýän ekspozisiýanyň düzüm bölegine – **muzeý eksponatyna** öwrülýär.

Ekspozisiýada muzeý esbaplaryndan başga-da, kömekçi görkezme eksponatlar – ylmy-kömek beriji materiallar ulanylýar. Ekspozisiýada hökmany ulanylýan zat- ýazuw tekstleridir. Ekspozisiýanyň bu böleklerine ekspozision materiallar diýilýär. Olar bir topara birleşdirilip, ekspozisiýanyň temasyna we maksadyna laýyklykda ýerleşdirilýär.

Ekspozisiýanyň özara baglanyşykly düzüm bölekleri onuň tematik gurluşyny kesgitleýär. Ekspozision materiallar tematik gurluşyna laýyklykda, ekspozision komplekslere, ýagny toplumlara birleşýärler. Ekspozision toplum bellibir meýdançada ýerleşdirilip, tematik bitewiligi emele getirýär.

Toplumda görkezilýän materiallar özara baglanyşykly bolup, biri-biriniň üstüni doldurýarlar, beýleki esbapda saklanýan maglumaty ýüze çykarmaga ýardam berýärler. Eksponatlaryň kompozisiýasy we çeperçilik bezegi esbabyň täsirini güýçlendirip ýa-da gowşadyp bilýändir. Ekspozisiýada materiallar dürli toparlarda goýulýar. Olar real hakykatyň elementlerini dikeldip görkezýär (meselem, landşaft dioramasy), ýa-da muzeý esbabynyň kömegi bilen hakykaty beýan edip bilýär; muzeý esbaplaryny olara düşünmegi ýeňilleşdirýän tertipde ýerleşdirip bolýar. Ylmy taýdan esaslandyrylan, ekspozisiýanyň mazmunyndan gelip çykýan ekspozision

materiallaryň gurnalyşynyň we birleşdirilmeginiň tertibine ekspozisiýalary gurnamagyň usuly diýilýär.

Ekspozisiýa ýöriteleşdirilen ekspozision zallarda ýerleşdirilýär. Zalda estetik taýdan täsirli gurşawy döretmek üçin dürli serişdeleriň we usullaryň tutuş ulgamy ulanylýar. Ekspozisiýanyň her bir elementi, eksponatlaryň topary we ekspozision zal arhitektura-çeperçilik çözgüdine eýe bolýar.

Şeýlelikde, **muzeý ekspozisiýasy** – muzeý aragatnaşygynyň esasy görnüşi bolup, muzeý esbaplarynyň görkezilmegi arkaly muzeýiň bilim, terbiýeçilik maksatlaryny amala aşyrýar. Muzeý ekspozisiýasynda esbaplar muzeý tarapyndan işlenilip taýýarlanan ylmy konsepsiýa we arhitektura-çeperçilik çözgüdiň esasynda ýerleşdirilýär, düşündirilýär.

Hemişelik ekspozisiýalardan başga-da, muzeý wagtlaýyn ekspozisiýalary – **muzeý sergilerini** gurnaýar. Sergiler uly syýasy wakalara, belli senelere, baýramçylyklara bagyşlanyp geçirilýär. Olar muzeý kolleksiýalarynyň elýeterliligini, jemgyýetçilik ähmiýetini ýokarlandyrýar, muzeýiň ylmy işlerini dolanyşyga girizýär. Sergileriň wagtlaýyn häsiýeti eksponatlaryň düzümine täsir edýär. Sergide uzak wagtlap ekspozisiýada görkezip bolmajak esbaplar, beýleki muzeý gaznalarynyň eksponatlary ulanylyp bilner. Kä halatlarda serginiň temasy muzeýiň degişli ugrunyň çäklerinden çykyp biler. Sergiler muzeýiň aň-bilim, wagyz-nesihat roluny ýokarlandyrýar, muzeýe gelýänleriň sanynyň artmagyna getirýär. Göçme sergiler muzeýiň täsiriniň ýaýraýan çäklerini has giňeldýär. Daşary ýurtlarda muzeý sergilerini gurnamak biziň döwletimiziň maddy we ruhy baýlyklary bilen, garaşsyz Watanymyzyň dürli pudaklarda ýeten sepgitleri bilen dünýä jemgyýetçiligini tanyşdyrmaga mümkinçilik berýär. Muzeý sergilerini taýýarlamak muzeýiň ekspozision işleriniň bir görnüşidir.

Ekspozisiýanyň esasy meselesi, ekspozision materiallaryň göz bilen görüp kabul edilmegi arkaly muzeý aragatnaşygynyň

wezipelerini amala aşyrmakdyr. Ekspozisiýanyň gurluşy ylmy işleriň netijesi bolup, ekspozisiýanyň mazmunyna laýyklykda bellibir görnüşe eýe bolýar, emma çeperçilik-estetik talaplary hem öňe sürýär. Ekspozisiýanyň arhitektura-çeperçilik çözgüdi muzeýiň ekspozision işlerine girýär, ýöne muzeýiň ylmy ugruna däl-de, bezeg sungatyna degişli bolup durýar. Ekspozisiýa taýýarlanylanda, muzeýiň ylmy işgäri bezegçiler, suratkeşler bilen ýakyn aragatnaşykda işleýär. Ekspozisiýanyň çeperçilik taýdan gurnalyşy, döredijilikli çözgütler, çeperçilik we tehniki serişdeleriň ulanylmagy ekspozisiýanyň mazmunyny ýüze çykarmaga, onuň täsirini güýçlendirmäge ýardam berýär.

## 2.Taryhy muzeýleriň ekspozisiýalarynyň tematiki gurluşy

Islendik ekspozisiýa birnäçe özara baglanyşykly bölümlerden ybarat bolup, bellibir tematiki gurluşa eýedir. Ekspozisiýanyň tematik gurluşy onuň bütewiligini, bölümleriniň arabaglanyşygyny, esbaplaryň görkezilmeginiň yzygiderliligini kesgitleýär.

Her bir taryhy muzeýiň ekspozisiýasynyň özboluşly gurluşy bar. Ekspozisiýanyň gurluşy muzeýiň wezipelerine, gaznalarynyň düzümine, onuň muzeý ulgamynda eýeleýän ornuna bagly bolýar. Taryhy muzeýler üçin ekspozisiýanyň gurluşynda ilki bilen taryhylyk nukdaýnazary saklanylmalydyr. Taryhy muzeýlerde ekspozisiýa taryhy döwürlere laýyklykda guralmalydyr. Tema bir ýa-da birnäçe ekspozision toplumlardan ybarat bolup bilýär. Ekspozisiýanyň gurluşy işlenilip taýýarlanylanda ekspozision zallaryň ululygy göz öňüne tutulmalydyr.

Ekspozisiýanyň tematik gurluşy kesgitlenilende taryhy hadysalaryň muzeý esbaplarynyň üsti bilen açylyp görkezil-

ýändigi nazara alynmalydyr. Ekspozisiýada taryhy wakalaryň, hadysalaryň maddy tarapy görkezilýär. Meselem, sosial-ykdysady tema önümçiligiň önümlerini we tehnikasyny, harby-taryhy tema ýaraglary, goşunyň enjamlaşdyrylyşyny açyp görkezýär. Taryhylyk ýörelgesi bir döwletiň ýa-da bir sebitiň durmuşynyň aýratyn döwürleriniň hronologik yzygiderlilikde görkezilmeginiň zerurlygyny öňe sürýär. Şonuň üçin köplenç «taryhy-hronologik prinsip» adalgasy ulanylýar. Taryhy-hronologik çemeleşme wakalaryň gidişini, olaryň yzygiderliligini açyp görkezmekde ulanylýar. Sosial-ykdysady temalar, döwrüň medeniýeti we aňyýeti umumylaşdyrylan görnüşde açylyp görkezilýär. Ekspozisiýanyň gurluşynyň esasynda temanyň mazmuny we onuň düşündirilişi durýar. Kä halatlarda temanyň hronologik çäkleri beýan edilýän döwrüň hronologik çäklerinden çykyp biler. Meselem, Türkmenistanyň garaşsyzlyk ýyllarynda senagat taýdan ösüşine bagyşlanan ekspozisiýada senagat kärhanalarynyň taryhy, ýurdumyzyň senagatyny ösdürmegiň geljekde amala aşyrylmaly taslamalary hem görkezilip bilner.

## 3. Ekspozision materiallar

Ekspozisiýanyň tematiki gurluşy ekspozision materiallardan düzülýär.

*Ekspozision materiallaryň esasy görnüşleri şulardan ybaratdyr:*

– muzeý esbaplary – eksponat hökmünde çykyş edýän medeni – taryhy ýadygärlikler, taryhy çeşmeler (fotosurat resminamalary hem şu görnüşe degişli bolýar);
– muzeý esbaplarynyň we ýadygärlikleriň şekillendirmesi (meselem, binalaryň, gämileriň, köprüleriň maketleri);
– ekspozision ylmy-kömek beriji materiallar muzeý esbaplaryna we olarda beýan edilýän taryhy hadysalara düşünmäge ýardam berýär;

– tekstler we ses düşündirişleri ekspozisiýanyň mazmunyny düşündirýär we eksponatlar barada maglumat berýär.

Şeýle-de ekspozisiýada bellibir ugry görkezmek üçin görkezijiler ýerleşdirilýär.

Muzeý esbaplary ekspozisiýanyň esasy bolup durýar. Ekspozisiýada görkezmek üçin muzeý esbaplary saýlanyp alnanda, olarda jemlenýän maglumatlar, olaryň attraktiwligi we ekspressiwligi göz öňünde tutulýar. Emma muzeý esbabyna onuň ekspozisiýanyň temasyny açyp görkezmek üçin zerurlygy taýdan «baha berilýär».

Ekspozisiýada muzeý esbaplarynyň her görnüşi aýratyn orun eýeläp, görkezmegiň özboluşly usullaryny talap edýär.

*Maddy ýadygärlikler*. Maddy ýadygärlikleriň esasy ahlak-terbiýeçilik täsiri olaryň adamyň zähmetiniň netijesi bolup durýanlygydyr. Maddy ýadygärlikler muzeýe gelýänleriň aýratyn ünsüni çekýärler. Bu, bir tarapdan, olaryň üç ölçegliligi bilen esaslandyrylýar. Maddy ýadygärlikleriň aýratyn täsiriniň beýleki bir tarapy bolsa, olarda jemlenýän maglumatlaryň köpdürlüligidir. Maddy ýadygärlikler geçmişiň «yzlary» hökmünde taryhy wakalary, hadysalary göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär. Maddy çeşmeler ylmyň, tehnikanyň ösüşiniň derejesini, eýeleriniň milli, sosial degişliligini häsiýetlendirýär. Maddy ýadygärlikleriň ähmiýeti olara syn etmek arkaly ýüze çykarylyp bilinýär. Şonuň üçin, ekspozisiýada görkezmäge daşky alamatlary aýdyň göze görünýän, bezeg aýratynlyklary bolan, bir wakanyň bolup geçendiginiň subutnamalary bolan (meselem, okuň yzy bolan esgeriň köýnegi, bir bölegi ýanan baýdak we ş.m.) muzeý esbaplaryny saýlap alýarlar. Bu alamatlaryň elýeterli bolmagy üçin ekspozisiýada duran ýerinde aýlanýan meýdançalar, aýnaly fon, maýda esbaplar üçin ulaldyjy aýnalar, esbaplaryň aşagyna goýulýan ýöriteleşdirilen enjamlar ulanylýar.

Ekspozisiýada memorial häsiýetli esbaplara aýratyn orun degişlidir. Memorial esbaplar görkezilende, olaryň «terjime-

haly» barada anyk maglumatlar berilmelidir, sebäbi olar adaty esbaplardan daşky alamatlary boýunça tapawutlanmaýar.

Muzeýiň ekspozisiýasynda ýerleşdirilen maddy ýadygärlikler iň köptaraplaýyn we subut ediji maglumat çeşmeleri bolup durýarlar.

*Şekillendiriş materiallar*. Muzeý ekspozisiýalarynda şekillendiriş çeşmeleriniň ähli görnüşleri ulanylýar. Şekillendiriş sungatynyň eserlerinde jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplary beýan edilýär. Ekspozisiýada görkezmek üçin şekillendiriş sungatynyň eseri saýlanyp alnanda onuň çeperçilik taýdan ýerine ýetirilişi, syn edijilere emosional täsir edişi bilen bir hatarda, onuň hakykata laýyk gelýänligi göz öňünde tutulmalydyr. Şekillendiriş materiallar ekspozisiýa üçin saýlananda, olarda şekillendirilen wakalaryň awtoryň garaýşy bilen beýan edilendigine üns bermelidir. Meselem, Gökdepe söweşini suratlandyrýan rus we türkmen awtorlarynyň eserlerinde, her awtor şol wakany öz görşi ýaly beýan edýär. Muzeýiň ylmy işgärleri şekillendirilen wakalaryň dogrulygyna baha bermelidirler.

Taryhy wakalary, meselem, söweş meýdanyny, dürli arhitektura ymaratlaryny suratlandyrmak üçin muzeý ekspozisiýasynda dioramalaryň ulanylmagynyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Dioramalaryň mazmuny resminamalaryň esasynda kesgitlenilýär.

XIX asyryň II ýarymyndan başlap muzeýleriň ekspozisiýasynda fotosuratlar aýratyn orny eýeleýärler. Muzeýiň ekspozisiýasynda görkezilmek üçin saýlanyp alynýan fotosuratlaryň hiline we olarda saklanýan maglumatlara üns bermelidir. Memorial ähmiýetli suratlar hiline garamazdan, muzeý ekspozisiýasynda ulanylyp bilner.

*Ýazuw çeşmeleri*. Ekspozisiýada ýazuw çeşmelerine aýratyn orun berilýär. Taryhy hadysalara, wakalara düşünmek üçin olaryň ähmiýeti örän ýokarydyr. Emma ýazuw çeşmeleriň mazmuny diňe okamak arkaly kabul edilýär we köplenç mu-

zeý şertlerinde mümkin däl. Şonuň üçin ýazuw çeşmesi ekspozisiýada şol döwrüň ýadygärligi hökmünde, bir adamyň ýa-da toparyň işiniň netijesi hökmünde, subutnama hökmünde ulanylýar. Ýazuw çeşmesi memorial ähmiýete eýe bolup bilýär. Bu alamatlary ýazuw çeşmelerini maddy çeşmeler bilen ýakynlaşdyrýar.

*Ses ýazgylary*. Häzirki wagtda ekspozisiýalarda ses ýazgylary giňden ulanylýar. Ses ýazgylarynyň hatarynda uruş weteranlarynyň ýatlamalary, belli şahsyýetleriň çykyşlary, ekspozisiýanyň mazmunyny açyp görkezmäge kömek edýän aýdymlaryň ýazgylary, işläp duran tehnikanyň sesleri bolup biler.

Muzeý ekspozisiýalary maddy medeniýetiň dürli pudaklarynyň ösüşini beýan edýär, ýazuw, şekillendiriş çeşmeleriň dürli görnüşleri, olaryň maddy-tehniki esaslarynyň üýtgeýşi bilen tanyşdyrýar. Ekspozisiýalaryň temalarynyň çeşmeşynaslyk häsiýeti muzeý ýygyndysyny ulanmagyň derejesini ýokarlandyrýar, ekspozisiýanyň bilim berijilik mümkinçiliklerini artdyrýar.

## Muzeý esbaplarynyň we ýadygärlikleriň şekillendirmesi

Ekspozisiýada muzeý esbaplarynyň şekillendirmesi ulanylyp bilner. Muzeý esbabynyň şekillendirmesi onuň asyl nusgasyna doly gabat gelmelidir (göwrümi, reňki, ýasalyş usuly). Kä halatlarda ol başga ölçegde ýerine ýetirilip bilner, emma asyl nusgadaky esbaby göz öňüne getirmäge mümkinçilik bermelidir. Ekspozisiýada muzeý gaznasynda bar bolan, emma abatlygyny saklamak üçin ekspozisiýada ulanyp bolmaýan esbaplaryň şekillendirmesi ýerleşdirilip bilner.

Muzeýler ekspozisiýa üçin taryhy-medeni ýadygärlikleriň maketlerini taýýarlaýarlar. Kä halatlarda ekspozisiýalarda

11. Sargyt № 1023.

esbaplaryň çyzgylar esasynda dikeldilen görnüşleri ýerleşdirilýär. Şeýle-de muzeýiň ekspozisiýasynda arhiwlerde, ýöriteleşdirilen muzeýlerde saklanylýan ýazuw çeşmeleriniň göçürmeleri ulanylyp bilner. Meselem, S. Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň Taryh muzeýinde, institutyň döredilişi barada, institutda işlän tanymal adamlar barada arhiw maglumatlarynyň göçürmeleri saklanylýar.

Maddy medeniýetiň ýadygärlikleri durmuşdan alnanlygy bilen gymmatlydyr. Şonuň üçin olaryň şekillendirmeleriniň hiç hili ähmiýeti ýok. Edil şonuň ýaly, memorial ähmiýetli esbaplaryň şekillendirmelerini ýasamak olaryň asyl nusgalarynyň gymmatlygyny pese gaçyrýar.

## Ekspozision ylmy-kömek beriji materiallar

Ekspozisiýalaryň bilim berijilik ähmiýetini ýokarlandyrmak üçin olarda ekspozision ylmy-kömek beriji materiallar ulanylýar. Ylmy-kömek beriji materiallar ekspozisiýanyň mazmunyna düşünmäge ýardam edýär. Ylmy-kömek beriji materiallara kartalar, diagrammalar, çyzgylar degişli bolup bilýär. Taryhy ekspozisiýalarda muzeýler tarapyndan taýýarlanylýan dürli görnüşli taryhy kartalar giňden ulanylýar. Kartalary taýýarlamak muzeýiň ylmy-barlag işleriniň bir görnüşi bolup durýar we ýörite usulyýet boýunça ýerine ýetirilýär. Ekspozision ylmy-kömek beriji materiallar üçin häsiýetli alamat – olaryň aňsat kabul edilýänligindedir. Şonuň üçin ylmy- kömek beriji materiallar ekspozisiýada ulanylanda, esasy muzeý esbabyny çalyşmaly däl ýa-da olardan ünsi sowmaly däldir.

## Tekstler we ses düşündirişleri

Ekspozisiýa girizilýän tekstler baradaky mesele muzeý aragatnaşygynyň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr. Muzeý esbabynyň esasy alamatlary ylmy işgärlere oňa düşünmek üçin ýeterlik maglumat berýän bolsa, ýönekeý muzeýe gelýän adamlar üçin ol düşnüksiz bolmagy ahmal. Şonuň üçin ekspozisiýada dürli häsiýetli tekstler, kä halatda ses ýazgylary ulanylýar. Ekspozisiýa üçin tekstleriň tutuş ulgamy işlenilip taýýarlanylýar.

Ekspozisiýanyň tematik gurluşyny zallaryň, bölümleriň, temalaryň atlaryny beýan edýän ugrukdyryjy tekstler açyp görkezýär. Olar muzeýe gelýänlere ekspozision zallarda ekspozisiýa syn etmegiň yzygiderligini mälim edýär, olary «ugrukdyrýar».

Ekspozisiýany düzüjiler tarapyndan ýazylýan düşündiriş tekstlerde, muzeýe gelýänler üçin gyzykly maglumatlar berilýär. Olar bir zala degişlilikde düzülýär. Düşündiriş tekstde ekspozisiýanyň mazmunynyň esasy taraplary, kolleksiýalaryň taryhy beýan edilip bilner. Tekstleriň bu görnüşleri umumy häsiýete eýe bolup durýar. Aýratyn eksponatlara düzülýän etiketkalar görnüşindäki tekstler islendik ekspozisiýa üçin hökmany bolup, umumylykda etiketaž diýlip atlandyrylýar.

Etiketkada ilki bilen esbabyň ady görkezilýär. Esbabyň ady onuň muzeý üçin gymmatlygyny açyp görkezmelidir. Meselem, ritonyň etiketkasynda diňe «riton» diýip ýazsaň, onuň mazmuny açylyp görkezilmeýär. Emma ýazgyda «Nusaý galasyndan tapylan, pil süňkünden ýasalan riton» diýip görkezilse, muzeý esbabynyň täsiri düýbünden başgaça bolar. Etiketkada hökmany ýagdaýda esbabyň döredilen ýa-da ulanylan senesi görkezilmelidir. Çeşmäniň görnüşine laýyklykda, esbabyň awtory, çig maly, ýasalan ýeri we taýýarlanyş usuly görkezilýär.

Köp sanly maýda esbaplar ekspozisiýada ýerleşdirilende, olar belgilenýär we etiketkasy aýratyn kagyzda tertip belgisi boýunça ýazylýar. Ekspozisiýa toparlaýyn syn edilende, ses ýazgylary görnüşindäki düşündirişlerden peýdalanylýar.

## 4. Ekspozisiýanyň ylmy taýdan gurnalyşy

Muzeý ekspozisiýasyny döretmek örän çylşyrymly işdir. Ekspozisiýany ylmy taýdan taýýarlamaga ylmy işgärler, muzeýiň Ylmy geňeşi, dürli ugurlar boýunça alymlar (taryhçylar, ykdysadyýetçiler, ülkäni öwrenijiler, pedagoglar we başg.) gatnaşýarlar.

Muzeý işini meýilleşdirmekde ekspozision-sergi işlerine aýratyn ähmiýet berilýär. Muzeýiň ýyllyk meýilnamalarynda ekspozisiýalaryň we sergileriň temasy, yzygiderliligi, möhletleri bellenilýär. Ekspozisiýalary taýýarlamaga muzeýiň ähli bölümleri gatnaşýar. Muzeý ekspozisiýasyny taýýarlamak işi iki tapgyrda amala aşyrylýar: taslamasyny taýýarlamak we ýerine ýetirmek.

Ekspozisiýanyň taslamasyny taýýarlamak işi üç sany özara baglanyşykly bölümlerden durýar: **ylmy taslamasy, çeperçilik taslamasy we tehniki taslamasy.** Ekspozisiýanyň çeperçilik taslamasy ýörite ekspozisiýany taýýarlamak işine çekilen suratkeşler, bezegçiler tarapyndan ýerine ýetirilýär. Tehniki taslamasy muzeýiň tehniki işgärleri tarapyndan ýerine ýetirilýär. Muzeý ekspozisiýasyny gurnamakda esasy orun muzeýiň ylmy işgärlerine degişli bolup, olar ekspozisiýanyň ylmy taslamasyny taýýarlaýarlar.

*Ekspozisiýany taýýarlamak üçin birnäçe şertleriň bolmagy zerurdyr:*

– ekspozisiýanyň temasyna degişli muzeý esbaplarynyň bolmagy;

– ekspozisiýany taýýarlamagyň usulyýetinden baş çykarýan awtorlar toparynyň bolmagy;
– ekspozisiýany görkezmek üçin ekspozision zalyň bolmagy.

Ekspozisiýany taýýarlamak işi ekspozisiýanyň temasyna degişli edebiýat bilen tanyşmakdan başlanýar. Ylmy edebiýatda berilýän maglumatlary muzeý esbaplarynyň üsti bilen açyp görkezmegiň mümkinçilikleri öwrenilýär. Şol bir wagtda ekspozisiýany gurnaýjylar muzeý gaznalaryndaky esbaplar we arhiwde, kitaphanada saklanýan çeşmeler bilen tanyşýarlar. Netijede, ekspozisiýanyň ylmy konsepsiýasy (esasy) düzülýär. Ol ekspozision çözgütleri işläp taýýarlamak üçin esas bolup çykyş edýär. Ylmy konsepsiýada ekspozisiýany gurnamak boýunça pikirler beýan edilýär, çözülmeli meseleler häsiýetlendirilýär, ulanyljak usullar görkezilýär. Ylmy konsepsiýada ekspozisiýanyň tematik gurluşy hem kesgitlenilýär.

Ekspozisiýanyň tematik gurluşyny düzmek bilen bir hatarda muzeý esbaplaryny saýlap almak we olar baradaky maglumatlary ýazmaçlara geçirmek işi başlanýar. Netijede, kartoteka düzülýär. Kartotekada ýazmaçlar geljekki ekspozisiýanyň temalary, temalaryň içindäki bölümleri boýunça ýerleşdirilýär. Kartoteka etiketaž düzülende, ekskursiýalar geçirilende gollanma bolup çykyş edýär.

Ekspozisiýada görkeziljek muzeý esbaplary doly saýlanyp alnandan soň, olary ekspozisiýada ýerleşdirmegiň ilkinji çyzgylary taýýarlanylýar. Ekspozision toplumyň gutarnykly görnüşi arhitektura-çeperçilik çözgütleriň esasynda muzeýiň ylmy işgärleri we bezegçiler tarapyndan kesgitlenilýär. Bu işleriň netijesi tematik-ekspozision meýilnamada görkezilýär.

*Tematik-ekspozision meýilnama aşakdaky ýaly görnüşde düzülip bilner:*

1. Baş sahypasy (muzeýiň ady, ekspozision bölümiň ady, zalyň belgisi, zalyň meýdany ($m^2$), temanyň ady, awtory ýa-da awtorlar topary, meýilnamanyň düzülen senesi).

2. Meýilnamanyň mazmuny (meýilnamanyň sahypalaryny görkezmek bilen bölümleriň we temalaryň atlary).
3. Giriş.
4. Ekspozisiýanyň mazmuny. Ol aşakdaky ýaly çyzgy görnüşinde beýan edilýär:

| Bölümiň, temanyň, ekspozision toplumyň ady | Her toplum boýunça ekspozision esbaplaryň sanawy (gysgaça häsiýetnamalary we öwsele belgileri bilen) | Bellikler |
|---|---|---|
| | | |

Entek tematik-ekspozision meýilnama düzülmezinden öň ylmy-kömekçi materiallar saýlanylyp alynýar. Şol wagtda etiketaž we esasy tekstler taýýarlanylýar.

Kartotekalaryň we tematik-ekspozision meýilnamalaryň esasynda ýörite salgyberijiler taýýarlanylýar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriň üsti bilen ekspozisiýanyň açylyşy barada habar halka ýetirilýär.

Ekspozisiýanyň açylyş tertibi ýörite düzgünnama bilen kesgitlenilýär. Gorag-topografik ýazgysy düzülýär. Taslama resminamalary muzeýiň ylmy arhiwine tabşyrylýar, onuň bir nusgasy ekspozision bölümde maglumat ulgamy hökmünde saklanylýar.

Ekspozisiýa açylandan soňra hem muzeýiň ylmy işgärleriniň hemişe üns merkezinde durmalydyr. Taryh ylmynyň ösmegi, muzeý gaznasynyň üstüniň doldurylmagy, täze çeperçilik çözgütleriň taýýarlanylmagy, muzeýe gelýänleriň teklipleri muzeý ekspozisiýasynyň kämilleşdirilmegine itergi berýär.

# XII BAP

# MUZEÝDE GEÇIRILÝÄN BILIM-TERBIÝEÇILIK IŞLERI

## 1. Muzeý pedagogikasy

Muzeý aragatnaşygynyň esasy elementi bolup durýan muzeýiň köpçülikleýin bilim-terbiýeçilik işleri hemmetaraplaýyn ösen, ahlakly, estetik taýdan terbiýeli şahsyýeti kemala getirmäge, adamlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Muzeý kommunikasiýasynyň dürli görnüşlerini ulanmak arkaly, esasanam, ekspozisiýalaryň we sergileriň üsti bilen muzeýler ilatyň sosial ýagdaýy, ýaşy, käri boýunça dürli toparlaryna täsir edýärler.

Muzeýiň özboluşly wezipeleriniň biri muzeýe gelýänlerde muzeý medeniýetini terbiýelemekdir. Muzeý taryhy we medeni ýadygärliklere, olary döreden adamlaryň zähmetine sarpa goýulmagyny, şol ýadygärlikleriň jemgyýetçilik ähmiýetine, estetik gymmatlygyna, olary nesiller üçin gorap saklamagyň zerurlygyna düşünilmegini gazanmaga ymtylýar.

Muzeýiň bilim-terbiýeçilik işiniň mazmuny we häsiýeti muzeýi öwreniş ylmynyň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr. Pedagogikanyň, psihologiýanyň, sosiologiýanyň we beýleki ylymlaryň maglumatlaryny birleşdirip, muzeýi öwreniş ylmy muzeý serişdelerini ulanmagyň nazary we ylmy-usuly esaslaryny işläp düzýär.

XX asyrda, muzeýleriň özbaşdak medeni-köpçülik edaralar hökmünde kemala gelen döwründe, jemgyýetde muzeýiň bilim-terbiýeçilik mümkinçiliklerini doly peýdalanmak

boýunça çäreleriň gerimini giňeltmek işine aýratyn üns berlip başlandy. Muzeýleriň alyp barýan işleriniň bu ugruny nazary we ylmy-usuly taýdan esaslandyrmak wezipesi ýörite dersiň muzeý pedagogikasynyň kemala gelmegine getirdi.

**Muzeý pedagogikasy** muzeý aragatnaşygynyň görnüşlerini, pedagogikanyň nukdaýnazaryndan maglumat bermekde we ony kabul etmekde muzeý serişdeleriniň ulanylyşyny öwrenýän ýörite ylmy dersdir.

Muzeýiň pedagogiki täsiriniň mazmuny, usullary we görnüşleri, muzeý serişdeleriniň ilatyň dürli gatlaklaryna täsir edişiniň aýratynlyklary bilen baglanyşykly meseleler, şeýle hem medeniýet edaralarynyň ulgamynda muzeýiň ornuny kesgitlemek meselesi muzeý pedagogikasynyň predmeti bolup durýar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda muzeý pedagogikasy:

– muzeý-pedagogik prosessiň kanunalaýyklyklaryny we olary tejribede ulanmak mümkinçiliklerini, pedagogik ýolbaşçylygyň derejesini ýokarlandyrmagyň ýollaryny öwrenýär;
– muzeý auditoriýasynyň dürli ýaş we sosial toparlaryna muzeýiň pedagogik täsiriniň aýratynlyklaryny kesgitleýär;
– dürli görnüşli muzeýleriň bilim-terbiýeçilik işleriniň netijesini jemleýär we şol esasda ylmy-usuly maslahatlary işläp taýýarlaýar we kämilleşdirýär;
– muzeýleriň beýleki pedagogik edaralar bilen bilelikde geçirýän işleriniň has ygtybarly görnüşlerini we usullaryny ýüze çykarýar.

Muzeý pedagogikasy tarapyndan çözülýän wajyp meseleleriň biri şahsyýetiň kemala gelmegini has işjeňleşdirmekdir, ýagny onuň döredijilik ukyplaryny ösdürmek, işjeň durmuş garaýşyny kemala getirmekdir. Bu ugurda ekskursiýalary geçirmegiň usulyýetini kämilleşdirmek, muzeý sapaklarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak, ylmy-metodik otaglarda özbaşdak işleri gurnamak boýunça gözlegler alnyp barylýar.

Muzeý-pedagogik çäreleri gurnamak, ýolbaşçylyk etmek, olaryň täze görnüşlerini ýüze çykarmak we ornaşdyrmak işi muzeýe gelýänleriň gyzyklanmalaryny, olaryň muzeý maglumatlaryny kabul edişiniň aýratynlyklaryny öwrenmek bilen baglanyşyklydyr.

Muzeý pedagogikasynda ýaşlar, çagalar bilen işlemeklige aýratyn üns berilýär: kiçi ýaşly mekdep okuwçylary, hatda mekdebe çenli ýaşly çagalar bilen ýörite sapaklary, çäreleri gurnamak örän netijeli bolýar. Pedagogikanyň we psihologiýanyň talaplaryny berjaý etmek bilen, muzeýe gelýänleriň iň köp sanly toparyny düzýän çagalar bilen aragatnaşyk etmegiň ýörite görnüşleri we usullary tejribä ornaşdyrylýar. Muzeý aragatnaşygynyň bu görnüşleri, esasan, çagalarda özbaşdak pikirlenmek ukybyny ösdürmeklige, muzeýe gyzyklanma döretmeklige, muzeý medeniýetine uýgunlaşdyrmaklyga gönükdirilendir.

Muzeý pedagogikasynyň öňünde duran meseleleriň ýenede biri aýratynlykda ýa-da maşgala bolup muzeýe gelýänler bilen işlemegiň ýollaryny gözläp tapmak we kämilleşdirmekdir.

Muzeý pedagogikasy muzeýde işlejek pedagoglary taýýarlamak, olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak meselesini hem üns merkezinde saklaýar.

Muzeý pedagogikasy okuw jaýlarynyň pedagogik toparlary (kollektiwleri), medeniýet edaralary, jemgyýetçilik guramalary, umuman, muzeýiň pedagogik işlerine gyzyklanma bildirýän ähli edaralar bilen muzeýiň arasynda aragatnaşygyň ýola goýulmagy üçin birnäçe çäreleriň amala aşyrylmagyny göz öňünde tutýar (şertnamalar baglaşmak, ýörite maksatnamalary, maglumat bermegiň dürli görnüşlerini işläp taýýarlamak we başg.).

Pedagogik wezipeleriň ýerine ýetirilmegine muzeýiň ylmy işgärleri – muzeý pedagoglary jogap berýärler. Iri muzeýlerde ýörite pedagogik merkezler döredilýär. Muzeý-pedagogik çemeleşme diňe bir köpçülik bilen işlemekde däl, eýsem

muzeýiň işiniň beýleki görnüşlerinde: ekspozisiýalar, sergiler taýýarlanylanda, gaznalar toplanylanda, ylmy-barlag we wagyz-nesihat işleriniň dürli görnüşlerinde hem göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, muzeý pedagogikasy muzeýe gelýänleriň dürli düzümi bilen aragatnaşygy amala aşyrýan muzeý işiniň ähli ugurlaryna täsir edýär.

## 2. Muzeýleriň alyp barýan bilim-terbiýeçilik işleriniň görnüşleri

Muzeýleriň alyp barýan bilim-terbiýeçilik işleriniň wezipeleri, görnüşleri we usullary örän köpdürlüdir. Köpçülikleýin işleriň muzeý üçin häsiýetli görnüşi ekskursiýalardyr. Emma muzeýde ekskursiýalardan başga-da beýleki ylmy, medeni edaralar üçin mahsus bolan dürli görnüşli çäreler geçirilýär. Olara leksiýalar, tematik agşamlar, bäsleşikler, gyzyklanma gurnaklarynyň işi degişlidir. Bilim-terbiýeçilik işleriniň bu görnüşleriniň ulanylmagy muzeýiň özboluşlylygyna täsir etmeýär, sebäbi olar gazna ýygyndylarynyň esasynda amala aşyrylýar.

**Ekskursiýa** bu bilim-terbiýeçilik, ylmy maksatlar bilen ekskursiýa geçirijiniň ýolbaşçylygynda belli bir ugur boýunça muzeýe, sergä, tebigatyň obýektine köpçülikleýin aýlanmakdyr. Bu kesgitleme özara baglanyşykly iki sany düşünjäni öz içine alýar: ekskursiýa – muzeýe aýlanmak üçin gelen adamlaryň topary, we ekskursiýa – muzeý ekspozisiýasyny, sergini görkezmegiň usulyny işläp taýýarlamak we amala aşyrmak bilen baglanyşykly ylmy-pedagogik işiň bir görnüşi.

Ekskursiýa toparlary dürli görnüşlidir. Olaryň her haýsyna aýratynlykda çemeleşmek ekskursiýalary taýýarlamaga we geçirmäge bildirilýän esasy talaplaryň biridir.

Muzeý pedagoglary tarapyndan taýýarlanýan ekskursiýalar ekskursiýa toparlarynyň düzümine, olaryň isleglerine

baglylykda temasy, niýetlenilişi boýunça tapawutlanýarlar. Emma ekskursiýalaryň hemmesi üçin umumy häsiýet olar ýeke-täk metodik esasda, ýagny ekskursiýalary geçirmegiň usulyýetiniň esasynda gurnalýarlar.

Ekskursiýany geçirmegiň usulyýeti üçin ekskursiýany geçirijiniň muzeýe gelenler bilen gönümel aragatnaşykda bolmagy mahsusdyr. Bu aragatnaşygyň dowamynda muzeý ekspozisiýasynyň esasynda muzeýiň bilim-terbiýeçilik wezipeleri amala aşyrylýar.

Muzeýe gelýänler muzeý esbabyny synlap, ony «görmek» arkaly kabul edýärler. Ekskursiýany geçirmegiň usulynyň esasy wezipeleriniň biri «görmegi» öwretmek, ýagny ekspozisiýany we onuň aýratyn bölümlerini synlamak bilen olarda saklanýan maglumatlary ýüze çykarmagy öwretmekdir. Ekskursiýanyň has täsirli bolmagy üçin esbaby dürli tarapdan synlamak, belli bir ugur boýunça aýlanmak, ekskursiýany geçirýän muzeý işgäriniň berýän gürrüňi örän wajyp ähmiýete eýedir.

*Taryhy ekskursiýalaryň klassifikasiýasy*. Muzeý tarapyndan geçirilýän ekskursiýalar dürli görnüşli bolýar. Olar: geçirilýän ýeri we görkezilýän obýekt boýunça; temasy boýunça; niýetlenilişi boýunça, ekskursiýa toparlarynyň düzümi boýunça tapawutlanýarlar.

Geçirilýän ýeri we görkezilýän obýektler boýunça ekskursiýanyň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar. Muzeýiň içinde ekspozisiýalar, sergiler boýunça geçirilýän ekskursiýalar iň giň ýaýran görnüşidir. Şeýle-de muzeý işgärleri ýadygärliklere, taryhy ýerler boýunça ekskursiýalary gurnaýarlar. Kompleksleýin ekskursiýalaryň esasynda muzeý ekspozisiýasy durýar, emma onuň mazmuny tebigy şertlerde saklanýan taryhy ýadygärliklere aýlanmak arkaly baýlaşdyrylýar.

Ekskursiýanyň temasy boýunça görnüşlerine umumy ekskursiýalar we temalaýyn ekskursiýalar degişlidir. Umumy ekskursiýada muzeý barada medeniýet edarasy hökmünde

düşünje berilýär, ýagny muzeýiň taryhy, ýerine ýetirýän wezipeleri barada gürrüň berilýär, muzeýiň gaznahanalaryna, laboratoriýalaryna, ekspozision zallaryna aýlanyp görýärler.

Temalaýyn ekskursiýalar belli bir tema boýunça ýa-da belli bir taryhy döwür boýunça geçirilip bilner. Mysal üçin, Döwlet muzeýinde «Türkmenistan iň gadymy döwürde» diýen tema boýunça bir taryhy döwre degişli wakalary öz içine alýan ekskursiýa ýa-da «Türkmen milli senetçiligi» diýen bir tema boýunça ekskursiýalar gurnalyp bilner.

Niýetlenilişi boýunça ekskursiýalar ylmy-aň-bilim we okuw ekskursiýalara bölünýär. Ylmy-aň-bilim ekskursiýalar giň köpçülik üçin niýetlenilýär we muzeýe gelýänleriň medeni taýdan sowatlylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilýär.

Okuw ekskursiýalary okuwçylar, talyplar üçin niýetlenilip, olaryň dowamynda geçilen okuw materiallary muzeý esbaplarynyň kömegi bilen berkidilýär we çuňlaşdyrylýar. Okuw ekskursiýalary mugallymyň ýolbaşçylygynda sapak görnüşinde gurnalýar we onuň dowamynda sapaga mahsus usullar ulanylýar. Muzeý işgärleri üçin geçirilýän usuly ekskursiýalar hem okuw ekskursiýalaryna degişlidir.

Ekskursiýa toparlarynyň düzümi, ýaşy, sosial degişliligi, käri, bilim derejesi, ýaşaýan ýeri boýunça tapawutlanýan adamlardan ybarat bolýar. Hut şonuň üçin muzeý işgärleri tarapyndan ekskursiýa taýýarlananda ekskursiýa gelýänleriň aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr.

*Ekskursiýany taýýarlamak we geçirmek.* Ekskursiýanyň temasyny kesgitlemek birnäçe ýagdaýlara bagly bolup durýar. Ekskursiýanyň temasy muzeýiň görnüşine, ekspozisiýalaryň we sergileriň temasyna, okuw jaýlarynyň maksatnamalarynda bellenilýän talaplara laýyklykda kesgitlenilýär. Ekskursiýalaryň temasy muzeýiň öňünde durýan wezipelerine laýyklykda üýtgäp biler, emma esasy temalar ýyllyk meýilnamalarda beýan edilýär.

Ekskursiýa muzeýiň ekspozisiýalarynyň we sergileriniň esasynda geçirilýär, şonuň üçin ekskursiýa işine ýolbaşçylyk

edýän muzeý pedagoglary muzeýiň ekspozisiýa bölümleri bilen hemişe aragatnaşykda bolmalydyr.

Ekskursiýany taýýarlamak işi birnäçe tapgyrdan ybaratdyr. **Birinji tapgyry** – ekskursiýanyň temasyny kesgitlemek, onuň mazmuny bilen tanyşmak. Munuň üçin tema degişli edebiýat bilen we muzeý ekspozisiýasy bilen tanyşmalydyr. Taryhy muzeýlerde islendik ekspozisiýa barada gürrüň berlende, taryhy wakalara düşünmezden, belli bir döwrüň taryhyny bilmezden ekskursiýa geçirmek mümkin däldir.

Ekskursiýany taýýarlamagyň **ikinji tapgyry** – onuň meýilnamasyny düzmekdir. Bu tapgyrda tema degişli edebiýat, çeşmeler, ekspozisýanyň gurluşy doly öwrenilýär we ekskursiýanyň gidişi işlenilip taýýarlanylýar. Ekskursiýanyň ugry, onuň düzüm bölümleri kesgitlenilýär. Soňra ekskursiýa geçirýän muzeý işgäri giňişleýin meýilnama taýýarlaýar. Meýilnamada ekskursiýanyň maksatlary, onuň ugry, görkezilýän esbaplaryň düzümi, ulanylýan tekstler beýan edilýär. Şeýle-de giriş sözi we jemleýji gürrüňiň mazmuny, ekskursiýany geçirmegiň usullary görkezilýär. Taýýarlanan meýilnamanyň esasynda birnäçe gezek ekskursiýa geçirilenden soňra, onuň oňyn we otrisatel taraplary ýüze çykarylýar we düzedilýär. Diňe şondan soňra ekskursiýanyň usuly taýdan işlenilip taýýarlanmagy tamamlanýar. Ekskursiýanyň meýilnamasynyň ýanyna peýdalanylan edebiýatlaryň sanawy, resminamalardan göçürmeler, aýratyn eksponatlar, agzalyp geçilýän obýektler barada maglumatlar, wakalaryň ýyl ýazgysy goşulýar. Ekskursiýanyň meýilnamasy doly taýýarlanandan soňra, ol muzeýiň usuly maslahatynda ara alnyp maslahatlaşylýar we tassyklanylýar.

Ekskursiýa üç bölümden ybarat bolup durýar: giriş söhbetdeşligi, esasy bölümi we jemleýji netije. Giriş söhbetdeşliginde muzeý işgäri bilen muzeýe gelenleriň arasynda aragatnaşyk ýola goýulýar, ýagny muzeý işgäri ekskursiýa toparynyň düzümi bilen, olaryň gyzyklanmalary bilen tanyşýar, muzeýiň gysgaça taryhy, ekskursiýanyň temasy, geçiriliş tertibi bilen tanyşdyrýar.

Ekskursiýanyň esasy bölüminde ekspozision zalyň aýratynlyklaryna, attraktiwlik häsiýetleri ýokary bolan esbaplara üns bermek zerurdyr. Ekskursiýanyň dowamynda muzeýde bar bolan tehniki serişdelerden, ses ýazgylaryndan peýdalanmak örän ygtybarlydyr.

Ekskursiýa jemleýji söhbetdeşlik bilen tamamlanýar, söhbetdeşligiň dowamynda görlen esbaplar we eşidilen maglumatlar barada muzeýe gelenleriň pikiri diňlenilýär, alan bilimlerini has çuňlaşdyrmak üçin zerur bolan edebiýat hödürlenilýär, muzeý bilen geljekde aragatnaşyk etmegiň ýollary bellenilýär.

Muzeý ekskursiýasynyň dowamlylygy bir ekskursiýa topary ýa-da aýratyn synlaýjylar üçin bir akademiki sagada – 45 minuda barabar bolmalydyr. Ekskursiýalar tölegli we tölegsiz bolup biler. Ekskursiýalar üçin tölegleri almagyň tertibi we töleg nyrhyny kesgitlemek Medeniýet ministrligi tarapyndan ýörite bellenilen tertibe laýyklykda amala aşyrylýar.

Ekskursiýa muzeýiň ylmy işgärleri ýa-da ýörite ekskursiýa geçirijiler tarapyndan gurnalýar. Ekskursiýalary geçirmäge muzeýiň ýolbaşçylary tarapyndan ýörite ygtyýar berlen beýleki adamlar hem gatnaşdyrylyp bilner. Ekskursiýalary geçirmek muzeýiň bölüm müdirleriniň we ylmy işgärleriniň iş talaplarynyň hökmany bir görnüşi hasaplanýar.

Ekskursiýalary guramak işi ekskursiýa geçirmekden başga-da täze temalary işläp düzmek we olary özleşdirmek, ekskursiýalary geçirmek boýunça metodik gollanmalary taýýarlamak, ekskursiýa geçirijileriň taýýarlyk derejesini kämilleşdirmek maksady bilen geçirilýän okuwlara we ekskursiýa geçirmek boýunça tejribe alyşmaga gatnaşmak ýaly çäreleri-de öz içine alýar.

Muzeýde ekskursiýadan başga-da dürli görnüşli çäreler, işler geçirilýär. Bu çäreler muzeýiň ýygyndysyna we ekspozisiýasyna esaslanyp, belli seneler, baýramçylyklar bilen baglanyşyklylykda giň gerime eýe bolýar.

*Muzeý sapaklary we ýekebara ýumuşlar*. Muzeý sapaklary we ýumuşlar, esasan, muzeýde mekdep okuwçylary bilen işlemegiň bir görnüşi hökmünde ulanylýar. Muzeý sapaklary ekskursiýalardan dowamlylygy we has çuňňur işlenilip taýýarlanandygy bilen tapawutlanýar.

Muzeý pedagogikasynda mekdep okuwçylary üçin sapak geçmegiň usulyýetine aýratyn üns berilýär. Muzeýde gurnalýan sapagyň esasy maksady okuw maksatnamasynda göz öňünde tutulan bilimleri bermek ýa-da sapakda alnan maglumatlary berkitmekden ybaratdyr. Bu ýerde muzeý esbaby görkezme esbap hökmünde däl-de, özbaşdak bilim çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Okuw prosesiniň özboluşlylygy, okuwçylaryň nazaryýetde alan bilimlerini «görmek» arkaly berkitmekligi muzeýde geçilen sapagyň netijeliligini has-da artdyrýar.

Muzeýde okuwçylar bilen işlemegiň ýene-de bir görnüşi okuwçylaryň özbaşdak işlemek ukybyny artdyrmaga gönükdirilen ýekebara ýumuşlary tabşyrmakdyr. Bu ýumuşlar muzeý pedagogy tarapyndan muzeý ekspozisiýasynyň esasynda okuw maksatnamasynyň, usuly gollanmalaryň, gurnagyň meýilnamalarynyň esasynda taýýarlanylýar. Ekspozisiýa üçin saýlanylyp alnan çeşmeleriň görnüşine baglylykda, aşakdaky ýaly ýumuşlar tabşyrylyp bilner:

– maddy çeşmeleri beýan etmek, olary suratlandyrmak;
– ylmy-kömek beriji materiallary öwrenip, olary belli bir taryhy döwre häsiýetnama bermekde peýdalanmak;
– ýazuw çeşmelerini seljermek we olara baha bermek;
– şekillendiriş çeşmelerine düşündiriş bermek we başg.

Bu görnüşli ýumuşlar muzeý işini öwrenýän talyplara hem tabşyrylyp bilner.

Muzeýiň ýanynda gurnagyň işini ýola goýmak, hereket edýän gurnaklaryň işine ýaşlary, gyzyklanýan adamlary çekmek, muzeýde tematik agşamlary geçirmek, leksiýalary, dür-

li mazmunly bäsleşikleri, göçme sergileri gurnamak muzeý işgärleri tarapyndan alnyp barylýan köpçülikleýin işleriň dürli görnüşleridir.

Umuman, muzeýler giň köpçülik üçin niýetlenen medeni, aň-bilim edarasy bolmak bilen, olarda muzeý esbaplaryny toplamak, aýawly saklamak çäreleri bilen bir hatarda, dürli ýaşdaky adamlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak, olarda muzeý medeniýetini terbiýelemek, muzeýe barýanlaryň hemmetaraplaýyn ösen, düşünjeli şahsyýetler bolup ýetişmekleri üçin dürli görnüşli çäreler geçirilýär. Bu çäreleriň netijeliligi bolsa, köp babatda, muzeý işgärleriniň ussatlygyna baglydyr.

# XIII BAP
# MEKDEP MUZEÝLERI

## 1. Mekdep muzeýini döretmek boýunça işler

Garaşsyz diýarymyzda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda bilimli, düşünjeli, giň dünýägaraýyşly, kämil ýaşlary terbiýelemek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Türkmen ýaşlarynyň Watana wepaly, beýik geçmiş taryhymyza buýsanýan, ata-babalarymyzyň däp-dessurlaryna, medeniýetine hormat goýýan ýaşlar bolup ýetişmeklerinde ýurdumyzyň muzeýleriniň, aýratynam mekdep muzeýleriniň ähmiýeti örän ýokarydyr. *«Her bir obanyň öz hakyda hem-de ýazuw taryhy bolmalydyr, adamlar öz meşhur obadaşlaryny, olaryň zähmet we durmuş edermenligini, eziz obasynyň ösmegine goşan goşandyny bilmelidir. Mekdebiň ýanynda obanyň taryhy bilen bagly muzeýi döretmek, oba hakynda we onuň ýaşaýjylary barada maglumatlary ýygnamak, olary synpdan daşary, ülkäni öwreniş sapaklary geçirilende giňden peýdalanmak zerurdyr»* – diýip, hormatly Prezidentimiz bilim işgärleriniň öňünde uly wezipeleri goýdy.[1]

Mekdepde okuwçylara bilim bermegiň esasy görnüşi okuw sapaklarydyr. Okuw sapaklarynda okuwçylar iň zerur bolan bilimleri alýarlar. Türkmenistanyň «Bilim hakyndaky»

[1] Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň ýaşulylarynyň maslahatynda sözlän sözi. (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). Aşgabat, 2009, 29-njy sah.

12. Sargyt № 1023.

Kanunynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi üçin, ýagny ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösen, kämil, giň dünýägaraýyşly, ýokary medeniýetli bolup ýetişmekleri üçin mekdepde sapakdan daşary işleriň dürli görnüşlerini guramak örän netijeli bolýar.

Okuwçylarda jemgyýetiň we tebigatyň ösüşini öwredýän taryh sapaklaryna gyzyklanma döretmek köp babatda taryh mugallymyna bagly bolýar. Tejribeli taryh mugallymlarynyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň mekdeplerinde taryh, memorial muzeýlerini döretmek boýunça birnäçe işler amala aşyrylýar. Mekdep muzeýleriniň döredilmeginiň, onuň eksponatlaryny toplamak işine okuwçylaryň çekilmeginiň uly ähmiýeti bar.

*Mekdep muzeýlerini döretmek işi birnäçe tapgyrdan ybaratdyr:*

**I tapgyrda** şular ýaly taýýarlyk işleri geçirilýär, ýagny muzeý geňeşi döredilýär, muzeýiň ugry, eksponatlary toplamagyň temasy kesgitlenilýär, meýilnamasy düzülýär.

Muzeýi döretmegiň we onuň hereket etmeginiň esasy şerti muzeýiň ugruny kesgitlemekdir. Mekdepde dürli görnüşli muzeýler döredilip bilner. Muzeýiň görnüşi birnäçe ýagdaýlara, ýagny toplanylan materiallaryň häsiýetine, okuwçylaryň gyzyklanmalaryna, mekdebiň işiniň şertlerine bagly bolýar. Mekdep muzeýleriniň iň giň ýaýran görnüşi taryhy muzeýlerdir. Mundan başga-da, mekdeplerde memorial muzeýler, edebiýat muzeýleri, tebigat muzeýleri döredilip bilner.

Köplenç halatda muzeýi döretmek işi özara baglanyşyksyz dürli görnüşli predmetleri ýygnamaklyga öwrülýär. Netijede, muzeý däl-de, dürli esbaplaryň toplumy – ýygyndylar emele gelýär. Muzeýiň ugruny kesgitlemekde muzeýiň gaznasynda hakyky gymmatlyklary toplamak mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Mekdep tejribesinde okuwçylar kä halatda ýerine ýetirip bolmajak wezipeleri amala aşyrmaga çalyşýarlar. Taryh mugallymy okuwçylary ugrukdyryp, dogry maslahat bermelidir, meselem, tutuş welaýatyň ýa-da etrabyň taryhy boýunça muzeý döretjek bolman, öz obaň, daýhan birleşigiň

taryhy boýunça maglumatlary jemlemegiň, Beýik Watançylyk urşunyň taryhy boýunça däl-de, şol urşa gatnaşan obadaşlary barada muzeý döretmegiň has ygtybarly boljakdygyny düşündirmelidir. Umuman, muzeýiň ugruny kesgitlemek meselesinde onuň temasyny we territorial, hronologik çäklerini dogry bellemek örän wajypdyr.

Muzeýiň ugruny, ekspozisiýanyň temasyny saýlamak üçin okuwçylar mugallymyň ýolbaşçylygynda edebiýatlar bilen tanyşýarlar, ekspedisiýalary geçirýärler, ylmy edaralar bilen, şahsyýetler bilen aragatnaşygy ýola goýýarlar. Toplanylan materialyň esasynda muzeýiň esasy we ylmy-kömek beriji gaznasy döredilýär, ekspozisiýalar taýýarlanylýar. Eksponatlarynyň, bezeginiň özboluşlylygy bilen tapawutlanýan muzeýler aýratyn meşhurlyga eýe bolýarlar.

Mekdep muzeýiniň gaznalary elmydama täze materiallar, esbaplar bilen doldurylyp durýar. Muzeýiň guramaçylyk işleri bilen baglanyşykly meseleler mekdebiň pedagogik maslahatynda çözülýär. Maslahatda muzeýiň ugry kesgitlenilýär, onuň döredilmegi we hereket etmegi üçin jogapkär mugallymlar bellenilýär.

Muzeýiň işiniň netijeliligi muzeý esbaplaryny toplamak, öwrenmek işine okuwçylaryň uly toparynyň çekilmegine baglydyr. Okuwçylar mekdep muzeýiniň işini alyp barmakda mugallyma hemmetaraplaýyn kömek bermelidirler. Mekdepde hereket edýän taryh gurnagynyň işine gatnaşýan okuwçylar taryh dersine aýratyn gyzyklanma bildirip, mekdep muzeýini döretmek işine gatnaşýarlar. Olardan muzeýi döretmek boýunça işjeň topar düzülýär. Toparyň düzümi üýtgäp biler, bu işe täze okuwçylar çekilip bilner. Muzeýi döretmäge gatnaşýan işjeň toparyň agzalaryndan muzeýiň geňeşi düzülýär. Geňeş okuwçylaryň işini ugrukdyrýar, muzeý döredilenden soňra bolsa onuň işine ýolbaşçylyk edýär. Muzeýiň geňeşiniň düzümine muzeý işi, taryh boýunça hünärmenler (döwlet muzeýleriniň işgärleri, ylmy-barlag edaralaryň işgärleri, ülkäni öwrenijiler)

goşulsa, olar muzeýiň ylmy taýdan gurnalmagyna uly ýardam berýärler.

Mekdep muzeýini döretmek işine gatnaşýan okuwçylar muzeýiň ugry bilen baglanyşykly ylymlar boýunça elmydama bilimlerini artdyrmaga çalyşmalydyrlar. Okuwçylaryň muzeýde belli bir meseläni çuňlaşdyryp öwrenmegi olarda ylmy-barlag işlerini alyp barmagyň endiklerini kemala getirýär.

Mekdep muzeýlerini döretmek işiniň **II tapgyry** materiallary toplamak we ekspozisiýalary taýýarlamak işini (eksponatlary toplamak boýunça ekskursiýalary guramak, gaznalary toplamak, hasaba almak we aýawly saklamak) öz içine alýar.

Mekdep muzeýleriniň tejribesinde gaznalary toplamagyň birnäçe ýollary ulanylýar. Gaznalary toplamagyň esasy ýoly okuwçylaryň gözleg işleridir.

Mugallymlar we okuwçylar gaznalary toplamak işinde, köplenç, döwlet muzeýlerine we arhiwlerine, guramalara, aýratyn adamlara ýüzlenýärler. Kä halatda şeýle hatlarda «muzeý üçin bir zat iberilmegini» haýyş edip ýüz tutýarlar. Beýle çemeleşme nädogry bolýar. Muzeýlere, edaralara ýüz tutmazdan öň, okuwçylar muzeý ekspozisiýasynyň temasy boýunça bar bolan edebiýatlar bilen tanşyp, çözülmeli meseleleri, anyklamaly maglumatlary belli etmelidirler. Şu işiň dowamynda gaznalary toplamagyň meýilnamasy we gözlemeli materiallaryň sanawy düzülýär.

Materiallary toplamak işini bir-iki sany okuwça ýa-da belli bir topara, tutuş synpa tabşyryp bolýar. Gaznalary toplamak işine belli bir wagt berilýär: birnäçe gün, bir aý, kä halatlarda, bir ýyl. Gaznalary toplamak işinde okuwçylary taryhy ýadygärliklere, taryhy ýerlere gezelenje äkitmegiň uly ähmiýeti bar. Gezelenjiň dowamynda olar öz obalarynyň geçmiş taryhy boýunça gyzykly maglumatlary toplaýarlar.

Toplanan esbaplaryň esasy gazna ýa-da ylmy-kömekçi gazna degişliligini kesgitlemek, esbaplary hasaba almak, kartotekalary düzmek, esbaplaryň saklanylyşyny, goraglylygyny

üpjün etmek okuwçylardan irginsiz zähmeti, erjelligi talap edýär. Okuwçylarda jogapkärçilik duýgusy, tabşyrylan işe çynlakaý çemeleşmek ýaly häsiýetler terbiýelenýär, taryhyň dürli ugurlary, ýagny arheologiýa, etnografiýa, numizmatika boýunça bilimleri artýar, muzeý işini ýöretmegiň endikleri kemala gelýär.

**III tapgyrda** muzeýiň guramaçylyk işlerini çözmeli bolýar: muzeýiň ekspozisiýalaryny sapakda we sapakdan daşary geçirilýän çärelerde ulanmak, gaznalaryň üstüni dolmak, ekskursiýalary gurnamak, tanymal şahsyýetler bilen duşuşyklary geçirmek we başg.

## 2. Mekdep muzeýinde geçirilýän okuw-terbiýeçilik işleri

Mekdep tejribesinde muzeýde taryh sapaklaryny, sapakdan daşary dürli görnüşli çäreleri geçirmek giňden ýaýrandyr. Muzeýde ekskursiýalar, uruş we zähmet weteranlary bilen duşuşyklar, taryhy agşamlar geçirilip bilner. Muzeýde geçirilýän çäreleriň iň giň ýaýran görnüşi muzeý sapaklarydyr.

Muzeý sapaklary we ýekebara ýumuşlary tabşyrmak okuwçylara belli bir tema boýunça maglumat bermek, alan bilimlerini berkitmek we çuňlaşdyrmak maksady bilen geçirilýär. Muzeý esbaby gönümel bilimleriň çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Okuw prosesiniň özboluşlylygy okuwçylaryň bilesigelijilik duýgularyny artdyrýar, olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam berýär. Nätanyş esbaplar okuwçylarda gyzyklanma döredýär, olar barada bilmek islegi artýar. Okuwçylar goşmaça edebiýatlary okap, taryhy hadysalara, wakalara içgin aralaşýarlar. Bu bolsa olaryň bilimleriniň artmagyna, düşünjeleriniň giňelmegine ýardam berýär. Muzeýde okuwçylar öň eşiden, okan zatlaryny tanap, olaryň abstrakt bilimleri anyk predmetler arkaly berkidilýär. Muzeýde yzygider-

li sapaklaryň geçirilmegi muzeý medeniýetini terbiýeleýär, okuwçylar muzeýe özbaşdak gelmegiň, ekspozisiýalar bilen tanyşmagyň zerurlygyna, ähmiýetine düşünýärler. Muzeýde geçilen temany berkitmek boýunça sapaklaryň geçirilmegi has ýokary netije berýär, sebäbi belli bolan zatlary tanamak muzeý maglumatynyň gowy özleşdirilmegine ýardam berýär.

Muzeý pedagogikasynda okuwçylaryň özbaşdak işini ösdürmeklige gönükdirilen ýekebara ýumuşlaryň tabşyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Mekdep muzeýleri tarapyndan ülkäni öwrenmek boýunça, medeni-aň bilim çäreleri geçirmek boýunça obalarda, şäherlerde uly işler amala aşyrylýar. Obalaryň ilaty öz ülkesiniň geçmişine, tebigatyna, ykdysady ösüşine gyzyklanma bildirip, muzeýiň gaznalarynyň üstüniň doldurylmagyna, täze ekspozisiýalaryň döredilmegine mynasyp goşant goşýarlar. Netijede, mekdep muzeýleri hakyky «halk» muzeýlerine öwrülýärler. Muňa mysal edip, Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynda 1966-njy ýylda ýaşuly mugallym Garýagdy Baýjaýew tarapyndan döredilen mekdep muzeýini görkezip bolar. Häzirki wagtda ol muzeý döwlet muzeýi derejesine eýe bolup, Mary welaýatynyň taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň Türkmengala etrabyndaky şahamçasy diýlip atlandyrylýar.

Mekdep muzeýleri döwlet muzeýleri bilen ýakyn aragatnaşyk saklaýarlar. Ilkinji nobatda, döwlet muzeýleri (welaýat, şäher muzeýleri) mekdep muzeýleri üçin usuly merkez bolup çykyş edýärler. Mekdep muzeýleri gaznalary toplamak, hasaba almak, abat saklamak meselelerinde golaýda ýerleşýän döwlet muzeýleri bilen tejribe alyşýarlar, muzeýiň gaznalaryndaky dublet (ikinji nusgasy) esbaplary çalyşýarlar. Mekdep muzeýlerinde saklanýan aýratyn gymmatly muzeý esbaplarynyň döwlet muzeýlerine tabşyrylmagy okuwçylaryň taryhy gymmatlyklary aýawly saklamagyň ähmiýetine düşünýändiklerini, olaryň watançylyk duýgularynyň ösendigini görkezýär.

Häzirki wagtda biziň diýarymyzda ýüzlerçe hasaba alnan mekdep muzeýi bar. Gökdepe etrabynyň Yzgant obasyndaky Berdimuhamet Annaýewiň adyny göterýän 27-nji orta mekdepde taryh-etnografiýa muzeýi hereket edýär. Muzeýde mugallym, esger Berdimuhamet Annaýewiň ömri, gahrymançylygy barada gürrüň berýän resminamalar, diwarlyklar, eksponatlar bar. Mundan başga-da, muzeýde Türkmenistanda XX asyryň başlarynda bilimiň ösüşini açyp görkezýän eksponatlar saklanylýar. Muzeýiň arheologiýa bölüminde Türkmenistanyň çäklerinde gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylan gymmatlyklar görkezilýär. Etnografiýa bölüminde geçmişde türkmen gerçekleriniň ulanan ýaraglaryny, türkmen milli geýimlerini, hojalyk esbaplaryny görmek bolýar. Şeýle--de muzeýde Yzgant obasynda önüp-ösen tanymal adamlaryň suratlary bar. Bu muzeý ýurdumyzda hereket edýän mekdep muzeýleri üçin nusgalyk muzeý bolup durýar.

Murgap etrabynyň 9-njy orta mekdebinde hereket edýän taryhy we ülkäni öwreniş muzeýi eksponatlarynyň sany we gymmatlygy boýunça döwlet derejesinde belli muzeýdir. Bu muzeýi esaslandyran şol mekdebiň mugallymy, tanymal mirasy öwreniji Ümür Esenowdyr. Häzirki wagtda muzeýde müňlerçe eksponat jemlenip, onuň eksponatlary bilen tanyşmak üçin diýarymyzyň çar künjeklerinden taryhçylar, mirasy öwrenijiler, talyp ýaşlar, mekdep okuwçylary gelýärler.

Aşgabat şäheriniň 36-njy orta mekdebinde 1970-nji ýylda açylan general D.M.Karbyşewa bagyşlanan mekdep muzeýi bar. Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň 4-nji orta mekdebinde taryh muzeýi bar. Bu muzeý 2002-nji ýylda döredilip, onda türkmen halkynyň etnografiýasyna degişli 350-den gowrak eksponatlar saklanylýar.

Köýtendag etrabynyň 10-njy orta mekdebinde türkmen halkynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyraga bagyşlanan muzeý hereket edýär. Bu muzeýde şahyryň ömri, döredijiligi bilen baglanyşykly 50-ä golaý eksponatlar bar.

Köýtendag etrabynyň 6-njy orta mekdebinde biologiýa muzeýi hereket edýär. Bu muzeý 1988-nji ýylda döredilýär we Köýtendagyň ajaýyp tebigatyny beýan edýän 250-den gowrak eksponatlary özünde jemleýär.

Serdarabat etrabynyň 16-njy orta mekdebinde 1976-njy ýylda döredilen taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi hereket edýär. Bu muzeýde etrabyň taryhyny, türkmen halkynyň etnografiýasyny şöhlelendirýän 350-ä golaý eksponatlar görkezilýär.

Umuman, diýarymyzyň dürli künjeklerinde taryh, taryhy-ülkäni öwreniş, edebiýat, biologiýa mekdep muzeýleri hereket edýär. Olar taryhy, tebigy gymmatlyklary ýüze çykarmakda, gorap saklamakda, öwrenmekde, taryh, edebiýat, biologiýa dersleri boýunça geçilýän sapaklaryň has täsirli bolmagynda, ýaş nesle watansöýüjilik, ynsanperwerlik terbiýesini bermekde, olary ylmy äleme çekmekde bahasyna ýetip bolmajak işleri bitirýärler.

# MUZEÝ ADALGALARYNYŇ SÖZLÜGI

**Adaty muzeý esbaby** – adaty hadysany beýan edýän we häzirki wagtda bar bolan predmetler üçin häsiýetli alamatlara eýe bolan esbap.

**Ansambl görnüşli muzeýler** – bu açyk asmanyň astyndaky muzeýler, köşk-muzeýler, öý muzeýleri.

**Attraktiwlik** (lat. atractio – ünsi çekmek) – esbabyň daşky görnüşi, daşky alamatlary bilen, hususan-da göwrümi, ölçegi, reňki bilen muzeýe gelýänleriň ünsüni özüne çekmek ukyby.

**Audioesbaplar** (lat. audire – eşitmek) – ses ýazgylary, ses düşündirişleri (guşlaryň, haýwanlaryň sesleri, tebigatyň dürli sesleri; taryhy şahsyýetleriň, ýazyjylaryň, şahyrlaryň, aýdymçylaryň saz we resminamalaýyn ýazgylary)

**Audiowizual esbaplar** (lat. audire – eşitmek + visio – görmek) – dürli göterijilerde kino we wideoesbaplar (kassetalar, kompýuter diskleri)

**Bilim-terbiýeçilik wezipesi** – muzeýleriň ekspozision we medeni- bilim işiniň üsti bilen amala aşyrylýan, jemgyýetiň bilesigelijilik we medeni talaplarynyň kanagatlandyrylmagyna gönükdirilen muzeýiň sosial wezipesi.

**Biotopar** – haýwanat we (ýa-da) ösümlik dünýäsiniň obýektlerinden ybarat ekspozision toplum.

**Brif** (ekspozision) – ekspozisiýany gurnamak işini ugrukdyrýan meýilnama (plan-prospekt).

**Buklet** – (fr. bouclette – kiçijik ýüzük) – bir kagyzyň ýüzüne çykarylyp, birnäçe gezek eplenilýän mahabat ýa-da maglumat neşiri.

**Çagalar muzeýi** – ekspozisiýalaryň we ýörite meýilnamalaryň üsti bilen çagalaryň gyzyklanmalaryny kanagatlandyrmaga niýetlenen muzeýlerdir. Çagalar muzeýi üçin döredijiligiň we oýnuň üsti bilen esbaplar bilen tanyşdyrmagyň interaktiw usuly mahsusdyr.

**Çeperçilik muzeýler** – şekillendiriş sungaty muzeýleri, amaly-haşam sungaty muzeýleri, halk sungatynyň muzeýleri, monografiki (belli bir suratkeşe (hudožnige) bagyşlanan) muzeýler we başg.

**Döwlet muzeýleri** – döwlet eýeçiliginde duran we döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän muzeýler

**Esbaplaryň atribusiýasy** (lat. attributio – ýazyp, beýan etme, hasaplama) – esbaba mahsus alamatlary: fiziki häsiýetlerini, niýetlenilişini, gelip çykyşyny we ulanylyşyny ýüze çykarmak.

**Ekskursiýa** – bilim-terbiýeçilik, ylmy maksatlar bilen ekskursiýa geçirijiniň ýolbaşçylygynda belli bir ugur boýunça muzeýe, sergä, tebigatyň obýektine köpçülikleýin aýlanmak.

**Eksponat** – muzeý ekspozisiýasynyň esasy bolup durýan, görmek üçin goýlan muzeý esbaby. Muzeý eksponaty bolup asyl nusgadaky esbaplar, olaryň şekillendirmesi (maketler) we ylmy-kömek beriji materiallar (kartalar, çyzgylar, tekstler) çykyş edip bilýär.

**Ekspozision material** – esasy, ylmy-kömek beriji we ätiýaçlyk gaznalardan alnyp, ekspozisiýada goýlan ähli görnüşli muzeý esbaplarynyň umumylygy.

**Ekspozision toplum** – mazmuny, ekspozision meýdany ýa-da beýleki alamatlary boýunça özara baglanyşykly we bir bitewiligi emele getirýän eksponatlar topary.

**Ekspressiwlik** – (lat. exspressio – duýgulary beýan etmegiň güýji)- muzeý esbaplarynyň belli bir duýgulary döredip bilmek häsiýeti, ukyby.

**Esasy tekst** – ähli ekspozisiýanyň ýa-da onuň bölümleriniň, temalarynyň, toplumlarynyň esasy mazmunyny özünde saklaýan tekst.

**Esbaplaryň interpetasiýasy** – esbaplaryň bilimleriň we duýgularyň çeşmesi hökmünde gymmatlygynyň düşündirilişi. Esbabyň hakykylygy, onda saklanýan maglumatyň göwrümi, onuň attraktiwlik, ekspressiwlik, kommunikatiwlik häsiýetleri, adaty ýa-da täsin esbaplara degişliligi kesgitlenilýär.

**Esbaplaryň klassifikasiýasy** – esbaplaryň arabaglanyşygyny kesgitlemek, olary ýakyn alamatlary ýa-da aratapawudy boýunça toparlara bölmek.

**Etiketaž** – aýratyn eksponatlara düzülýän etiketkalaryň jemi.

**Etiketka** – esbabyň ady, onuň esasy maglumatlary, ýagny çig maly, ölçegi, ýasalyş usuly, awtory, sosial we etniki degişliligi, taryhy ähmiýeti görkezilýän tekst.

**Gazna resminamalary** – gaznalar barada, muzeý esbaplarynda saklanýan habarlar barada maglumatlary özünde jemleýän resminamalar.

**Gaznahana** – muzeý esbaplaryny saklamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan otaglar

**Gazna resminamalarynyň ulgamy** – bellenilen görnüşde doldurylýan, gaznalary hasaba almagyň, toparlara bölmegiň, ulgamlaşdyrmagyň, gaznalaryň goralmagynyň dowamynda emele gelýän özara baglanyşykly resminamalaryň toplumydyr.

**Gaznalary toplamak** – muzeý işiniň esasy görnüşleriniň biridir, jemgyýetiň ösüşini resmileşdirmekde möhüm ugurdyr. Ol geçmişe we häzirki döwre degişli esbaplary saýlap alyp, olary hemişelik saklanmaga niýetlenen muzeý esbaplaryna, döwrüň resminamalaryna, muzeý ýadygärliklerine öwürmek arkaly amala aşyrylýar.

**Gozgalýan medeni gymmatlyklar** diýlip, öz niýetlenilişi we tebigaty boýunça jemgyýetçilik – adamzat işiniň elli ýyl ýa-da şondan hem köp ýyl ozal döredilen gozgalýan material eserlerine we uly medeni gymmata eýe bolan beýleki esbaplara, hususan-da etnik, arheologik, taryhy, çeperçilik, ylmy, tehniki, dini we gaýry babatdaky esbaplara, şeýle hem milli

durmuşyň adaty we özboluşly hadysalaryny häsiýetlendirýän esbaplaryna düşünilýär.

**Hasaba alyş resminamalary** – aýratyn esbaplar we esbaplar topary barada, olaryň muzeýe we dürli gazna bölümlerine gelşiniň tertibi barada maglumatlary özünde saklaýan resminamalar.

**Hususy muzeýler** – görmek we öwrenmek üçin elýeterli bolan hususy adamlaryň ýygyndylarynyň esasynda döredilen muzeýler.

**Illýustratiw usul** (illýustratiw-tematik ýa-da tematik) – tematik-ekspozision toplumlaryň üsti bilen belli bir temany, meseläni açyp görkezmäge, beýan edilýän wakalaryň ýa-da hadysalaryň muzeý şekilini döretmäge ýardam berýän usul.

**Inwentarizasiýa** (tükellemek) – muzeý esbaplaryny ylmy taýdan hasaba almak.

**Jemgyýetçilik muzeýleri** – jemgyýetçilik tarapyndan döredilip, jemgyýetçilik esaslarynda döwlet muzeýleriniň ylmy-usuly ýolbaşçylygynda hereket edýän muzeýler. Bu muzeýler olary döreden guramalar tarapyndan maliýeleşdirilýär.

**Kabul ediş kitaby** (hemişelik saklanyşa tabşyrylýan muzeý esbaplarynyň) – muzeýe gelip gowuşýan ähli esbaplary hasaba alýan ilkinji resminama. Kitapda aşakdaky maglumatlar görkezilýär: tertip belgisi; ýazgy edilen senesi; esbabyň muzeýe getirilen senesi, çeşmesi we geliş usuly, ýanyndaky resminamalary, ykrarnamanyň №; esbabyň ady we gysgaça beýany (awtory, senesi, gelip çykyşy, ýazgylary, gollary, möhüri we başg.); esbaplaryň sany; çigmaly we ýasalyş usuly; ölçegi, agramy (gymmatbaha metallar we daşlar üçin); abatlygy; satyn alyş nyrhy, satyn alyş toparyň ykrarnamasy; haýsy bölüme ýa-da ýygynda gelip gowuşdy; ylmy öwseläniň №; bellikler(esbabyň saklanýan ýeri).

**Katalog** – eksponatlaryň (muzeý esbaplaryň) belli bir tertipde düzülen annotirlenen sanawy.

**Kolleksion ýazgy** – muzeý ýygyndysynyň ýazgysyny özünde saklaýan resminama. Ýazgyda aşakdaky maglumatlar

görkezilýär: tertip belgisi; esbabyň ady we beýany; çigmaly we ýasalyş usuly; ölçegi; agramy; abatlygy; bellikler.

**Kompleksleýin muzeýler** – ülkäni öwreniş muzeýleri, ansambl görnüşli muzeýler.

**Landşaft dioramalary** – diwaryň içinden edilýän ekspozision giňişlik. Dioramanyň yzky diwary suratlar, maketler bilen bezelýär, öňdäki planda bolsa haýwanat we ösümlik dünýäsiniň eksponatlary ýerleşdirilýär.

**Landşaft ekspozisiýalary** – biotoparlar we ladşaft dioramalary arkaly «tebigat görnüşlerini» dikeldýän ekspozisiýalar.

**Maddy çeşmeler** – adamlar tarapyndan ýasalan zatlaryň muzeý esbaplary hökmünde çykyş etmegi.

**Maglumat berijilik** – muzeý esbabynyň taryhy wakalar, medeni, jemgyýetçilik we tebigy hadysalar barada maglumat çeşmesi hökmünde çykyş etmek ukyby.

**Maket** – belli bir ölçegde ýerine ýetirilen obýektiň daşky görnüşiniň göwrümli şekillendirmesi.

**Memorial ýygyndy** – belli bir şahsyýet ýa-da taryhy waka bilen baglanyşykly esbaplary özünde jemleýän ýygyndy.

**Metodik ekskursiýa** – ekspozisiýanyň gurluşy, gaznalaryň saklanyş aýratynlyklary, medeni-bilim çäreleriň özboluşlylygy bilen tanyşmak.

**Milli muzeý syýasaty** – munuň özi döwlet we jemgyýetçilik işiniň muzeý işi babatdaky esasy ugrunyň we ýörelgeleriniň jemidir.

**Mulýaž** – esbabyň asyl nusgasynyň ölçeginiň, görnüşiniň, reňkiniň anyk şekillendirmesi.

**Muzeý** – bu jemgyýete gulluk etmäge niýetlenilen we onuň ösüşine ýardam edýän, giň köpçülik üçin elýeterli bolan, adamzat we onuň ýaşaýşy barada maddy subutnamalary öwrenýän, toplaýan, saklaýan, wagyz edýän we görkezýän hemişelik hereket edýän edaradyr.

**Muzeý ekspozisiýasy** – muzeý aragatnaşygynyň esasy görnüşi, muzeýiň bilim-terbiýeçilik maksatlaryny amala aşyrmak üçin muzeý esbaplarynyň görkezilmegi. Muzeý ekspozisiýasynda esbaplar muzeý tarapyndan işlenilip taýýarlanan ylmy konsepsiýa we arhitektura-çeperçilik çözgüdiň esasynda ýerleşdirilýär, düşündirilýär.

**Muzeý esbaby** – bu real hakykatdan bölünip aýrylan, uzak wagtlap saklanmaga ukyply we muzeý ýygyndysyna goşulan muzeý ähmiýetli esbapdyr. Ol sosial we tebigy-ylmy habarlaryň, duýgularyň, bilimleriň hakyky çeşmesi, medeni-taryhy gymmatlyk – milli baýlygymyzyň bir bölegi bolup durýar.

**Muzeý gaznalary** – muzeýe degişli bolan muzeý esbaplarynyň we ylmy-kömek beriji materiallaryň jemi.

**Muzeý gaznasynyň saklanylyşy** – saklanyş düzgüniniň we ulgamynyň esasynda amala aşyrylýan gazna işleriniň ugry.

**Muzeý gaznalaryny toplamak** – muzeý ýygyndysyny emele getirmek we üstüni doldurmak üçin muzeý ähmiýetli esbaplary ýüze çykarmak we toplamak prosessi. Muzeý gaznalaryny toplamak işi belli bir maksada gönükdirilýär, meýilnama laýyklykda ýerine ýetirilýär we muzeýi öwrenişiň we muzeýiň ugry boýunça ylymlaryň metodologik esaslaryna daýanýar.

**Muzeý işi** – munuň özi maddy we ruhy medeniýetiň ýadygärliklerini toplamak, öwrenmek we peýdalanmak boýunça muzeýler tarapyndan amala aşyrylýan medeni, aň-bilim we ylmy işleriň ýörite ugrudyr.

**Muzeýi öwreniş** – muzeý işini, jemgyýetçilik institutyhökmünde muzeýi, muzeýiň ýerine ýetirýän wezipelerini, muzeý esbaplarynyň üsti bilen sosial maglumatlary saklamagyň ýollaryny öwrenýän jemgyýetçilik ylmydyr.

**Muzeýi öwreniş dersiniň predmeti** –muzeýleriň, muzeý işiniň döreýşine we ösüşine, muzeý esbaplarynyň üsti bilen sosial maglumatlaryň toplanylmagyna we saklanylmagyna degişli bolan obýektiw kanunalaýyklyklaryň toplumydyr.

**Muzeýi öwreniş barlaglary** – muzeý esbaplaryny toplamagyň, saklamagyň, peýdalanmagyň nazaryýeti we usulyýeti boýunça täze maglumatlary ýüze çykarmak.

**Muzeý kommunikasiýasy** – muzeý giňişliginde amala aşyrylýan aragatnaşyk, maglumat, pikir alyşmak.

**Muzeý pedagogikasy** – muzeý üçin häsiýetli bolan bilim we terbiýe bermegiň mazmunyny, esaslaryny we usullaryny öwrenýän ýörite jemgyýetçilik-ylmy dersdir. Muzeý pedagogikasy pedagogikanyň, psihologiýanyň, muzeýi öwrenişiň we muzeýiň ugurdaş ylmynyň aralygynda durýan dersara pudak hökmünde kesgitlenilýär.

**Muzeý pedagogy** – muzeýde bilim bermek işini amala aşyrýan hünärmen. Ol pedagogik prosessi gurnaýar we göz öňünde tutulan meýilnamanyň çäklerinde muzeýe gelýänleriň muzeý esbaby bilen gönümel aragatnaşygyny üpjün edýär.

**Muzeý sosiologiýasy** – muzeý auditoriýasyny, onuň gymmatlyk ölçeglerini we ruhy zerurlyklaryny, şol zerurlyklary kanagatlandyrmak boýunça muzeýiň işiniň netijeliligini öwrenýän sosiologiýanyň aýratyn pudagy.

**Muzeý ulgamy** – belli bir çäklerde hereket edýän muzeýleriň jemi.

**Muzeý kolleksiýasy** – bir ýa-da birnäçe alamatlary boýunça birleşdirilen we bir bitewilik hökmünde ylmy, akyl ýetiriş, çeperçilik gymmatlygy bolan muzeý esbaplarynyň toplumy.

**Okuw muzeýleri** – dürli okuw jaýlarynyň we ýöriteleşdirilen pudaklaryň ýanynda hereket edýän muzeýler. Bu muzeýleriň esasy maksady – muzeý esbaplaryny bilim bermek we hünärmenleri taýýarlamak işinde görkezme esbaplar hökmünde ulanmak.

**Öwsele kitaby** (muzeýiň ylmy öwselesi) – muzeýiň esasy gaznasynyň ylmy ýazgysyny özünde jemleýän resminama. Kitapda gazna barada aşakdaky maglumatlar beýan edilýär: şifri; tertip belgisi; ýazgynyň senesi; ýazgy edýäniň F., a., a.a.; kabul ediş kitaby boýunça №; esbabyň ady we giňişleýin beýany,

ýazgylary, senesi we başg.; esbabyň gelip çykyşy (döredilen we ulanylan ýeri) we taryhy; esbabyň çig maly we ýasalyş usuly; ölçegi we agramy(gymmatbaha metallar we daşlar üçin); abatlygy; muzeýe gelşiniň çeşmesi we usuly, resminamasy, bahasy; fotonegatiwleriň №№; bellikler.

**Podium** – göwrümli predmetleri eksponirlemek üçin niýetlenilen dürli görnüşli belentlikler.

**Pudaklaýyn muzeýler** – Maliýe ministrligi we degişli pudaklaryň üsti bilen döwlet býujetinden maliýeleşdirilýän muzeýler.

**Relikwiýa** (lat.reliquiae –galyndylar) – belli şahsyýet ýa-da waka barada ýadygärlik hökmünde aýratyn sarpa bilen saklanýan we güýçli duýgulary döredip bilýän esbap.

**Resmileşdiriş wezipesi** – muzeý esbaparynyň kömegi bilen jemgyýetde we tebigatda bolup geçýän dürli wakalaryň, hadysalaryň muzeý ýygyndysynda şöhlelendirilmesini göz öňünde tutýan muzeýiň sosial wezipesi.

**Restawrasiýa** – tebigy garramak hadysasy, ýetirilen şikesler ýa-da ýörite üýtgetmeler netijesinde esbaplarda dörän näsazlyklaryň düzedilmegi.

**Stend** – esbaplary eksponirlemek üçin ulanylýan dik görnüşli tagtalar.

**Şahsy muzeýler** – görmek we öwrenmek üçin elýeterli bolan hususy adamlaryň ýygyndylarynyň esasynda döredilýän muzeýler.

**Tabşyryş-kabul ediş ykrarnamasy** – muzeýe esbaplary hemişelik ýa-da wagtlaýyn saklanyşa tabşyrylyşyny hasaba alýan we iki taraplaýyn – tabşyrýan tarap we muzeýiň işgäri tarapyndan gol çekilýän ilkinji döwlet hukuk resminamasy (3 nusgada taýýarlanylýar).

**Taryhy muzeýler** – umumytaryhy, arheologik, etnografik, harby-taryhy, syýasy taryhyň muzeýleri, diniň taryhy muzeýleri we başg.

**Tebigy muzeýler** – paleontologik, antropologik, biologik, botaniki, zoologik, mineralogik, geologik, geografik muzeýler.

**Tematik – ekspozision meýilnama** – ylmy häsiýetnamalary bolan ekspozision materiallaryň anyk düzümi görkezilen resminama.

**Tematik ýygyndy** – bir temany açyp görkezýän dürli görnüşli esbaplardan (resminamalardan, suratlardan, sungat eserlerinden, zatlardan) düzülen ýygyndy.

**Täsin muzeý esbaby** – adaty hadysany beýan edýän, emma ýeke-täk görnüşde ýa-da örän az sanda saklanyp galan esbap.

**Witrina** – esbaplary giňişlikde eksponirlemek üçin gerek bolan dik, kese, asma görnüşli (konstruksiýalar) gurluşlar.

**Ylmy-aň-bilim muzeýleri** – ylmy-barlag işleri bilen meşgullanýan we giň köpçülige niýetlenilen muzeýler. Olaryň gaznalary medeni –bilim maksatlar bilen giňden ulanylýar. Ylmy-aň-bilim muzeýleriň işinde ekspozisiýalary, sergileri we dürli görnüşli medeni-bilim çäreleri taýýarlamak işine aýratyn üns berilýär.

**Ylmy-barlag muzeýler** – ylmy-barlag institutlaryň we ylymlar akademiýalarynyň ýanynda hereket edýän we olaryň düzüm bölegi bolup durýan muzeýler. Ylmy-barlag muzeýleriň gaznalary ylmy maksatlar bilen peýdalanylýar, ekspozisiýalary bolsa ylmy işgärlere, hünärmenlere niýetlenendir.

**Ylmy konsepsiýa** – geljekki ekspozisiýa barada umumy düşünje berýän we ekspozision pikiri açyp görkezýän proýektirlemäniň ilkinji we wajyp tapgyry.Ylmy konsepsiýada ekspozisiýanyň temasy we esasy pikiri, umumy tematiki gurluşy we iri bölümleriniň gurluş esaslary saýlanylýar we esaslandyrylýar.

**Ylmy-kömek beriji materiallar** – muzeý esbaplaryny öwrenmäge we eksponirlemäge kömek edýän materiallar (statistiki maglumatlar, çyzgylar, meýilnamalar).

13. Sargyt № 1023.

*1-nji goşundy*

**Edaralardan we hususy adamlardan muzeý toplumyna goşmak we wagtlaýyn alnan esbaplary kabul etmek üçin**

**YKRARNAMA № ________**

Biz, aşakdaky gol çekenler, ________________________

________________________________________

muzeýiň ylmy işgäri ____________ üsti bilen muzeýiň zat satyn alyş iş toparynyň mejlisinde seretdirmek üçin şu aşakdaky zatlary tabşyrdyk.

| № | Ady we suratlandyrylyşy | Sany | Abatlygy | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

*2-nji goşundy*

## ÝYGYNDYLARYŇ ÝAZGYSY

Ykrarnama № ____________________
kabul ediş kitabynyň № __________________
____________________________________
ýazylan wagty ______________________
ýazgy düzülen wagty _________________

Sahabynda: ýygyndylaryň doly ady _________________
____________________________________________

Ýygyndylarda esbaplaryň sany ______________________

Ýygyndylaryň bahasy ____________________________

Ýygyndylaryň tapylan ýa-da berlen wagty we ýeri, ony tapan, beren adamyň ady ______________________________
____________________________________________
____________________________________________

Tapylan esbaplar haýsy ýygynda girizildi _____________
____________________________________________

Ýazgy ______________________________________

| № | Esbabyň ady we beýany | Çig maly we ýasalyş usuly | Ölçegi, agramy | Abatlygy | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

*3-nji goşundy*

*Muzeýiň ady*

**«TASSYKLAÝARYN»**

Muzeýiň direktory ______________

____________________________

«___» _______________ 20___ ý.

*(muzeýiň möhüri)*

**Hemişelik (wagtlaýyn) saklanyşa alnan esbaplaryň**

**YKRARNAMASY №**

**«___» _______________20___ ý.**

Şu ykrarnama muzeý işgäri _______________________

__________________________________________________

*(ady, atasynyň ady, familiýasy)*

(bir tarapdan) we beýleki edaradan gatnaşýan adam ________ (ikinji tarapdan) düzülip, birinji tarap kabul edýär, ikinji tarap hemişelik (wagtlaýyn) saklanyşa şu aşakdaky esbaplary tabşyrýar:

| № | Ady we gysgaça beýany. Çig maly, ýasalyş usuly, ölçegi | Hasap belgisi | Abatlygy | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

Ykrarnama boýunça kabul edilen ______________ esbap.

*(san bilen we ýazmaça)*

Esasnama: (gazna zat satyn alyş topar)

Ykrarnama ________________ nusgada düzüldi we gol çeken adamlara berildi.

Kabul etdi:
Tabşyrdy:
Gatnaşdylar:

*4-nji goşundy*

*Muzeýiň ady*

**«TASSYKLAÝARYN»**

Muzeýiň direktory ______________

______________

«___» ______________ 20___ ý.

*(muzeýiň möhüri)*

## Hemişelik (wagtlaýyn) saklanyşa alnan esbaplaryň

## YKRARNAMASY №

**«___» ______________20___ ý.**

Şu ykrarnama muzeýiň baş gaznaçysy (gazna müdiri)

______________________________

*(ady, atasynyň ady, familiýasy)*

Gazna saklaýjy ______________________________

______________________________

*(ady, atasynyň ady, familiýasy)*

№ _________ şahadatnamaly «___» _______ 20 ___ ý. we «___» _______ 20_____ ý. № ________ kepil hatly, «___» __________ 20_____ ý. № ______ rugsatnamaly we muzeýiň direktorynyň ______________________ tabşyrygy boýunça birinji tarap tabşyrdy, ikinji tarap bolsa aşakdaky esbaplary kabul edip aldy.

| № | Ady we gysgaça beýany. Çig maly, ýasalyş usuly, ölçegi | Hasap belgisi | Abatlygy | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

Ykrarnama boýunça jemi tabşyrylan __________ esbap.

*(san bilen we ýazmaça)*

Ykrarnama __________ nusgada düzüldi we gol çeken adamlara berildi.

Kabul etdi:

Tabşyrdy:

Gatnaşdylar:

*5-nji goşundy*

## Resminamalaryň bellik edilýän

## KITAPÇASY

| Kabul edilen wagty | Ykrarnamanyň № ýa-da kwitansiýanyň № | Kimden gelen | Esbaplaryň sany | F.Z. barlag toparynyň beýanynyň № | Esasy gazna giren esbaplaryň № (KEK №) | bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

*6-njy goşundy*

*Muzeýiň ady*

**«TASSYKLAÝARYN»**

Muzeýiň direktory ______________

____________________________

«___» _______________ 20____ ý.

*(muzeýiň möhüri)*

## Esbaplary öz jogapkärçiligiňe almak barada

## YKRARNAMA №

**«___» _______________20____ ý.**

Şu ykrarnama __________________________________

*(esbabyň tabşyrylan ýeri, bölümi)*

_____________________________________________

*(wezipesi, ady, atasynyň ady, familiýasy)*

we ___________________________________________

*(esbap nirä tabşyrylýar, wezipesi,ady, atasynyň ady, familiýasy)*

tarapyndan düzülip, birinji tarap tabşyrdy, ikinji tarap _____ esasda __________________________________________

*(tabşyrmagyň maksady)*

maddy jogapkärçiligine şu aşakdaky esbaplary kabul edip aldy:

| № | Ady we gysgaça beýany. Çig maly, ýasalyş usuly, ölçegi | Hasap belgisi | Abatlygy | Bellik |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

Ykrarnama boýunça jemi kabul edilen _________ esbap.

*(san bilen we ýazmaça)*

Kabul etdi:
Tabşyrdy:
Gatnaşdylar:

*7-nji goşundy*

*Muzeýiň ady*
Muzeýiň baş gaznaçysy ______________
________________________________
«______» _________________ 20____ ý.

**Muzeýiň içindäki tabşyryş**

**YKRARNAMASY №**

**«____» _______________20____ ý.**

Şu ykrarnama gaznaçy ___________________________
______________________________________________
*(gazna, ekspozisiýa, familiýasy, ady, atasynyň ady)*
gaznaçy _______________________________________
tarapyndan düzülip, birinji tarap tabşyrdy, ikinji tarap maddy jogapkärçiligine aşakdaky esbaplary kabul edip aldy:

| KEK № Öwsele № (KEK № bolmadyk halatynda) | Ady we gysgaça beýany | Çig maly, ýasalyş usuly | Ölçegi, agramy – gymmatbaha metallar üçin | abatlygy | bellik |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

Tabşyrmagyň maksady: __________________________
Tabşyrmagyň esasnamasy: _______________________
Tabşyrdy: _____________________________________
Maddy jogäpkärçiligine kabul edip aldy: ____________
Gatnaşdylar: __________________________________
______________________________________________

*8-nji «a» goşundy*

**Hemişelik saklanyşa alnan ykrarnamalary hasaba almak baradaky**

**KITAP**

| Ýazylan wagty | Ykrarnamalaryň № | Esbaplaryň gysgaça häsiýetnamasy | sany | çeşmesi | Bellik, tabşyranyň we kabul edeniň gollary |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

*8-nji «b» goşundy*

**Wagtlaýyn saklanyşa alnan ykrarnamalary hasaba almak baradaky**

**KITAP**

| Ýazylan wagty | Ykrarnamalaryň № | Esbaplaryň gysgaça häsiýetnamasy | sany | Ulanylmaly wagty | Gaýtaryp bermek barada bellik | Bellik, tabşyranyň we kabul edeniň gollary |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

*8-nji «ç» goşundy*

**Hemişelik saklanyşa alnan ykrarnamalary tabşyrmak baradaky**

**KITAP**

| Ýazylan wagty | Ykrarnamalaryň № | Esbaplaryň gysgaça häsiýetnamasy | Sany | Tabşyrmagyň sebäbi | Bellik, tabşyranyň we kabul edeniň gollary |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |

*8-nji «d» goşundy*

**Wagtlaýyn saklanyşa alnan ykrarnamalary tabşyrmak baradaky**

**KITAP**

| Ýazylan wagty | Ykrarnamalaryň № | Esbaplaryň gysgaça häsiýetnamasy | Sany | Tabşyrmagyň wagty | Gaýtaryp bermek barada bellik | Bellik, tabşyranyň we kabul edeniň gollary |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |

*9-njy goşundy*

**Hemişelik saklanyşa alnan muzeý esbaplarynyň (esasy gazna)**

**KABUL EDIŞ KITABY**

***(şekillendiriş muzeýlerden başgalar üçin)***

| № | Ýazylan wagty | Esbaplaryň gelen wagty, çeşmesi, usuly, ýany bilen iberilen resminamalar, ykrarnamanyň № | Esbabyň ady we gysgaça beýany (awtory, wagty, ýeri, ýazgylary, gollary we başgalar) | Esbaplaryň sany | Çig maly, ýasalyş usuly | Ölçegi, agramy – gymmatbaha-daşlar we metallar üçin | Abatlygy | Satyn alnan bahasy, satyn alyş iş toparynyň ykrar-namasy | Haýsy ýygynda ýa-da bölüme geldi | Ylmy öwseläniň № | Bellik. Esbabyň ýerleşýän ýeri (galam bilen ýazmaly) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| | | | | | | | | | | | |

*10-njy goşundy*

# Wagtlaýyn ulanmaga alnan zatlaryň

## KITABY

| № | Ýazylan wagty | Esbabyň ady we gysgaça beýany (çig maly, ýasalyş usuly, ölçegi, abatlygy) | Sany | Nireden we haýsy niýet bilen alnan Ykrarnamanyň № we senesi | Yzyna gaýtaryp bermeli wagty | Esbabyň tabşyrylan ýeri we kabul eden adamyň goly | Esbaby gaýtaryp bermek baradaky bellik | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |

*11-nji goşundy*

## Ylmy-kömekçi esbaplary hasaba alýan

## KITAP

| № | Ýazylan wagty | Esbaplaryň ady we gysgaça beýany | Esbaplaryň sany | Getirilen ýeri (resminama boýunça) | Tabşyranyň goly we tabşyran ýeri | Bahasy (esbap satyn alnan bolsa) | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

*12-nji goşundy*

**ÖWSELE KITABY**

***(şekillendiriş muzeýden başgalar üçin)***

| Şifri, № | Ýazgyny geçirýän adamyň ady, familiýasy, atasynyň ady, ýazgynyň senesi | Kabul ediş kitabynyň № | Esbabyň giňeldilen ýazgysy, ady, gollary, senesi we ş.m. | Esbabyň gelip çykyşy (döredilen ýeri), taryhy we çap edilen ýeri | Esbabyň ýasalyş usuly we çig maly | Ölçegi we agramy (gymmatbaha daşlar we metallar üçin) | Abatlygy | Gelşiniň usuly we çeşmesi, resminamasy, bahasy | Fotonegatiwleriň № | Esbaplaryň muzeýiň hasapdan öçürilen köne öwsele kitaplaryndan alnan № we şifri | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 | 11 | 12 |
| | | | | | | | | | | | |

*13-nji goşundy*

## Öwsele kitaplaryň sanawy
## _____ ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne çenli ýagdaýy

| № | Kitabyň ady, onuň şifri we belgisi | Haýsy öwsele belgiden haýsa çenli kitaba girýär | Kitabyň başlanýan we gutarýan senesi | Aýrylan öwsele sanawy | Aýrylan belgileriň sany | Hereket edýän belgileriň sany, şol sanda esbaplaryň sany | Bellik |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |

*14-nji goşundy*

# GÖZDEN GEÇIRMELERIŇ ÝAZGYSY

Esbaplaryň abatlygy

Öwsele № ____

Bölüm ________________________________

Döwri, mekdebi, awtor __________________________

Esbabyň ady ______________________________

Ölçegi __________ agramy, mähegi ______________

Çig maly ___________ ýasalyş usuly _____________

Çarçuwa montaž etmek __________________________

| Ýyly, aýy, güni | Esbabyň duran (saklanýan) ýeri (diwar, witrina, stend, papka) | Ýyly, aýy, güni | Esbabyň abatlygyny görmek, onuň dikeldilişi |
|---|---|---|---|
| | | | |

Baş gaznaçy: _______________

Dikeldiji: _______________

Bölüm müdiri: _______________

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ỳygyndysy. Aşgabat, 2007.
5. «Türkmenistanyň taryh we medeniýet ýadygärliklerini goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.//Türkmenistan, 1992, 6-njy maý.
6. «Muzeýler we muzeý işi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.//Türkmenistan, 1997, 20-nji ýanwar.
7. «Gozgalýan medeni gymmatlyklary goramak, äkitmek we getirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanuny.//Türkmenistan, 1998, 15-nji oktýabr.
8. «Muzeý gymmatlyklaryny satyn almak barada» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary.//Türkmenistan, 2010, 25-nji fewral.
9. «Medeniýet hakynda» Türkmenistanyň Kanuny// Türkmenistan, 2010, 18-nji mart.
10. «Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky edaralaryň işini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary//Türkmenistan, 2013 ý., 26-njy aprel.
11. Türkmenistanyň muzeýleri. Aşgabat, 2009.

14. Sargyt № 1023.

12. «Türkmenistan: Altyn asyryň muzeýleri». Halkara ylmy-amaly maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany. Aşgabat, 2007.
13. Milli Galkynyş we muzeýler.(Dokladlaryň gysgaça mazmuny). Aşgabat, 1994.
14. Jemgyýetçilik başlangyjy esasynda işleýän muzeýlerde muzeýiň fonduny hasaba almak we saklamak baradaky instruksiýa. Aşgabat, 1992.
15. *Ханмурадов Г. Н*. Охрана памятников истории и культуры в Туркменистане. Учебное пособие. Ашгабат, 1991.
16. Музееведение. Музеи исторического профиля. Учебное издание. Под ред. проф. К. Г. Левыкина и проф. В. Хербста. М., 1988.
17. Музееведение: учеб. пособие для студентов специальности «музеология». Под ред. доц. Н. В. Мягтиной. Владимир, 2010.
18. *Юхневич М. Ю*. Я поведу тебя в музей. Учебное пособие по музейной педагогике. Москва, 2001.
19. *Сапанжа О. С*. Технология и методология в современном музееведении: к вопросу о методе науки. http://www.lib.herzen.spb.ru/text/sapanzha_117_335_340.pdf
20. *Ремнёва М. Л., Чернец Л. В., Маркина Л. А., Архангельская А.В., Семёнов В.Б. и др*. Музееведение. http://www.philol.msu.ru/
21. Российская музейная энциклопедия. Музееведение как научная дисциплина. http://www.museum.ru
22. *Тимофеева Л. С*. Словарь по музейной педагогике. http://www.twirpx.com

## Gazet-žurnallarda çap edilen makalalar

1. *Artykowa G. D.* Ülkäni öwreniş muzeýine 90 ýyl doldy.//Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1989, №1 (25–26-njy sah.)
2. *Ataýewa G.* Ülkäni öwreniş muzeýiniň sowet häkimiýetiniň ýyllaryndaky işiniň taryhyndan//Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1979, №2 (4–6-njy sah.)
3. *Ýazowa G.* Muzeýler-milletiň taryhy.//Türkmenistan, 2010, 27-nji ýanwar.
4. Hazynalar ummanynda (Ýurdumyzyň muzeýleri barada söhbet).//Edebiýat we sungat, 2008, 14-nji mart.
5. *Ýagmyrow M.* «Ak bugdaý» muzeýinde milli mukaddesligimiz öz beýanyny tapýar//Edebiýat we sungat, 2008, 18-nji iýul.
6. Türkmenistanyň Milli muzeýine – 10 ýyl. (Milli muzeý barada)//Türkmenistan, 2008, 13-nji noýabr.
7. *Omarowa Aýjemal.* Halydaky halatlar (Haly muzeýiň halylary barada)//Türkmenistan, 2008, 11-nji sentýabr.
8. *Iljanowa B.* Milli gymmatlyklaryň dünýäsine syýahat. Garaşsyz diýaryň muzeýlerinde.//Türkmenistan, 2005, 2-nji sentýabr.
9. *Mämmetnurow Ö.* Abiwerddäki tapyndylar. Milli muzeý taryhyň syryny açýar.//Mugallymlar gazeti, 2003, 25-nji sentýabr.
10. *Apbaýew H.* Gadymy Marguşyň ýadygärlikleriniň sergisi//Beýik Türkmenbaşy nesli , 2003, 11-nji fewral.
11. Gadymy türkmen ussatlarynyň eserleri – paýtagtymyzyň şekillendiriş sungaty muzeýiniň täze eksponatlary//Mugallymlar gazeti, 2005, 3-nji iýun.

12. *Mürriýew S.* Altyn asyrymyzyň aýnasy. 18 maý – Halkara muzeýleriň günüdir//Türkmenistan, 2000, 17-nji maý.
13. *Saparowa O.* Bagtyýar durmuşyň milli öwüşgini//Türkmenistan, 2010, 30-njy iýun.
14. *Gurbanowa G.* Ruhy gymmatlyklara zyýarat. (Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýi hakda).//Türkmenistan, 2009, 10-njy iýul.
15. *Abdyýewa E.* Новым музеям – новые экспозиции и коллекции.//Нейтральный Туркменистан, 2009, 6 февраля.
16. *Назаров Т.* История – в эспозициях музея.//Нейтральный Туркменистан, 2009, 19 марта.
17. В Ашхабаде прошла Международная научная конференция «Туркменистан: музей Золотого века».//Возрождение, 2007, № 11.
18. Вопросы совершенствования музейного дела – в центре внимания национальной конференции.//Конференция «Музей – отражение политики национального возрождения»//Нейтральный Туркменистан, 1999, 18 декабря.
19. Первый музей в Туркменистане//Музей краеведения. Нейтральный Туркменистан, 1998, 29 сентября.
20. *Мусиенко Е.* Предания старины глубокой//Музей этнографии Туркменистана//Нейтральный Туркменистан, 1997, 26 марта.

# MAZMUNY

Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7

**I BAP. MUZEÝIŇ JEMGYÝETÇILIK-MEDENI INSTITUT HÖKMÜNDE DÖREÝŞI WE ÖSÜŞI**

1. Gadymy Gresiýada protomuzeý ýygyndylary . . . . . . . . . . . . . . . . 10
2. Ellinizm döwründe protomuzeý ýygyndylary . . . . . . . . . . . . . . . . 13
3. Gadymy Rimde hususy we jemgyýetçilik ýygyndylar . . . . . . . . . . 14
4. Orta asyrlarda ýygyndylaryň toplanylyşy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
5. Dünýäniň muzeýleriniň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
6. Muzeý işinde halkara hyzmatdaşlyk. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30

**II BAP. TÜRKMENISTANDA MUZEÝ IŞINIŇ ÖSÜŞI**

1. XIX asyryň ahyrynda – XX asyrda muzeý işiniň taryhy. . . . . . . . 33
2. Muzeý işi Garaşsyzlyk ýyllarynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39

**III BAP. MUZEÝI ÖWRENIŞ YLMY DERS HÖKMÜNDE**

1. Muzeýi öwreniş adalgasy barada düşünje . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 48
2. Muzeýi öwreniş dersiniň obýekti we predmeti . . . . . . . . . . . . . . . 49
3. Muzeýi öwreniş dersiniň esasy düşünjeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
4. Muzeýi öwrenişiň derňew usullary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
5. Muzeýi öwrenişiň gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 56
6. Muzeý işi häzirki zaman ylymlar ulgamynda. . . . . . . . . . . . . . . . . 62

**IV BAP. MUZEÝ IŞI BABATYNDA TÜRKMENISTANYŇ KANUNÇYLYGY** . . . . . 64

**V BAP. TARYHY MUZEÝLER WE OLARYŇ JEMGYÝETÇILIK WEZIPELERI**

1. Taryhy muzeýler . . . . . 76
2. Muzeýleriň esasy jemgyýetçilik wezipeleri . . . . . 78
3. Muzeý ulgamy we muzeýleriň toparlara bölünişi . . . . . 80

**VI BAP. TARYHY MUZEÝLERIŇ YLMY-BARLAG IŞLERI**

1. Muzeýler ylmy-barlag merkezleri hökmünde . . . . . 89
2. Taryhy muzeýlerde umumytaryhy barlaglar . . . . . 90
3. Taryhy muzeýlerde muzeýi öwreniş barlaglary . . . . . 94
4. Ylmy-barlag işleriniň meýilleşdirilişi we guralyşy . . . . . 97

**VII BAP. MUZEÝ GAZNASY. GAZNA IŞLERINIŇ ESASY UGURLARY**

1. Muzeý gaznasy barada düşünje . . . . . 99
2. Muzeý gaznalarynyň ylmy taýdan guralyşy . . . . . 106
3. Gazna işleriniň esasy ugurlary . . . . . 111
4. Muzeý esbaplaryny öwrenmegiň usulyýeti . . . . . 114

**VIII BAP. MUZEÝ GAZNALARYNY TOPLAMAK**

1. Muzeý gaznalaryny toplamagyň ähmiýeti we ylmy wezipeleri . 120
2. Gaznalary toplamak boýunça işleriň guralyşy . . . . . 122

**IX BAP. MUZEÝ GAZNALARYNY HASABA ALMAK**

1. Muzeý gaznalaryny hasaba almagyň we gazna resminamalarynyň ulgamyny döretmegiň meseleleri . . . . . 127
2. Hasaba alyş resminamalary . . . . . 130
3. Muzeý kataloglary . . . . . 135

## X BAP. MUZEÝ GAZNASYNYŇ SAKLANYLYŞY

1. Muzeý gaznasynyň saklanylyşy barada düşünje . . . . . . . . . . . . . 138
2. Gaznanyň saklanyş düzgünleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 140
3. Muzeý esbaplarynyň konserwasiýa we restawrasiýa meseleleri . . 150
4. Muzeý gaznalarynyň saklanyş ulgamy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151

## XI BAP. MUZEÝ EKSPOZISIÝASY

1. Esasy düşünjeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 154
2. Taryhy muzeýleriň ekspozisiýasynyň tematiki gurluşy . . . . . . . 157
3 Ekspozision materiallar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 158
4. Ekspozisiýanyň ylmy taýdan gurnalyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 164

## XII BAP. MUZEÝDE GEÇIRILÝÄN BILIM-TERBIÝEÇILIK IŞLERI

1. Muzeý pedagogikasy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 167
2. Muzeýleriň alyp barýan bilim-terbiýeçilik işleriniň görnüşleri . . . 170

## XIII BAP. MEKDEP MUZEÝLERI

1. Mekdep muzeýini döretmek boýunça işler . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
2. Mekdep muzeýinde geçirilýän okuw-terbiýeçilik işleri . . . . . . . 181

Muzeý adalgalarynyň sözlügi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 185

Goşundylar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 194

Peýdalanylan edebiýatlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 209

Maýa Beknazarowa

# MUZEÝ IŞI

*Ýokary okuw mekdepleri*
*üçin okuw kitaby*

Redaktor *G. Täşliýewa*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*

Çap etmäge rugsat edildi 16.09.2013. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Şertli çap listi 15,5. Çap listi 15,5. Hasap-neşir listi 13,05.
Şertli reňkli ottiski 32,75. Sargyt № 1023. Sany 500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.